TÜRKMENISTAN

DURNUKLY ÖSÜŞ BABATYNDA MAKSATLAR

# Türkmenistanyň Meýletin Milli Syny

## Adamlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek hem-de ählumumy gurşap alşy we deňligi üpjün etmek



# DURNUKLY ÖSÜŞ BABATYNDA MAKSATLAR




Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

# MAZMUNY

Giriş beýannamasy ........ 5

Esasy garaýyşlar ........ 6

Giriş ........ 8

DÖM Türkmenistanyň milli syýasatynda ........ 10

Meýletin milli syny taýýarlamagyň usulyýeti ........ 14

3-nji maksat. Sagdyn durmuş we abadançylyk ........ 16

4-nji maksat. Ýokary hilli bilim ........ 26

8-nji maksat. Mynasyp işleri üpjün etmek we ykdysady ösüş ........ 36

10-njy maksat. Deňsizligiň azaldylmagy ........ 46

13-nji maksat. Howanyň üýtgemegine garşy göreş ........ 54

16-njy maksat. Parahatçylyk, adalatlylyk we netijeli edaralar ........ 60

17-nji maksat. Durnukly ösüşiň bähbidine hyzmatdaşlyk ........ 66

Netije ........ 71

Statistiki goşundy ........ 72

# GIRIŞ BEÝANNAMASY

2015-nji ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) agza döwletleriniň ählisi tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlary (DÖM) global derejede 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş babatda Gün tertibiniň esasyny düzýär. Durnukly ösüşiň bellenen 17 maksady garyplygy ýok etmäge, ýer ýüzündäki serişdeleri saklap galmaga hem-de hemmeler üçin deňligi we abadançylygy üpjün etmäge gönükdirilendir. Durnukly ösüş babatynda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi ýakyn ýyllarda ýerine ýetirilmeli ägirt uly wezipeleri öňe sürýär.

DÖM-iň özeninde BMG-niň agza döwletleriň ählisiniň dünýäde bar bolan deňsizlige garşy göreş we **hiç bir ýurtda hiç bir adamyň ýatdan çykarylmazlygy** baradaky meýilliligi ýatýar.

Durnukly ösüşiň meseleleri dünýäniň ähli ýurtlary we sebitleri, şol sanda Türkmenistan üçin hem aýratyn derwaýys bolup durýar. Türkmenistanyň Hökümeti özüniň DÖM-ini durmuşa ornaşdyrmaga çemeleşmelerinde bu işde döwletiň hususy bölek, hökümete degişli däl guramalar we raýat jemgyýeti bilen bilelikdäki tagallalarynyň zerurdygy baradaky takyk düşünjeden ugur alýar. Türkmenistan özüniň DÖM-ini üstünlikli durmuşa ornaşdyrmaga işjeň çemeleşmelerini diňe bir milli derejede däl, eýsem Merkezi Aziýa ýurtlarynda bar bolan meseleleri hem çözmäge gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmek arkaly sebit derejesinde hem görkezmäge çalyşýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan, sebitiň häzirki zaman global işlere üstünlikli goşulyşmagyna, onuň halkara hyzmatdaşlygynyň pugta we durnukly bölegi hökmünde täzeden galkynmagyna zerur şertleri döretmegi özüne maksat edip goýýar. Hakykatdan hem, bu maksat sebitde parahatçylygyň, asudalygyň we howpsuzlygyň üpjün edilen şertlerinde amala aşyrylyp bilner, bu bolsa her bir ýurduň ösüşine, öňe gidişine we abadançylygyna ýardam etmäge mümkinçilik berer. Häzirki wagtda Türkmenistanyň esasy tagallalary BMG-niň wekilçiliginde halkara bileleşigini goşulyşmaga çagyrmak bilen, ýurduň durmuşa geçirýän ähli taslamalary we başlangyçlary şol wezipelerde jemlenendir. BMG-niň ýokary abraýyny we onuň halkara howpsuzlygynyň esasy kepillendirijisi hökmündäki öňdebaryjy ornuny ykrar etmek bilen, Türkmenistan ýurduň barlyşdyryjy we döredijilikli mümkinçiliklerini DÖM-ini gazanmaga gönükdirmäge taýýardygyny mälim edýär.

Türkmenistanyň Hökümeti ýurduň durnukly ösüş babatynda Gün tertibini amala aşyrmaga bolan meýilliliginiň milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak ýoly bilen döwletiň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugruny düýpli üýtgetmäge mümkinçilik berjekdigine ynanýar. Bu bolsa, bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini üstünlikli peýdalanmagyň, adam maýasyny artdyrmagyň hem-de ýurduň bar bolan baý tebigy mümkinçiliklerini netijeli dolandyrmak we peýdalanmak arkaly ösüşiň durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna amala aşyrylyp bilner.

# ESASY GARAÝYŞLAR

Durnukly ösüş babatynda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi häzirki zaman wehimleriň çözgütlerini gözlemekde halkara tagallalarynyň netijesi bolup durýar. Türkmenistan halkara bileleşiginiň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, durnukly ösüşi gazanmagyň maksatlaryny işläp taýýarlamaga gatnaşdy we durnukly ösüşiň ähli 17 sany maksadyny resmi taýdan kabul eden hem-de olary özüniň milli meýilnamalaryna we durmuş-ykdysady ösüşiniň strategiýalaryna uýgunlaşdyran ilkinji döwletleriň biri boldy.

Birinji Meýletin milli syny (MMS) taýýarlamaga biz diňe bir geljekki işleriň we synyň möhüm bölegi hökmünde garaman, eýsem ýurtda durnukly ösüşi gazanmak üçin milli syýasaty güýçlendirmek mümkinçiligi hökmünde hem seredýäris. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi ýurduň baş strategiýasy bolmak bilen, ol milli syýasatlaryň durmuş ulgamyna gönükdirilmegini çuňlaşdyrmaga, şeýle hem üç jähtden: durmuş, ykdysady we ekologiýa babatynda ýurduň deňeçer ösmegini gazanmaga mümkinçilik berer. Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlarynyň bölünmezligini nazara almak bilen, olary amala aşyrmaga toplumlaýyn çemeleşýär, bu Meýletin milli synda hem beýan edilýär.

DÖM-iň kabul edilen pursatyndan bäri Türkmenistana durmuş syýasatynda düýpli netijeleri gazanmak, bazar özgertmelerini çuňlaşdyrmak, şeýle hem howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň täsirini gowşatmak boýunça çäreleri amala aşyrmak başartdy. Ýurtda ilaty elýeter we ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlary hem-de bilim bilen üpjün etmek boýunça oňyn görkezijiler saklanyp galýar; saglygy goraýyş we bilim ulgamlaryny kämilleşdirmek boýunça çäreler dowam etdirilýär. Ýurt bazar gatnaşyklaryny ösdürmegiň ýoluna düşdi, bu ykdysady ösüşiň durmuşa gönükdirilen ugruny dowam etdirmek we ykdysadyýetiň pudaklarynda ekologiýa ugruny güýçlendirmek, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we howanyň üýtgemegine netijeli uýgunlaşmak bilen bilelikde amala aşyrylýar. Şunuň bilen birlikde, milli özgertmeleriň ähli ugurlary gurşap almagyna, şeýle hem ýurduň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda zenanlara deň mümkinçilikleri we olaryň bu işlere hemmetaraplaýyn gatnaşmagyny üpjün etmäge aýratyn üns berilýär.

Bu ösüşlere gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, okuw we ylmy edaralarynyň ýolbaşçylarynyň orunbasarlaryndan ybarat düzümde Iş topary döredildi. Bu topar DÖM-i durmuşa ornaşdyrmak we oňa gözegçilik etmek, şeýle hem olary ýurdy ösdürmegiň milli, pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalaryna mundan beýläk hem goşmak meseleleri bilen meşgullanýar. Syny taýýarlamak işi gyzyklanýan taraplaryň ählisiniň gatnaşmagynda, «hiç kimi yzda goýmaly däl» ýörelgesine eýermek bilen alnyp baryldy we beýlekiler bilen bir hatarda jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýat jemgyýetiniň, hususy bölegiň hem-de ýaşlaryň garaýşyny beýan edýär, şeýle hem Türkmenistan bilen BMG-niň ulgamynyň arasyndaky peýdaly özara hereketleriň netijesi bolup çykyş edýär.

Şu Synyň taýýarlanylmagy Türkmenistanda amala aşyrylýan çärelere täzeçe garamaga, şeýle hem DÖM-i durmuşa ornaşdyrmakda geljekki ädimleri kesgitlemäge mümkinçilik berdi:

- Alnan esasy netijeler ýurduň statistiki mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň dowam etdirilmeginiň zerurdygyny görkezdi. Türkmenistan DÖM-iniň görkezijileriniň milli ulgamyny emele getirmek, hemmetaraplaýyn, ygtybarly we birleşdirilmedik maglumatlary toplamak, şeýle hem DÖM-iň maglumatlar binýadyny döretmek boýunça işleri dowam etdirer. Bu bolsa ýurduň degişli strategiýalaryny durmuşa geçirmek we olara gözegçilik etmek, şeýle hem DÖM-i durmuşa ornaşdyrmakda gazanylýan ösüşlere syn bermek üçin başlangyç görkezijileri bellemek işiniň tamamlanmagyny üpjün eder. Bu ugurda BMG-niň agentlikleri we halkara guramalary bilen alnyp barylýan işler dowam etdiriler diýip umyt edýäris hem-de olaryň bu işde hemmetaraplaýyn ýardam berjekdiklerine bil baglaýarys.

- Ösüşi maliýeleşdirmegi üpjün etmek meselesi 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmakda möhüm bölek bolup durýar. Türkmenistan döwlet maliýesi ulgamyny kämilleşdirýär, şol sanda bu işler içerki serişdeleri jemlemek maksady bilen, fiskal düzgünleşdirmek arkaly alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde içerki serişdeleriň möçberiniň üstüniň halkara kömegi bilen ýetirilmegi möhüm bolup durýar. Durnukly ösüşi maliýeleşdirmegiň meselelerini çözmäge ygrarly bolmak bilen, biz BMG-niň ulgamynyň, Brettonwud edaralarynyň we halkara ösüş banklarynyň gatnaşmagynda hyzmatdaşlygy ilerletmegi, şeýle hem girdejileriniň ortaça derejesi bolan ýurtlar üçin ýeňillikli we innowasion maliýeleşdirmegiň elýeterli bolmagyny möhüm hasap edýäris. Biz bu möhüm işde halkara bileleşigi ýardam berer diýip umyt edýäris.

- Türkmenistan adam hukuklaryny we onuň mertebesini goramagyň, ýaragsyzlanmagyň we ýaraglaryň ýaýradylmazlygynyň, özara hereket etmegiň sebitleýin çäklerini ösdürmek, şeýle hem global wehimleri çözmekde özara hereketleri utgaşdyrmak arkaly global we sebitleýin hyzmatdaşlygy ilerletmegiň hasabyna parahatçylyk söýüji jemgyýetleri gurmak baradaky pikirleriň durnukly tarapdary bolmagynda galýar. Mundan başga-da, Merkezi Aziýada suw we ekologiýa meselelerini çözmek maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň Aral deňziniň basseýni üçin Ýörite Maksatnamasyny işläp taýýarlamak boýunça işleri dowam etdirer.

Türkmenistanyň ählumumy gün tertibiniň esasy meselelerini çözmek boýunça tagallalary birleşdirmäge gönükdirilen başlangyçlary ýurduň bir özi tarapyndan durmuşa geçirilip bilinmez, olar halkara bileleşiginiň işjeň gatnaşmagyny, şeýle hem halkara guramalary we köp taraply banklar tarapyndan tehniki we maýa goýum goldawynyň berilmegini talap edýär.

# GIRIŞ

2015-nji ýyl Müňýyllygyň ösüş maksatlaryny amala aşyrmagyň tamamlanan we halkara hyzmatdaşlygynda täze döwrüň başlanan – 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň we Durnukly Ösüş Maksatlarynyň kabul edilen ýyly boldy. Hakykatdan hem, 15 ýyl mundan ozal Müňýyllygyň jarnamasynda emele getirilen Ösüş maksatlary 2015-nji ýyldan soň durnukly ösüşi gazanmak üçin halkara derejesinde özara hereketiň täze mehanizmini döretmek üçin berk esas bolup hyzmat etdi.

Üç bölekde, ýagny ekologiýa, durmuş we ykdysady ugurlarda durnukly ösüşi gazanmak üçin deňeçer we toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyna ynanmak bilen, Türkmenistan 2030-njy ýyla[1] çenli döwür üçin durnukly ösüş babatynda Gün tertibini işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşdy we DÖM-i milli meýilnamalara we durmuş-ykdysady ösüş maksatnamalaryna uýgunlaşdyran ilkinji ýurtlaryň biri boldy.

Türkmenistanda DÖM-iň durmuşa ornaşdyrylmagy ýurduň syýasatynyň durmuşa gönükdirilen ugruny goldaýar hem-de ilatyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we iýmitlenişini gowulandyrmak, hemme ýerde sagdyn durmuşy ornaşdyrmak, ähli aýallar we gyzlar üçin hukuklary we mümkinçilikleri kepillendirmek arkaly doly gender deňligini üpjün etmek, hemme zady öz içine alýan, adalatly we ýokary hilli bilim almak üçin şertleri döretmek ýaly meselelere aýratyn üns berilmegine getirýär.

Şunuň bilen birlikde, ykdysady ösüşi üpjün etmezden durmuş abadançylygyny gazanmak mümkin bolmaýar. Ýeterlik derejede ösen önümçilik, infrastruktura we adam mümkinçiliklerine eýe bolmak bilen, Türkmenistan garaşsyzlyk ýyllarynda düýpli ykdysady ösüşi gazanmagy başardy, bu bolsa ýurduň döwlet syýasatyny durmuş abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirmäge mümkinçilik berdi. Şu günki günde ýurt bazar özgertmeleriniň ýoluna düşdi, bu bolsa ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagy, orta we kiçi telekeçiligi ösdürmegi, şeýle hem halkara söwdasyny ilerletmek we dünýä bazarlaryna çykmak maksatlarynda ulag-üstaşyr kuwwaty ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Ykdysady ösüş ekologiýa durnuklylygyna we abadançylygyna zyýan getirmeli däldir. Şunuň bilen baglylykda, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we howanyň üýtgemegi meselesini çözmek has derwaýys ähmiýete eýe bolýar. Türkmenistanda howanyň täsirine uýgunlaşmak we bu täsiri gowşatmak boýunça çäreler geçirilýär, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we tebigy baýlyklary artdyrmak, senagat önümçiligine ekologiýa standartlaryny ornaşdyrmak boýunça syýasat ileri tutulýar.

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmakda oňyn öňegidişligi gazanmakda gyzyklanýan taraplaryň DÖM-ini durmuşa geçirmäge ýurt derejesinde gatnaşmaklaryny talap eder. Global derejede hyzmatdaşlyk hem zerur bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan halkara işlerine jogapkär gatnaşyjy bolup çykyş etdi hem-de öz üstüne alan halkara borçnamalaryny yzygiderli ýerine ýetirdi. Häzirki wagtda ýurtda gyzyklanýan taraplary DÖM-i amala aşyrmak işine çekmegiň mehanizmi işlenip taýýarlandy, ol döwlet bilen beýleki gyzyklanýan taraplaryň arasynda özara hereket

[1] Biziň isleýän dünýämiz. 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüşiň global maksatnamasynyň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemek boýunça Türkmenistanda milli geňeşmeler, 2013-nji ýylyň maýy., https://www.undp.org/content/dam/turkmenistan/docs/Library/Endorsed_National_Post_2015_Consultations_Report_TKM_ru.pdf

üçin platformadan ybaratdyr. Durnukly ösüş baradaky düşünjäni ýurduň ýaş nesliniň arasynda öňe sürmek üçin DÖM-iň Ýaş ilçileri kesgitlendi.

Häzirki wagtda bütindünýä ýönekeý bolmadyk meýilleriň birnäçesine gabat gelýär: garşylyklaryň emele gelýän zolaklarynyň giňelýändigi we şol bir wagtda ynamyň hem-de özara düşünişmegiň umumy derejesiniň peselýändigi bellenilýär. Bu ýagdaý her bir döwletiň üstüne hemme zady öz içine alýan we uzak möhletli howpsuzlygyň üpjün edilmegi üçin jogapkärçilik ýükleýär. Türkmenistan, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmak bilen, dünýäde uzak möhletli, ählumumy we mäkäm parahatçylygy gazanmak meselelerini yzygiderli öňe sürýär. Muňa mysal hökmünde Araly halas etmegiň Halkara gaznasynda (HEHG) özüniň başlyklygynyň çäklerinde Türkmenistan Aral deňziniň basseýninde ýagdaýy durnuklaşdyrmak we gowulandyrmak maksady bilen, Aral üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamak boýunça başlangyç bilen çykyş etdi. Hyzmatdaş ýurtlarymyz bilen bilelikde biz parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerini öňe sürmegi, şeýle hem parahatçylyk söýüji jemgyýeti döretmek üçin esaslary durmuşa geçirmegi dowam ederis.

Şu Meýletin milli synda biz 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň kabul edilen pursatyndan bäri Türkmenistanyň gazanan üstünliklerini görkezmek isleýäris. Synda biz DÖM-iň 3-nji maksadynda, şeýle hem şu ýyl üçin klaster maksatlarda (DÖM 4, 8, 10, 13, 16 we 17) ünsümizi jemledik. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň bölünmezligine we DÖM-iň maksatlarynyň we wezipeleriniň özara baglanyşygyna aýratyn üns bermek bilen, Synyň her bölümine seredilýän Maksatlaryň wezipeleriniň, Durnukly ösüşiň beýleki maksatlarynyň wezipeleri bilen özara arabaglanyşygyna seljerme goşuldy, Türkmenistanda DÖM-i has-da netijeli durmuşa ornaşdyrmak üçin täsir etmegiň ýokary derejesi bolan gurallar kesgitlenildi.

Şu Syny taýýarlamak döwlete degişli bölegiň keseleýin we dikleýin utgaşdyrylmagyny talap etdi, şeýle hem gyzyklanýan taraplary, şol sanda hususy bölegi, jemgyýetçilik birleşiklerini, akademiki bölegi, ýaşlary we BMG-niň agentliklerini giňden çekmegi göz öňünde tutdy.

Bu Syn ýokary derejedäki Syýasy forumyň çäklerinde birinji ädim bolup durýar, emma 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmakda birinji çäre däldir. 2018-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitaby çapdan çykdy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynda bu kitabyň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Bu kitap ýurtda geçirilen ägirt uly möçberdäki işler bilen tanyşmaga mümkinçilik berýän hakyky ýagdaýlary beýan etmek bilen, baý statistiki maglumatlary, şeýle hem ýurduň şu ugurdaky geljekki meýilnamalaryna esaslandyrmalary öz içine alýar. Kitap Syn taýýarlanylýan mahalynda has çuň seljerme geçirmek üçin başlangyç nokat bolup hyzmat etdi. Biz öz ýolumyzy seredilen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilişinden başlamaga şatdyrys we geljekki ädimlerimiz hem üstünlikli bolar diýip umyt edýäris.

# DÖM TÜRKMENISTANYŇ MILLI SYÝASATYNDA

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi durnukly, öňegidişlikli we hemme zady öz içine alýan ösüşi üpjün etmegi, durmuş taýdan goşulyşmagy we daşky gurşawy goramagy, şeýle hem durnukly we ýaşaýşa ukyply ösüş maksatlarynda hyzmatdaşlygy öňe sürmegi öz wezipesi edip goýýar. Türkmenistanda Gün tertip ýurduň baş strategiýasy hökmünde çykyş edýär, hökümetiň alyp barýan syýasaty şol strategiýany durmuşa geçirmäge gönükdirilendir. Meselem, «Türkmenistany 2011 – 2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen bolup, olarda DÖM-iň yzygiderli amala aşyrylmagy esasy ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde bellenilýär.

Türkmenistanda DÖM-i degişli milli strategik maksatnamalara we meýilnamalara uýgunlaşdyrmak we goşmak boýunça işler 2016-njy ýylda, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan resmi taýdan kabul edilen we milli geňeşmeleriň geçirilen pursatyndan başlandy. Dürli gyzyklanýan taraplary giňden çekmek bilen we BMG-niň agentlikleriniň goldaw bermeginde maksatlaryň her biri boýunça 17 geňeşme geçirildi. Millileşdirmek işi Türkmenistana degişlilikde ulanyp boljak DÖM-i kesgitlemegi, olary milli ösüş meýilnamalaryna goşmaklygy we gözegçilik ulgamynyň döredilmegini göz öňünde tutýardy. DÖM-iň wezipeleriniň we görkezijileriniň ýurdumyza laýyklygyna geçirilen seljermäniň netijesinde 17 sany maksat, 148 sany wezipeden 121 sanysy üýtgedilmän alyndy, 27 sany wezipe milli ileri tutulýan ugurlary hasaba almak bilen kesgitlenildi, şeýle hem 187 sany görkeziji (241 global görkezijiden) kabul edildi[2].

Biraz soňrak, global derejede üýtgemeler bilen bagly, görkezijileriň sanyna gaýtadan seredilip, olar 175 görkezijä ýetirildi. Şunuň bilen birlikde, hökümetiň DÖM-i amala aşyrmaga mundan beýläkki çemeleşmesini kesgitlemek üçin bar bolan milli strategiýalarda we meýilnamalarda DÖM-iň görkezilişiniň derejesine baha bermek geçirildi. Çalt geçirilen toplumlaýyn baha berme kabul edilen 148 wezipeden 124 wezipäniň, ýagny 84 göteriminiň Türkmenistanda alnyp barylýan syýasata laýyk gelýändigini ýa-da şertli laýyk gelýändigini[3] ýüze çykardy.

2019-njy ýylyň fewral aýynda kabul edilen, durmuş-ykdysady ösüş boýunça 2019 – 2025-nji ýyllar üçin Prezident Maksatnamasy ýurtda durnukly ösüşi gazanmak üçin hereketleriň ýedi ýyllyk Meýilnamasyndan ybaratdyr. Maksatnamada göz öňünde tutulan maksatlar we wezipeler Durnukly ösüşiň degişli 17 maksady bilen özara baglanyşdyryldy, degişli wezipeler bolsa milli şertleri hasaba almak bilen takyklanyldy.

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmaga gönükdirilen, 2019 – 2025-nji

[2] Türkmenistanyň DIM-iniň 2016-njy ýylyň 20-nji sentýabryndaky notasy (№ 06-2073)

[3] «Şertli» adalgasynyň peýdalanylmagy milli meýilnamalardaky käbir wezipeleriň kesgitlenişiniň DÖM-iň wezipelerine takyk gabat gelmeýändigini, ýöne düýp manysy boýunça meňzeşligiň bardygyny aňladýar

## DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNYŇ TÜRKMENISTANDA DURMUŞA ORNAŞDYRYLYŞY




ýyllara niýetlenen Maksatnamanyň çäklerinde DÖM-i gazanmagyň strategik maksady we baş görkezijisi adamlaryň abadançylygyny üpjün etmek we ýurdy mundan beýläk hem durnukly ösdürmek bolup durýar. Maksatnama durmuş-ykdysady syýasatda, howanyň üýtgemeginiň täsiriniň öňüni almakda, daşky gurşawy we bioköpdürlüligi goramakda, şeýle hem institusional özgertmelerde pudagara çemeleşmäni üpjün etmegiň hasabyna durnukly ösüşe toplumlaýyn çemeleşmäni göz öňünde tutýar. Deňeçerlenen makroykdysady syýasaty alyp barmaklyga we ýokary maýa goýum işjeňligini, aýratyn hem adam maýasyna we döwletiň durmuş borçnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň ýokary derejesini saklap galmaklyga möhüm orun berilýär. Durmuş-ykdysady ösüş boýunça

## TÜRKMENISTANDA DÖM-IŇ GOŞULYŞMA DEREJESI

| | | |
|---|---|---|
| 57% | | GARYPLYGY ARADAN AÝYRMAK |
| 100% | 2 | AÇLYGY ÝOK ETMEK |
| 100% | 3 | SAGDYN DURMUŞ WE ABADANÇYLYK |
| 90% | 4 | ÝOKARY HILLI BILIM |
| 67% | 5 | GENDER DEŇLIGI |
| 100% | 6 | ARASSA SUW WE ARASSAÇYLYK |
| 100% | 7 | ELÝETER WE ARASSA ENERGIÝA |
| 100% | 8 | MYNASYP IŞLERI ÜPJÜN ETMEK WE YKDYSADY ÖSÜŞ |
| 100% | 9 | SENAGATLAŞDYRMA, INNOWASIÝALAR WE INFRASTRUKTURA |
| 67% | 10 | DEŇSIZLIGIŇ AZALDYLMAGY |
| 90% | 11 | DURNUKLY ŞÄHERLER WE ILATLY NOKATLAR |
| 73% | 12 | JOGAPKÄRÇILIKLI SARP EDIŞLIK WE ÖNÜMÇILIK |
| 100% | 13 | HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE GARŞY GÖREŞ |
| 44% | 14 | DEŇIZ EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK |
| 83% | 15 | GURY ÝER EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK |
| 75% | 16 | PARAHATÇYLYK, ADALATLYLYK WE NETIJELI EDARALAR |
| 100% | 17 | DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK |

**2017 ý.**

### TÜRKMENISTANYŇ MAKSATNAMALARYNA WE STRATEGIÝALARYNA ÇALT TOPLUMLAÝYN BAHA BERMEK (RIA)

Goşulyşmagyň ýokary derejesi

| 47% | 84% |
|---|---|
| 17 maksatdan 8 DÖM | 148 wezipeden 124 wezipe |

### STRATEGIÝALARY IŞLÄP TAÝÝARLAMAGA GOLDAW BERMEK, ORNAŞDYRMAK WE ÇALTLANDYRMAK (MAPS)

TIZLEŞDIRIJILER-AKSELERATORLAR

1. Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we adam maýasyny ösdürmek arkaly inklýuziw we durnukly ösüş
2. Hemmeler üçin durmuş ösüşi
3. Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagyň kömegi bilen Türkmenistanyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak

2019 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnama durmuş ulgamy (bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, pensiýa we durmuş üpjünçiligi) üçin çykdajylaryň döwlet býujetindäki paýyny 70 göterimden az bolmadyk derejede saklap galmagy göz öňünde tutýar. Mundan başga-da, Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmäge 169 mlrd. manada golaý möçberde maýa goýumlar göz öňünde tutulýar, olardan 10 mlrd. manady oba sebitlerinde durmuş amatlyklaryny gowulandyrmaga, şol sanda hassahanalary, mekdepleri, mekdebe çenli edaralary, suw arassalaýjy we lagym desgalaryny gurmaga gönükdiriler.[4]

Türkmenistan durnukly ösüş babatynda maksatlary we wezipeleri ýurduň milli, pudaklaýyn we sebitleýin ösüş maksatnamalaryna we meýilnamalaryna, şeýle hem maliýe meýilnamalaryna mundan beýläk hem ornaşdyrmagy meýilleşdirýär. Şunuň bilen baglylykda, düzümine ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, okuw we ylmy edaralaryň ýolbaşçylarynyň orunbasarlary girýän Iş topary görnüşinde milli utgaşdyryjy mehanizm döredildi. Ol Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak we olara gözegçilik etmek meselelerini alyp barýar. Utgaşdyryjy edara hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi çykyş edýär. Bu ugurdaky ösüşe gözegçiligi amala aşyrmak we hasabat bermek üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (TürkmenStat), döwlet we pudaklaýyn statistikanyň usulyýeti, döwlet hasabatlylygynyň ýygnalyşy we administratiw maglumatlaryň we pudaklaýyn statistikanyň ýygnalyşyny utgaşdyrmak, şeýle hem DÖM-iň maglumatlar binýadyny döretmek we alyp barmak üçin jogapkär edara hökmünde kesgitlenildi.

«Hiç kimi yzda goýmaly däl» borçnamasynyň ýerine ýetirilmegine we oňyn ösüşi gazanmak işine ähli ilatyň çekilmegine möhüm üns berilýär. Meselem, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar institutynyň ýanyndaky Ylmy-amaly merkez ählumumy Gün tertibiniň möhüm düzgünlerini ýurduň her bir raýatyna ýetirmek boýunça işlere gözegçilik edýär, ýerli häkimiýet edaralary bolsa ýerli ilatyň ony amala aşyrmak işine çekilmegini üpjün edýär. Şu Syny taýýarlamak işiniň hemme zady gurşap alma häsiýeti bardyr we diňe bir döwlet maksatnamalaryny däl, eýsem ýaşlaryň, hususy bölegiň we hökümete degişli däl guramalaryň garaýyşlaryny hem beýan edýär.

[4] «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», 2019-njy ýylyň fewral aýy

# MEÝLETIN MILLI SYNY TAÝÝARLAMAGYŇ USULYÝETI

Türkmenistan Durnukly Ösüş Maksatlaryny we 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini amala aşyrmaga aýratyn üns berýär. Durnukly ösüş babatyndaky on ýedi maksadyň «toplumlaýyn we bölünmez häsiýeti bardyr we durnukly ösüşiň ähli üç bölegini, ýagny ykdysady, durmuş we ekologiýa bölekleriniň deňeçerligini üpjün edýär».[5] MMS-i taýýarlamak üçin Pudagara iş topary döredildi, onuň düzümine, BMG-niň işjeň gatnaşmagynda, döwlet edaralary, akademiki we hususy bölekler, jemgyýetçilik birleşikleri girýär. MMS-iň taýýarlanmagy üçin jogapkär döwlet edarasy hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bellenildi.

MMS taýýarlananda Pudagara Iş topary BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamentiniň Durnukly ösüş bölümi tarapyndan işlenilip taýýarlanylan, Milli meýletin synlary taýýarlamak boýunça gollanmanyň maslahatlaryny esas edip aldy. MMS-i taýýarlamak Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasyndaky bilelikdäki taslamanyň çäklerinde, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan degişli maliýe we adam serişdeleriniň bölünip berilmeginde amala aşyryldy.

BMG-niň agentlikleri bu işe Synyň degişli bölümleri boýunça bellikleri we teklipleri bermek arkaly işjeň gatnaşdylar.

MMS-iň ýokary derejede taýýarlanylmagyny üpjün etmek üçin maglumatlary, seljeriş ýazgylaryny, statistiki maglumatlary ýygnamak boýunça işleriň meýilnamasy we wagt tertibi, şeýle hem hususy bölek we jemgyýetçilik birleşikleri bilen özara hereket etmegiň meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy. Şu MMS milli we pudaklaýyn ösüş maksatnamalaryna, şeýle hem halkara guramalary tarapyndan berilýän hasabatlara, şol sanda adam hukuklaryna we howanyň üýtgemegine degişli hasabatlara esaslanýar. Ýurduň Prezidentiniň durnukly ösüş babatynda maksatlary we wezipeleri durmuşa geçirmek üçin Türkmenistan tarapyndan amala aşyrylýan ädimleri we hereketleri özünde jemleýän «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitaby şu Synyň taýýarlanmagyna ägirt uly goşant goşdy.

DÖM-iň deňeçerligini we olaryň Türkmenistanyň milli meýilnamalaryna ornaşdyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, maksatnamalara we strategiýalara çalt toplumlaýyn baha bermek, şeýle hem

[5] BMG-niň Baş assambleýasy, Kararnama 70/1, «Öz dünýämizi özgertmek: 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatynda Gün tertibi», 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabry

binýatlyk görkezijileri we wezipeleri seljermek işleri geçirildi. DÖM-iň milli meýilnamalaşdyryş işine ýokary derejede ornaşdyrylmagyny üpjün etmek üçin Türkmenistan BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman üçin Ykdysady we durmuş toparynyň DÖM-iniň arasyndaky özara arabaglanyşygyny seljermek üçin ulgamlaýyn pikirlenmegi ulanmak baradaky usulyýetine laýyklykda trening geçirmek başlangyjy bilen çykyş etdi, onuň netijeleri şu Synda beýan edildi.

MMS-i taýýarlamagyň möhüm bölegi gyzyklanýan dürli taraplaryň pikirleriniň goşulmagy bolup durýar. Ýurduň DÖM-iniň ýaş ilçileri, hususy bölek we jemgyýetçilik birleşikleri bilen geňeşmeleri guraldy, olaryň garaýyşlary we teswirleri Synyň jemleýji görnüşine goşuldy.

Türkmenistan beýleki ýurtlaryň meýletin milli synlary taýýarlamakdaky tejribesini we nusgalaryny göz öňünde tutdy we MMS-i taýýarlamak boýunça BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamenti, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy we BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman üçin Ykdysady we durmuş topary tarapyndan guralan çärelere işjeň gatnaşdy. Şeýle hem biz şu Syny taýýarlamakda beren goldawy üçin BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjynyň ýolbaşçylygyndaky ýurt boýunça toparyna minnetdarlygymyzy bildirýäris.

# 3 SAGDYN DURMUŞ WE ABADANÇYLYK



Saglygy goraýyş ulgamynda ýurduň esasy resminamasy bolup durýan «Saglyk» Milli maksatnamasy ilatyň saglygyny goramagy durmuş-ykdysady ösüşiň, abadançylygy gazanmagyň, ömrüň ortaça uzaklygyny we ýurduň ilatynyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmagyň esasy maksady hökmünde kesgitleýär. Şunuň bilen birlikde, bu wezipäniň amala aşyrylmagy durnukly we inklýuziw ösüşi üpjün etmäge, durmuş ösüşine we durmuş adalatlylygynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berer.

## ENELIGI WE ÇAGALYGY GORAMAK

Eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak, şeýle hem reproduktiw saglygy goramak Türkmenistanyň Milli syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurtda eneleriň ölüminiň pes derejesi saklanyp galýar, bu elýeter, gowy hilli we ýokary hünärli lukmançylyk hyzmatynyň, şeýle hem çaga dogrulmazyndan öňki gözegçiligiň netijesinde mümkin boldy.

Lukmançylyk hyzmatynyň hilini we bar bolan görkezijileri mundan beýläk hem gowulandyrmak maksady bilen, Eneleriň, täze doglan bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça Milli strategiýa hem-de 2015 – 2019-njy ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasy kabul edildi. Olarda ösüş döwrüniň barşyna maýa goýumlary goýmaklygyň möhümligine aýratyn üns berilýär. Görkezilen syýasat eneleriň, täze doglan bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak babatynda esasy çäreleriň we hyzmatlaryň toplumlaryny durmuşa geçirmek



üçin saglygy goraýyş ulgamynyň kuwwatyny pugtalandyrmagy, şeýle hem durnukly maliýeleşdiriş mehanizmlerini güýçlendirmegi we bölünip berilýän serişdeleriň oýlanyşykly peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Geljekki eneleriň saglygyny gowulandyrmak üçin 2013-nji ýyldan başlap maşgalany meýilleşdirmek ulgamynda hyzmat etmegiň hiline baha bermegiň mehanizmi ornaşdyryldy, töwekgelçilik toparlary kesgitlenildi, enäniň reproduktiw saglygynyň lukmançylyk pasporty girizildi. Şunuň bilen birlikde, soňky ýyllarda töwekgelçilik toparyndaky aýallary kontrasepsiýa bilen gurşap almagyň derejesi 21% (2013 ý.) bolanlygyndan 71,4%-e (2018 ý.) çenli ýokarlandy.[6] Meselem, ýurtda kontrasepsiýa bolan kanagatlandyrylan islegiň görkezijisi ýokary bolup, ol 15 – 49 ýaş aralygyndaky aýallaryň arasynda 81%-e deňdir, bu bolsa reproduktiw saglygy goramak boýunça otaglaryň işjeň iş alyp barýandygyny tassyklaýar.[7]

TÖWEKGELÇILIKLI TOPARDAKY ZENANLARY KONTRASEPSIÝA BILEN GURŞAP ALMAGYŇ DEREJESI **ÝOKARLANDY**




**Ýanýoldaşly aýallaryň arasynda kontrasepsiýa bolan kanagatlandyrylan isleg ÝOKARY DEREJEDE saklanyp galýar**




Görkezijileri 3.2. wezipäniň çäklerinde göz öňünde tutulan derejeden biraz ýokary bolan, bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümini we neonatal ölümi azaltmak meselelerine aýratyn üns berilýär. Geçirilen seljerme bäş ýaşa çenli çagalaryň ölüminiň esasy sebäpleriniň perinatal döwürde ýüze çykýan aýry-aýry ýagdaýlar we dem alyş organlarynyň kesellemegi, neonatal ölümiň sebäbiniň bolsa dogabitdi kadadan çykmalar, deformasiýalar we hromosom bozulmalary bolup durýandygyny görkezdi. Geljekde çaga ölüminiň esasy sebäpleriniň öňüni almak üçin ýurtda çaganyň irki ösüşi babatda hyzmatlaryň hilini we ene-atalaryň kadaly we öz wagtynda iýmitlenmek barada, kiçi ýaşdaky çagalary iýmitlendirmek barada habarlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça çäreler görülýär. Mysal üçin, hökümet ene süýdi bilen iýmitlendirmegi öňe sürmek we oňa goldaw bermek boýunça çäreleri maliýeleşdirýär, bu bolsa çagalaryň arasynda ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň derejesini 2006-njy ýylda[8] 10,9% bolanlygyndan 2016-njy ýylda 58,9%-e[9] çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi.

[6] Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi

[7] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we BMG-niň Çagalar gaznasy, 2015 – 2016-njy ýyllaryň köp görkezijileri boýunça klaster barlaglary: Jemleýji hasabat, 2017-nji ýylyň ýanwary

[8] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we BMG-niň Çagalar gaznasy, 2016-njy ýylyň köp görkezijileri boýunça klaster barlaglary: Jemleýji hasabat, 2016-njy ýyl

[9] 2015 – 2016-njy ýyllaryň köp görkezijileri boýunça klaster barlaglary

**Bakteriýanyň bölünip çykmagy ilkinji gezek ýüze çykarylan näsaglarda inçekeseli bejermegiň NETIJELILIGINIŇ GÖRKEZIJILERI ÝOKARY DEREJEDE SAKLANÝAR**

**81,3%**
2017 ý.

Mundan başga-da, täze doglan bäbekleriň arasynda has köp gabat gelýän bozulmalary ýüze çykarmak maksady bilen, neonatal skriningi ornaşdyrmak hakynda çäreler işlenip taýýarlandy.

Degişli derejede gözegçilik etmek we ýokary hilli lukmançylyk kömeginiň üznüksizligini üpjün etmek Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyndaky syýasatynyň möhüm bölekleri bolup durýar. Meselem, çagalyk döwründe kesellere utgaşdyrylan gözegçiligiň ornaşdyrylmagy, lukmanlaryň we şepagat uýalarynyň degişli bilimler we endikler bilen üpjün edilmegi, şeýle hem goldaw berýän ugrukdyryjy ýolbaşçylyk (kuratorçylyk) ulgamynyň ornaşdyrylmagy (aýratyn hem kömek bermegiň birinji derejesinde işleýän şepagat uýalary üçin) çagalara berilýän lukmançylyk kömeginiň hilini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär we 5 ýaşa çenli çagalaryň ösmegini we ösüşini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

## INÇEKESELE WE ÝOKANÇ KESELLERE GARŞY GÖREŞ

Ýurtda inçekesel boýunça epidemiologiýa ýagdaýy oňyn meýilleri görkezýär. Soňky ýyllarda bejerişiň we anyklaýyş işiniň saklanyp galýan ýokary derejede peýdalalygynyň netijesinde şu kesel bilen kesellemegiň we onuň ýaýramagynyň peselýändigi bellenilýär. Tutuş ýurt boýunça derman serişdelerine durnukly inçekeseli çalt ýüze çykarmak üçin molekulýar anyklaýyş testini geçirmek tehnologiýasy ornaşdyryldy. Inçekesele garşy gulluk ilkinji lukmançylyk-sanitar kömegi ulgamyna goşuldy.

Ýurt gyzzyrma keselini ýok etmek boýunça hem gowy netijeleri gazandy. Geçirilen köpugurly çäreleriň netijesinde Türkmenistan baryp 2010-njy ýylda gyzzyrma keselini ýok eden ýurtlaryň sanawyna girdi. Ýurduň gyzzyrma keselinden azat ýurt derejesini saklamak we onuň daşyndan getirilýän halatlarynyň öňüni almak boýunça çäreler dowam etdirilýär, bu çäreler gyzzyrma keseliniň geçirilýän ozalky ojaklaryna yzygiderli barlaglary, işjeň we passiw epidemiologik, şeýle hem entomologik gözegçiligi geçirmekligi öz içine alýar.

B wirusly sarygetirme bilen kesellemegiň görkezijisi birsyhly pes derejede saklanylýar – 2018-nji ýylda her 100 000 adama 0,5 ýagdaý[10]. Onuň öňüni almak üçin hökümet tarapyndan B görnüşli sarygetirme keselinden sanjymlaryň gerimini giňeltmek boýunça çäreler görülýär. Meselem, B görnüşli sarygetirmäniň garşysyna waksinanyň üç dozasy bilen gurşalyp alnan 1 ýaşa çenli çagalar we ýetginjekler, degişlilikde 98%-e we 94%-e deň boldy. Waksinalary satyn almak we sanjym geçirmek işleri doly derejede döwletiň hasabyna amala aşyrylýar we maşgalanyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesine garamazdan berilýär.

Sanitar-epidemiologiýa ýagdaýyny üpjün etmek arkaly epidemiýalaryň öňüni almagyň möhümligini nazarda tutmak bilen, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan, «Ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça» Baş maksatnamanyň çäklerinde ilatyň merkezleşdirilen suw üpjünçiligi (DÖM 6.1.) we sanitariýa (DÖM 6.2.) bilen gurşalyp alnyşy giňelýär,

[10] Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi

suwaryş ulgamlarynyň, suw howdanlarynyň, ekin meýdanlarynyň ýagdaýyna seljerme geçirilýär. Şeýle hem ýurtda «Saglygy goraýyş edaralarynda lukmançylyk galyndylary bilen howpsuz iş salyşmak we olary ýok etmek boýunça» Milli maksatnama durmuşa geçirilýär.

## ÝOKANÇ DÄL KESELLERE GARŞY GÖREŞ

Ýokanç däl keseller (ÝDK) Türkmenistanda ölümiň esasy sebäbi bolup galýar, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) berýän bahasyna görä, ýurtdaky ölümiň 79%-i olaryň paýyna düşýär. ÝDK-niň netijeli öňüni almak üçin hökümet derejesinde köpugurly çäreler görülýär: saglygyň determinantlaryna täsir etmek, sagdyn durmuşy wagyz etmek, ÝDK-nyň öňüni almak we ir anyklamak maksatnamalaryny durmuşa geçirmek arkaly ilatyň saglygyny goramaga gönükdirilen Ýokanç däl keselleriň öňüni almak barada Aşgabat beýannamasyny ornaşdyrmak boýunça Milli strategiýa we olara garşy göreşmek boýunça 2014–2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň meýilnamasy durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanda temmäkä garşy çäreler giňden alnyp barylýar, temmäkä gözegçilik



**ÖLÜMIŇ ESASY SEBÄPLERI (30-69 ýaş)**

50% — Ýürek-damar keselleri

12% — Howply täze döremeler

**ÝÜREK-DAMAR KESSELLERINDEN ÖLÜMIŇ ESASY SEBÄPLERI**

Erkekler:
- ÝÜREGIŇ IŞEMIÝA KESELI **45%**
- SEREBROWASKULÝAR KESELLERI **35%**

Aýallar:
- ÝÜREGIŇ IŞEMIÝA KESELI **44%**
- SEREBROWASKULÝAR KESELLERI **37%**

**HOWPLY TÄZE DÖREMELERDEN ÖLÜMIŇ ESASY SEBÄPLERI**

Erkekler:
- BOKURDAGYŇ, BRONHLARYŇ WE ÖÝKENIŇ RAK KESELI **16%**
- AŞGAZYNYŇ RAK KESELI **13%**
- BAGRYŇ WE ÖT KANALLARYNYŇ RAK KESELI **11%**

Aýallar:
- MÄZLERIŇ RAK KESELI **20%**
- ÝATGYNYŇ RAK KESELI **13%**

etmek boýunça güýçli kanunçylyk hereket edýär. Geçirilýän çäreleriň netijesinde ýurtda çilim çekmekligiň ýaýrawy we ýygylygy peseldi. Häzirki wagtda BSGG-niň STEPS barlaglarynyň netijeleri boýunça 18 – 69 ýaş aralygyndaky çilim çekýän uly ýaşly ilat görkezijisi ilatyň 3,4%-ne deňdir, bu bolsa 2013-nji ýyldaky derejeden (8,3%) 2,5 essä golaý pes bolup durýar.

Alkogolly içgileri içmegiň derejesi boýunça hem oňyn öňegidişlik bar. BSGG-niň STEPS barlaglarynyň netijeleri boýunça 2018-nji ýurtda ilatyň 4,8%-i alkogolly içgileri içýär, bu bolsa 2013-nji ýyldaky derejeden 1,8 esse pesdir. Alkogolly içgileriň ýaramaz täsiriniň öňüni almagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Milli

**Ýürek-damar kesellerinden, rakdan, diabet ýa-da dowamly dem alyş kesellerinden ölümiň ähtimallygy, jynsy boýunça, %**




maksatnamasy we ony durmuşa geçirmek boýunça çäreler Meýilnamasy alkogolly önümleriň nyrhyny emele getirmek we salgyt salmak

ÇILIM ÇEKMEKLIGIŇ ÝAÝRAWY WE ÝYGYLYGY **AZALDY**

BSGG-niň STEPS baglarlarynyň netijeleri boýunça **uly ýaşdaky adamlaryň çilim çekýän** görkezijisi

18-69 ýaş

8,3% — 2013 ý.

↓3,4% — 2018 ý.

Ýurtda temmäkä garşy çäreler giňden alnyp barylýar:
**TEMMÄKÄ GÖZEGÇILIK ETMEK BOÝUNÇA GÜÝÇLI KANUNÇYLYK HEREKET EDÝÄR**

boýunça çäreleri göz öňünde tutýar. Meselem, alkogolly önümlere salynýan salgytlar goşulan gymmatyň 13%-ne we goşmaça tölegiň (salgydyň) 35%-ne deňdir, mundan başga-da, alkogolly önümleriň gaplanyşyna we nyşan bilen belgilenişe bildirilýän talaplary girizmek meýilleşdirilýär.

bagly töwekgelçilikleriň peselmegine mümkinçilik berdi. Mysal üçin, iýmitlenmekde oňyn üýtgemeler bellenilýär: gök önümleriň sarp edilişi 2013-nji ýylda hepdede 5,9 gün bolanlygyndan 2018-nji ýylda hepdede 6,4 güne çenli ýokarlandy.

BSGG-niň STEPS-2018 baglaglarynyň netijeleri boýunça häzirki wagtda ýurtda



**uly ýaşly ilatyň**

**4,8%-i alkogolly içgileri içýär.**

Bu 2013-nji ýyldaky derejeden **1,8 esse** pesdir.

Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek ulgamynda döwlet syýasatynyň möhüm bölegi ýaramaz endikleriň öňüni almak, sagdyn ýaşaýşy we sagdyn iýmitlenmegi wagyz etmek bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, töwekgelçilik ýagdaýlaryny kesgitlemek we olary ýeňip geçmek birinji nobatdaky wezipeleriň biri bolup durýar, ony ýakyn we orta möhletli geljekde ýerine ýetirmek meýilleşdirilýär. Birinji nobatda, bu ilatyň giň gatlaklarynyň arasynda hemme zady öz içine alýan öňüni alyş işlerinden, ýokary hilli we öz wagtynda bejermekden we psihoaktitw maddalara (PAM) bagly, gan aýlanyşyk ulgamyndaky keseli, onkologiýa keselleri, süýji keseli, öýkeniň obstruktiw keselleri bolan adamlarynyň saglygyny dikeltmekden ybaratdyr. Keselleriň öňüni almak boýunça çäreleriň biri hem, «Il saglygy-ýurt baýlygy» atly ylmy-populýar telegepleşigiň yzygiderli goýberişleri bolup durýar. Bu gepleşik sagdyn durmuş, dogry iýmitlenmek, bedenterbiýe we sport temalaryny öz içine alýar. Geçirilýän çäreler ilatyň arasynda endikler bilen

Häzirki wagtda temmäki, alkogol, stress, rejesiz we deňeçer bolmadyk iýmitlenme, gipodinamiýa ýaly töwekgelçilik ýagdaýlarynyň adamyň bedenine edýän täsirini peseltmäge, has gowy ýagdaýda bolsa düýbünden ýok etmäge mümkinçilik berýän ösüş derejesine ýetmek boýunça ýokary maksat goýuldy. Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň (WHO, UNODC, UNFPA we beýlekiler) bilelikdäki taslamalarynyň çäklerinde bilim çäreleri we psihoaktiw maddalar bilen bagly saglyga zyýan ýetmeginiň öňüni almak we bejermek bilen meşgullanýan hünärmenlere sertifikat bermek işleri geçirilýär. Hususan-da, «Maşgala we mekdep bilelikde» we «Berk maşgala» ýaly mugallymlaryň, mekdep okuwçylarynyň we olaryň ene-atalarynyň arasynda sagdyn durmuşy öňe sürmäge we maşgala endiklerini gowulandyrmaga gönükdirilen halkara maksatnamalary özüni gowy tarapdan görkezdi. Häzirki wagtda bejermek we saglygy dikeltmek, şeýle hem edilýän hyzmatlaryň hiline baha bermegiň ylmy taýdan esaslandyrylan gurallaryny

peýdalanmak boýunça täzelenen teswirnamalaryň tapgyry taýýarlanylýar.

Mundan başga-da, täsir etmegiň çalt we guramaçylyksyz şäherleşme, şeýle hem howanyň hapalanmagy ýaly beýleki ýagdýlary azaltmak keselleriň öňüni almagyň möhüm jähti bolup durýar. Şu maksatlarda Türkmenistan şäherlerde baglary, ösümlikleri köpeltmek we ýaşyl şäherleri döretmek boýunça taslamalary durmuşa geçirýär.

## ELÝETER WE ÝOKARY HILLI SAGLYGY GORAÝYŞ

Hökümet lukmançylyk hyzmatlaryny ilatyň ähli gatlaklary üçin elýeter etmek wezipesini ileri tutýar. Meselem, ilkinji lukmançylyk-sanitar kömegi boýunça, lukmançylyk hyzmatlaryny etmegiň ikinji, üçünji derejelerinde göwreli aýallara, enelere, täze doglan bäbeklere, çagalara we ýetginjeklere lukmançylyk kömeginiň umumy elýeter bukjalary işlenip taýýarlandy we olar durmuşa geçirilýär. Ähli çagalar üçin immunizasiýa hökmany we mugt bolup durýar.

Türkmenistan ýurtda saglygy goraýşyň hiliniň edilýän hyzmatlaryň hiline we şu ugruň maliýeleşdirilişine baglydygyna düşünýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurtda lukmançylyk işgärlerini taýýarlamak we olaryň sanyny artdyrmak meselelerine dykgatly üns berilýär. Bellenen maksatlary durmuşa geçirmek üçin ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerine lukmançylyk hünärleri boýunça okuwa kabul edilýänleriň sany artýar, hökümetara ylalaşyklaryň çäklerinde daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan hünärmenleriň sany köpelýär, şeýle hem saglygy goraýyş işgärleriniň üznüksiz hünär okuwy maliýeleşdirilýär.

## DÖM 3 MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Sagdyn durmuşy üpjün etmek we abadançylyga ýardam etmek utgaşykly maksat bolup durýar, şu ugurdaky öňegidişlik ykdysady ösüşe (DÖM 8.1), ilatyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna (DÖM 1.2), şeýle hem durmuş goragynyň üpjün edilmegine (DÖM 1.3) ýardam eder. Şunuň bilen birlikde, şu maksat boýunça üstünlik gazanylmagyny kepillendirmek bilen baglylykda kem iýmitlenmegiň ähli görnüşlerini ýok etmek (DÖM 2.2), şäherleriň ekologiýa edýän ýaramaz täsirlerini azaltmak arkaly daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmak (DÖM 11.6), ýaşyl zolaklaryň elýeterliligini üpjün etmek (DÖM 11.7), himiki galyndylary dolandyrmak (DÖM 12.4), galyndylary azaltmak we olary gaýtadan peýdalanmak (DÖM 12.5), howply howa ýagdaýlaryna garşylyk görkezmek ukybyny ýokarlandyrmak (DÖM 13.1) meseleleri möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Beýleki tarapdan, durnukly ösüşiň 3-nji we 6-njy maksatlarynyň arasynda güýçli arabaglanyşyk görünýär: suwuň elýeterliligini üpjün etmek (DÖM 6.1) we sanitariýanyň elýeterligi (DÖM 6.2) eneleriň we çagalaryň ölümini düýpli azaltmaga (DÖM 3.1 we 3.2) we epidemiýalaryň soňuna çykmaga (DÖM 3.3) mümkinçilik berer. Bu bolsa, öz gezeginde, suwuň hapalanmagy azalan (DÖM 6.3), suwdan peýdalanmagyň netijeliliginiň ýokarlanan (DÖM 6.4), suw serişdeleri utgaşykly dolandyrmagyň üpjün edilen (DÖM 6.5), suw ekoulgamlaryny goramagyň üpjün edilen (DÖM 6.6 we 15.1) we çölleşmä garşy göreş boýunça netijeli çäreleriň görlen ýagdaýynda mümkin bolar.

Saglygy goraýyş ulgamynda hyzmatlaryň hiliniň gowulanmagyna ýurtda tehnologiýalar ulgamynda işläp taýýarlamalar (DÖM 9.b), ýokary netijeli tehnologiýalaryň peýdalanylmagy (DÖM 17.8), tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak (8.21) we tehnologiýalary bermek (DÖM 17.7) ýardam eder. Ösüşe gönükdirilen döwlet syýasaty (DÖM 8.2) we hususy bölek üçin bank we maliýe hyzmatlarynyň elýeterliliginiň giňeldilmegi (DÖM 8.10) tehnologiýa taýdan döwrebaplaşdyrmak bilen saglygy goraýyş ulgamynyň arasyndaky aragatnaşyga ýardam etmelidir.

Türkmenistanda saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ählumumy gurşap alma (DÖM 3,8) ilatyň üpjünçiligi pes bolan gatlaklaryny goldamaga (DÖM 10.1), reproduktiw hukuklaryň durmuşa geçirilmegini kepillendirmäge hem-de seksual we reproduktiw saglyk ulgamynda hyzmatlaryň elýeter bolmagyna (DÖM 3.7 we 5.6), gender kemsitmelerini ýok etmäge (DÖM 5.1), sütem etmeleri azaltmaga degişli meselelere ýardam etmäge (DÖM 5.2 we 16.1), şeýle hem adamlaryň esasy azatlyklaryny goramagy üpjün etmäge (DÖM 16.10) mümkinçilik berýär.



15.3 Çölleşmä garşy göreş
17.7 Ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary bermek
3.4 Ýokanç däl kesellerden ölümi azaltmak
17.8 Ylmy, tehnologiýalary we innowasiýalary ösdürmegiň mehanizmi
1.3 Hemmeler üçin durmuş goragy
13.1 Garşy durup bilijilik we uýgunlaşmaga ukyplylyk
3.7 Seksual we reproduktiw saglygy goramak boýunça hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün etmek
8.10 Bank, ätiýaçlandyryş we maliýe serişdeleriniň elýeterliligini giňeltmek
8.3 Ösüşe gözükdirilen syýasat
3.2 Çagalaryň we täze doglan bäbekleriň ölümini azaltmak
12.4 Himiki serişdeler we ähli galyndylar
8.2 Diwersifikasiýa, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we innowasion iş
8.4 Serişdeleri peýdalanmagyň global netijeliligi
9.b Ýurtda öndürilýän tehnologiýalar ulgamynda işläp taýýarlamalar
3.1 Eneleriň ölümini azaltmak
16.1 Sütem etmegiň ähli görnüşleriniň ýaýrama derejesini peseltmek
13.b Meýilleşdirmek we dolandyrmak mümkinçiliklerini pugtalandyrmak
5.6 Seksual we reproduktiw saglygy we reproduktiw hukugy gorap saklamak
3.c Ösüp barýan döwletlerde saglygy goraýşy maliýeleşdirmek
17.1 Salgytlary we beýleki girdejileri ýygnamak
5.2. Aýallar we gyzlar babatynda sütem etmekligi aradan aýyrmak
9.5 Ylmy barlaglar, senagat pudaklarynyň tehniki kuwwatyny güýçlendirmek
17.6 Demirgazyk-Günorta, Günbatar-Gündogar ugry boýunça hyzmatdaşlyk, üç taraplaýyn sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy
3.8 Saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ählumumy gurşawy üpjün etmek
4.3 Hünärment-tehniki we ýokary bilimiň elýeterliligi
17.19 Statistika babatda mümkinçilikleri ýokarlandyrmak
2.2 Kem iýmitlenmegi ýok etmek
16.10 Maglumatlaryň elýeterliligi we esasy azatlyklary goramak
10.1 Girdejileriň ýokarlanmagy (üpjünçiligi pes 40%)
16.8 Global düzgünleşdirilmegi amala aşyrýan edaralaryň işine ösüp barýan ýurtlaryň gatnaşmagy
6.6 Suw bilen bagly ekoulgamlary gorap saklamak
6.5 Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak
11.6 Howanyň hili we şäher galyndylaryny aýyrmak
6.4 Suwdan peýdalanmagyň netijeliligi we suwuň ýetmezçiligi
11.7 Ýaşyl zolaklar we jemgyýetçilik ýerleri
6.2 Sanitar-gigiena serişdelerine ählumumy we deň hukukly elýeterlilik
9.c Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň elýeterliligi
13.3 Howanyň üýtgemegi boýunça aň-bilim işleri we maglumatlary ýaýratmak
9.1 Ýokary hilli, ygtybarly, durnukly we çydamly amatlyklar
5.1 Aýallar we gyzlar babatynda hukuk kemsitmelerini aradan aýyrmak
3.3 Epidemiýalaryň we ýokanç keselleriň soňuna çykmak
8.1 Ilatyň jan başyna düşýän ykdysady ösüş
6.1 Hemmeler üçin agyz suwuň elýeterligi
3.9 Hapalanmagyň netijesinde ölüm halatlaryny we kesellemeleri azaltmak
7.1 Gymmat bolmadyk, ygtybarly we döwrebap energiýa üpjünçiliginiň elýeterliligi
1.2 Milli kesgitlemelere laýyklykda garyplygy azaltmak
12.5 Galyndylaryň öňüni almak, azaltmak, gaýtadan işlemek we täzeden peýdalanmak
3.b Waksinalary we derman serişdelerini öwrenmek hem-de işläp taýýarlamak
3.d Saglyk babatda töwekgelçilikleri peseltmek we töwekgelçilikleri düzgünleşdirmek

# 4 ÝOKARY HILLI BILIM



Türkmenistanda netijeli milli bilim ulgamy emele getirildi we ol hereket edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda (55-nji madda) «Bilim hakynda» kanunda (3-nji madda) her bir raýatyň hökmany mugt, deň hukukly we ýokary hilli başlangyç we orta bilim almaga hukugy kepillendirilýär.

Soňky ýyllaryň dowamynda bilim ulgamy bilim edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny we okatmagyň usulyýetlerini hil taýdan täzelemäge, maglumat bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, bilim edaralarynyň ulgamyny amatly etmäge, bilim hyzmatlary bazaryny giňeltmäge gönükdirilen yzygiderli özgertmeleri başdan geçirýär.

**3200**-DEN
GOWRAK BILIM EDARALARY

ÇAGALARYŇ
**99-100%**
BAŞLANGYÇ MEKDEPDE OKAÝAR

ÇAGALARYŇ
**98%**
ORTA MEKDEPDE OKAÝAR

SOWATLYLYGYŇ DEREJESI
**99,9%**



## ÇAGALARYŇ IRKI ÖSÜŞI

Hökümet tarapyndan çagalaryň irki ösüşine aýratyn üns berilýär. Durmuşa geçirilen döwlet maksatnamalarynyň netijesinde ýurtda fiziki, durmuş-emosional we akyl ýetiriş ugurlarynda çaga ösüşiniň ýokary görkezijilerine ýetmek başartdy (90,9%).[11] Okamak we hasaplamak endikleri boýunça görkezijileri gowulandyrmak üçin birnäçe çäreler işlenip taýýarlanyldy, olar ene-atalar üçin aň-bilim merkezleriniň işini kämilleşdirmegi göz öňünde tutýar. Bu merkezlerde mekdebe çenli edaralara gatnamaýan çagalary mekdepde okamaga taýýarlaýarlar, ene-atalara bolsa öz çagalaryny ösdürmek we öý şertlerinde olary mekdebe taýýarlamak babatynda usulyýet we geňeş kömegini berilýär, olara ene-ata başarnyklaryny kämilleşdirmek boýunça hyzmatlar edilýär.

### MICS 2015-2016 barlaglarynyň maglumatlary boýunça Türkmenistanda Kiçi ýaşda çaga ösüşiniň indeksi ÝOKARY




[11] 2015 – 2016-njy ýyllaryň köp görkezijileri boýunça klaster barlaglary

Mekdebe çenli edaralar ulgamy möhüm orun tutýar, bu ulgam uly (mekdebe taýýarlyk) toparlarda mekdebe çenli ýaşdaky çagalary başlangyç bilimiň okuw maksatnamalaryny özleşdirmäge taýýarlaýar. Çagalaryň mekdebiň öňýanyndaky bilime çekilişini giňeltmek maksady bilen, 5 ýaşa çenli ýaşdaky ähli çagalar üçin mekdebiň öňýanyndaky bir ýyllyk taýýarlygy ornaşdyrmak boýunça dessin meýilnama işlenip taýýarlanyldy. Mundan başga-da, mekdebe çenli edaralarda saglyk mümkinçilikleri çäkli bolan çagalar üçin Irki ösüş merkezleri ýerleşdirildi, bu bolsa olaryň ösmegi üçin inklýuziw gurşawy döretmäge mümkinçilik berýär.

Dikeldiş merkezleri bolan hereket edýän okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň binýadynda ösüşinde bozulmalary bolan çagalar bilen işlemek boýunça synag geňeş beriş nokatlary hereket edýär. Bu nokatlarda hünärmenleriň dersara toparlary işleýär, olar saglyk mümkinçilikleri çäkli bolan çagalara we olaryň maşgalalaryna goldaw berýärler, bu bolsa şol çagalaryň durmuşa uýgunlaşmagyna we soňundan umumy görnüşdäki bilim edaralaryna barmaklaryna ýardam edýär.

## HEMMELERIŇ BILIM ALMAGY ÜÇIN INKLÝUZIW GURŞAWY DÖRETMEK

Ösüş diňe onuň hemmeleri gurşap alan we olaryň degişliligine, ukyplaryna, dinine we jynsyna garamazdan, ähli adamlara okamak

üçin mümkinçilikleri döredýän mahalynda durnukly bolup durýar. Türkmenistan maýyplygy bolan adamlara mynasyp bilim almak üçin şertleri döredýär (inklýuziw bilim). Meselem, Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň ýanyndaky Aşgabadyň Mehaniki-tehnologik orta hünärment mekdebiniň binýadynda Körler we kerler jemgyýeti tarapyndan maýyplygy bolan adamlara hünär öwretmegiň inklýuziw usullary üstünlikli ornaşdyryldy. Bu tejribe ýurduň ähli bilim edaralarynda inklýuziw bilimi ornaşdyrmak maksady bilen, bilim hakyndaky milli kanunçylyga üýtgetmeleri girizmek üçin esas bolup hyzmat etdi.

Saglygy goraýyş edaralarynda uzak wagtlap bejergi alýan çagalar üçin golaýda ýerleşýän orta mekdebiň mugallymlarynyň güýji bilen olaryň bolýan (bejergi alýan) ýerlerinde okuwlar guralýar. Maýyp çagalaryň öýündäki okuw hem şonuň ýaly guralýar. Mundan başga-da, dikeldiş merkezleri bolan okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň we bilim ulgamynyň Çaganyň irki ösüşi merkezleriniň ikisiniň binýadynda ornaşdyrylyp başlanan, maýyplygy bolan çagalar we olaryň maşgalalary üçin dersara hyzmatlar şular ýaly çagalary soňy bilen umumybilim ulgamyna geçirmek we oňa goşmak hem-de inklýuziw okuw gurşawyny döretmek üçin esas bolup durýar. Bu hyzmatlar maýyplygy bolan çagalaryň geljekde durmuşa uýgunlaşmaklaryna we adaty gurşawa goşulyp gitmegine ýardam edýär.

## HÜNÄRMENT-TEHNIKI WE ÝOKARY BILIM ALMAK

Ýurduň mundan beýläk hem ykdysady ösüşini we abadançylygyny üpjün etmek bilen baglylykda, ilata ýokary hilli hünär-tehniki we



ýokary bilim bermegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Şunuň bilen birlikde, bilimiň ähli adamlar üçin elýeter bolmagynyň ähmiýeti uludyr.

Hünär öwrediş bilim ulgamynyň ykdysady pudaklar bilen goşulyşmagyny üpjün etmek maksady bilen, okuwy tamamlaýanlara zähmet bazarynda bäsdeşlige ukyply bolmaga mümkinçilik berýän döwlet bilim standartlaryny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Şu standartlar iş berijiler bilen hyzmatdaşlykda işlenip taýýarlanylýar we zähmet bazarynda isleg bildirilýän başarnyklary we bilimleri öz içine alýar.




Türkmenistanda hünärment-tehniki bilim başlangyç hünär öwredýän mekdeplerden ybaratdyr. Bu mekdeplerde gysga möhletli okuwlar elýeter bolup, olar bar bolan endikleri ýokarlandyrmaga ýa-da soňundan işe ýerleşmek üçin täze başarnyklary ele almaga mümkinçilik berýär. Şunda ilatyň aýratyn goralmagy zerur bolan gatlaklaryna we maýyplygy bolan adamlara aýratyn üns berilýär.

Ýurtda ýokary we orta hünär bilimi bolan hünärmenleri taýýarlamagy ýokary we orta hünärment mekdepleri üpjün edýär, olarda talyplaryň 60,2%-i býujet serişdeleriniň hasabyna we 39,8%-i tölegli esasda okaýar (2018/2019 okuw ýyly).[12]

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy hem ýurduň döwlet gullukçylarynyň hünär taýýarlygyna özüniň goşandyny goşýar, ondaky okuw işleri döwlet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuna laýyklykda (40-njy madda), ýetim çagalary we ene-atalary ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar tarapyndan howandarlyk edilmeýän çagalary bilim edaralarynda saklamak we okatmak doly

[12] Türkmenistanyň Bilim ministrligi

2015-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2018-nji ýylda talyplaryň sany **ARTDY**

**8,5%**

**orta hünärment okuw mekdeplerinde**

**24,3 %**

**ýokary okuw mekdeplerinde**

döwlet üpjünçiligi esasynda amala aşyrylýar, görkezilen çagalaryň 24 ýaşy dolýança olaryň hünär öwrediş edaralarynda okuwy hem şu esasda guralýar.

Mugallymlary taýýarlamak hökümetiň syýasatynda aýratyn orun eýeleýär, ýokary hilli bilimi we geljekde ýurduň durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça meýilnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi şol işlere bagly bolup durýar.

## BILIM ULGAMYNY ÖZGERTMEK

Ýurduň bilim ulgamynda onuň hilini ýokarlandyrmaga we okaýanlar üçin iň gowy şertleri döretmäge gönükdirilen özgertmeler geçirilýär, şunuň bilen birlikde hem okatmagyň we maglumat tehnologiýalarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Häzirki wagtda ýurduň ähli mekdepleri üçin sanitariýa we elektroenergiýa ýaly binýatlyk hyzmatlar elýeterdir. Mekdepleri okuw maksatlary üçin kompýuterler bilen enjamlaşdyrmak boýunça oňyn ösüş gazanyldy, bu ýurduň ähli mekdepleriniň 99%-inde amala aşyryldy.

Türkmenistanda 12 ýyllyk umumy orta bilim ulgamy hereket edýär. Häzirki zaman jemgyýetiniň zerurlyklary bilen bagly orta mekdepleriň okuw meýilnamalaryna täze okuw dersleri girizildi (ekologiýa, ykdysadyýetiň

**TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY WE ORTA HÜNÄRMENT MEKDEPLERINDE OKAÝAN TALYPLARYŇ SANY**



esaslary, özüňi alyp barmagyň medeniýeti, Türkmenistanyň medeni mirasy, dünýä medeniýeti, maglumat-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalar, modelleşdirme we grafika, birnäçe täze daşary ýurt dilleri), okuw işine häzirki zaman tehnologiýalar we okatmagyň interaktiw usullary ornaşdyrylýar.

2017-nji ýylda Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy kabul edildi, onuň maksady sanly platformanyň binýadynda bilim hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak we ilatyň ähli gatlaklary üçin üznüksiz bilim almak üçin şertleri döretmek bolup durýar. Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda, bilim edaralarynyň arasynda bitewi ulgamy tapgyrlaýyn döretmek, şeýle hem umumy bilim berýän edaralarda elektron gündelikleri, synp žurnallaryny, hasabatlylygy we beýlekileri ulanmak göz öňünde tutulýar. Meselem, ähli mekdeplerde häzirki wagtdan sapaklaryň rejenamasy we mugallymlaryň sapaklarynyň konspektleri elektron görnüşde elýeter bolup durýar. Ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde ulgamlaýyn programma üpjünçiliginiň binýadynda sanly bilim portallary döredildi, olarda talyplaryň özbaşdak taýýarlanmaklary, olaryň mugallymlar bilen aragatnaşyk saklamaklary üçin materiallar, audio-wideo materiallary, interaktiw-multimediýa programmalary, tanyşdyrmalar, mugallymlaryň leksiýalary, ylmy-tehniki maslahatlaryň çap edilen materiallary we beýlekiler ýerleşdirilýär. Sanly tehnologiýalary peýdalanmak bilen uzak aralykdan okuw sapaklary, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda, şeýle hem bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk saklanýan daşary ýurt ýokary okuw mekdepleri bilen yzygiderli esasda wideomaslahatlar guralýar.

Geljekde Türkmenistanyň öňünde üznüksiz bilim bermäge – şahsyýetiň bütin ömrüniň dowamynda onuň bilim (umumy we hünär) mümkinçiligini ýokarlandyrmagyny üpjün etmäge geçmek wezipesi durýar.

**OKAÝANLARYŇ TUTÝAN PAÝY, JYNSY BOÝUNÇA, 2018 ý., %**





## BILIM ULGAMYNDA GENDER DEŇLIGINI GAZANMAK

Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky milli syýasaty gender deňligini üpjün etmäge we zenanlar üçin bilim almak mümkinçiliklerini döretmäge gönükdirilendir. Umuman alnanda bilim ulgamynda gender deňeçerligi üpjün edilýär. Şunuň bilen birlikde, ýokary bilimde deň ölçegsizlik saklanyp galýar. 2018-nji ýylda ýokary okuw mekdeplerinde okaýan gyzlaryň paýy 38,5%-e deň body, 2015-nji ýylda 35,5% bolupdy.[13]

Gender deňligine gözükdirilen maksatnamalary we syýasaty mundan beýläk hem ösdürmek üçin Türkmenistanda gender deňligini üpjün etmek boýunça hereketleriň 2015 – 2020-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasy kabul edildi, zenanlar üçin deň mümkinçilikleri üpjün etmek we ýokary hilli bilimiň, saglygy goraýşyň we zähmet bazarynyň deň elýeter bolmagy oňa esas edilip alyndy.

## DÖM-IŇ 4-NJI MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Bilimiň deň elýeterligi (DÖM 4.5) mümkinçilikleriň deňligini üpjün etmäge (DÖM 10.3), ähli adamlaryň ýurduň durmuş, ykdysady we syýasy durmuşyna gatnaşmaklary üçin mümkinçilikleri döretmäge (DÖM 10.2), şol

[13] Türkmenistanyň Bilim ministrligi

sanda çözgütleri kabul etmek işine (DÖM 16.7), şeýle hem zenanlaryň ähli taraplaýyn we hakyky gatnaşmagyny üpjün etmäge (DÖM 4.2) mümkinçilik berer, bu bolsa, öz gezeginde, çagalaryň mekdebe çenli okuwyny üpjün etmekligi talap eder. Isleg bildirilýän başarnyklary bolan adamlaryň sanynyň köpelmegi (DÖM 4.4) ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak (DÖM 8,2) işine ýardam eder, öndürijilikli iş bilen üpjün etmäge (DÖM 8.5) mümkinçilik berer we ösüşe gözükdirilen syýasaty (DÖM 8.3) alyp barmaga ýardam eder. Beýleki tarapdan bu gymmat bolmadyk we ýokary hilli hünärment-tehniki we ýokary bilimiň elýeterligini (DÖM 4.23) üpjün etmegi, şeýle hem gender deňligine duýgur, hemme zady öz içine alýan, howpsuz, sütem etmeden we durmuş päsgelçiliklerinden azat we hemmeler üçin netijeli okuw gurşawyny (DÖM 4.a, 6.1, 6.2, 16.1) döretmegi talap eder. Şunuň bilen birlikde, bilimde durnukly ösüş meselelerini (DÖM 4.7) öňe sürmek, şol sanda durnukly ösüş (DÖM 12.8) we howanyň üýtgemegi (DÖM 13.3) baradaky maglumatlary üpjün etmek arkaly amala aşyrmak möhüm bolup durýar.


3.2 Çagalaryň we täze doglan bäbekleriň ölümini azaltmak
3.5 Psihoaktiw maddalara baglylygy bejermek
3.1 Eneleriň ölümini azaltmak
3.7 Seksual we reproduktiw saglygy goramak boýunça hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün etmek
12.8 Durnukly ösüş barada habarlar we maglumatlar
8.b Ýaşlary iş bilen üpjün etmegiň global strategiýasy
5.c Gender deňligini höweslendirmek maksatlarynda strategiýalar/kanunlar
16.10 Maglumatlaryň jemgyýete elýeterliligi
3.3 Epidemiýalaryň we ýokanç keselleriň soňuna çykmak
10.2 Durmuş, ykdysady we syýasy durmuşa gatnaşmak
4.7 Durnukly ösüşe ýardam etmek üçin zerur bolan bilimleri we endikleri üpjün etmek
4.4 Isleg bildirilýän başarnyklary bolan ýaşlaryň we uly ýaşly adamlaryň sanyny artdyrmak
5.a Ykdysady serişdelere deň hukuklylyk
3.6 Ýol-ulag hadysalarynyň netijesinde ölümiň we şikes almagyň sanyny azaltmak
16.7 Çözgütleri jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda jogapkärçilikli kabul etmek
5.b Ýokary netijeli tehnologiýalary işjeň peýdalanmak
3.9 Hapalanmagyň netijesinde ölüm halatlaryny we kesellemeleri azaltmak
4.5 Bilimiň deň elýeterliligi
10.5 Global maliýe bazarlary
13.1 Garşy durup bilijilik we uýgunlaşmaga ukyplylyk
3.a Tämmäkä garşy göreşi işjeňleşdirmek
8.5 Iş bilen üpjünçilik we hemmeler üçin mynasyp iş
5.5 Öňdebaryjylyk (liderlik) üçin deň mümkinçilikler
13.3 Howanyň üýtgemegi boýunça aň-bilim işleri we maglumatlary ýaýratmak
8.3 Ösüşe gözükdirilen syýasat
4.3 Hünärment-tehniki we ýokary bilimiň elýeterliligi
10.3 Mümkinçilikleriň deň bolmagy we netijeleriň deňsizligini peseltmek
4.a Okuwyň howpsuz, durmuş päsgelçiliklerinden erkin gurşawyny üpjün etmek
8.2 Diwersifikasiýa, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we innowasion iş
3.c Ösüp barýan döwletlerde saglygy goraýşy maliýeleşdirmek
6.2 Sanitar-gigiena serişdelerine ählumumy we deň hukukly elýeterlik
4.2 Çagalary ösdürmegiň, olara seretmegiň we mekdebe çenli okuwyň gowy hilli ulgamlarynyň elýeterligini üpjün etmek
4.c Hünärli mugallymlaryň sanyny köpeltmek
6.1 Hemmeler üçin agyz suwuň elýeterligi
16.1 Sütem etmegiň ähli görnüşleriniň ýaýrama derejesini peseltmek
8.6 Işlemeýän, okamaýan we hünär endiklerini öwrenmeýän ýaşlaryň paýyny azaltmak
16.2 Çagalar babatynda masgaralamagyň, ulanmagyň, söwdanyň we sütem etmegiň soňuna çykmak
3.4 Ýokanç däl kesellerden ölümi azaltmak

# 8 MYNASYP IŞLERI ÜPJÜN ETMEK WE YKDYSADY ÖSÜŞ



Türkmenistan geçiş ykdysadyýetli we işjeň emele gelýän bazar gatnaşyklary bolan ýurtlara degişlidir. Tebigy gazyň köp möçberde ätiýaçlyklarynyň bolmagy döwlete ykdysady ösüşde we durmuş maksatnamalaryny amala aşyrmakda görnüp duran netijeleri gazanmaga mümkinçilik berdi. Şunuň bilen birlikde tebigy energiýa göterijileriň, şol sanda gazyň dünýä bahalarynyň üýtgäp durmagy jemi içerki önümiň (JIÖ) ösüşiniň haýallamagyna sebäp boldy. Halkara gaz bazaryna çykylýan ugurlary giňeltmegiň Türkmenistanyň syýasatynyň möhüm bölegi bolup galýandygyna garamazdan, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we gurluş taýdan üýtgedip guramak, şeýle hem onuň tebigy gazyň eksportyna baglylygyny gowşatmak häzirki wagtda has-da ileri tutulýan ugra öwrülýär.

## BAZAR GATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞI

Durnukly ykdysady ösüşi gazanmak maksady bilen, hökümet tarapyndan önümçilik binýadyny giňeltmäge we hususy bölegi has giňişleýin çekmäge mümkinçilik berýän birnäçe maksatnamalar işlenip taýýarlandy. Ýurt bazar gatnaşyklaryna meýilnamalaýyn geçmekligi amala aşyrýar, munuň özi ýurdy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Prezident Maksatnamasynda kesgitlenendir. Bu diwersifikasiýalaşdyrylan bazar ykdysadyýetiniň esasynda düzümleýin özgertmeleri çuňlaşdyrmagy we çaltlandyrmagy, täze iş ýerlerini döretmegi, kiçi we orta telekeçiligi höweslendirmegi, hususy bölekde iş bilen üpjünçiligi giňeltmegi we resmi däl işleýänleri resmi bölege geçirmegi göz öňünde tutýar. Bu çäreleriň soňkusy ilatyň şu böleginiň durmuş goraglylygyny ýokarlandyrar we onuň töwekgelçiliklerini peseltmäge mümkinçilik berer, zähmet şertlerini gowulandyrar, şeýle hem olara durmuş kepillendirmelerini we mynasyp hak tölenilmegini üpjün eder.

Bazar gatnaşyklaryna geçmekligiň ilat üçin belli bir töwekgelçilikler bilen bilelikde bolup biljekdigini nazara almak bilen, Türkmenistanda düzgünleşdiriş çäreleriniň toplumy işlenip taýýarlanyldy. Meselem, döwlet kärhanalary hususylaşdyrylan mahalynda hususylaşdyrmadan soňky döwürde kärhananyň işiniň esasy ugurlary we iş ýerleri saklanyp galmalydyr, şeýle hem işgärleri durmuş taýdan goramak çäreleri, ekologiýa howpsuzlygy, daşky gurşawyň goragy üpjün edilmelidir.

Şunuň bilen birlikde, ilata goldaw bermek boýunça toplumlaýyn çäreler döredilýän kärhanalary bellige almak düzgünleriniň ýönekeýleşdirilmegini, salgyt ulgamynyň ýönekeýleşdirilmegini we onuň durnuklylygynyň ýokarlandyrylmagyny, maliýe taýdan goldawy (karz bermek), birinji nobatda zerur harytlaryň bahalaryny düzgünleşdirmegi we subsidiýa berilmegini, iň pes zähmet hakynyň we ähli pudaklarda zähmete tölenýän hakyň mundan beýläk hem ýokarlandyrylmagyny öz içine alýar.

Ykdysadyýetiň pudaklaryny gurluş taýdan üýtgedip guramak boýunça hökümet tarapyndan görülýän çäreler ýurtda täze kärhanalary açmak we täze iş ýerlerini döretmek üçin mümkinçilikleri döredýär. 2018-nji ýylda ykdysadyýetiň hakyky böleginde, ýagny senagatda we oba hojalygynda

işleýän adamlaryň sany ýurduň ähli ilatynyň 55,8%-ine deň boldy.[14]

## DURMUŞA GÖZÜKDIRILEN WE INKLÝUZIW YKDYSADY ÖSÜŞ

Ykdysady ösüş bilen durnukly ösmegiň arasynda deňeçerligi üpjün etmek ösüşiň inklýuziwligi we durmuşa gözükdirilen ugry üpjün edilen mahalynda mümkindir, ol deňligiň gazanylmagyna esaslanýar we ýurduň ykdysadyýetiniň durnuklylygyna ýardam edýär. Şeýlelikde, Türkmenistan mynasyp iş ýerlerini döretmäge, zähmetiň amatly şertlerini üpjün etmäge, çagalygy goramaga we aýallaryň ykdysady taýdan işjeňligini ýokarlandyrmaga çalyşýar.

Ykdysady ösüş zähmet bazarynda amatly ýagdaýy üpjün etmek, ilaty iş bilen doly üpjün etmegi nazara almak we mynasyp iş ýerlerini döretmek bilen bilelikde bolup geçmelidir. Şu maksatlarda 2013-nji ýylyň ahyrynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan

ZÄHMET WE ILATYŇ IŞ BILEN ÜPJÜNÇILIK MÜDIRLIKLERINDE BELLIGE ALNAN, IŞ GÖZLEÝÄN ADAMLAR










Zähmet serişdeleriniň hatarynda **ykdysadyýetde işleýänleriň sany**

**73,1%-e** deň boldy.

**Öý hojalygynda meşgul ilatyň** umumy sanynda zenanlaryň paýy



**91,4%-e** deňdir.

[14] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

goramak ministrligi tarapyndan Internet saýty döredildi. Ol zähmet bazaryndaky islegi we teklibi laýyk getirmek üçin «Bir penjire» mehanizmi bolup durýar we boş iş orunlary baradaky maglumatlary öz içine alýar. Saýtyň döredilen pursadyndan bäri bu platforma her ýylda bellige alnan peýdalanyjylaryň 90%-den gowragynyň işe ýerleşmegine kömek edýär. [15]

Şunuň bilen bir wagtda, ýalňyz ene-atalar, ýetimler, birinji gezek iş gözleýän ýaş hünärmenler, maýyplygy bolan raýatlar ýaly durmuş goldawyna mätäçlik çekýän adamlary üpjün etmek hem Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň merkezi bölegi bolup durýar.

2016-njy ýylda durmuş goldawyna mätäç adamlary işe ýerleşdirmek boýunça hususy we döwlete dahylsyz edaralaryň ählisi üçin bellenen paý (2-den 5 göterime çenli) girizildi. Bellenen paýyň golaýda ornaşdyrylandygyna we şu ugurda öňdebaryjy ýurtlaryň tejribesini öwrenmegiň esasynda gutarnykly işlemegiň dowam edýändigine garamazdan, ol jemgyýetçilik tarapyndan giňden goldanylýar.

2018-nji ýylda, bellenen paýyň çäklerinde, işe ýerleşdirilenleriň umumy sanynda 2,2%-ini durmuş goldawyna mätäç adamlar tutdy, olaryň 6%-i maýyplygy bolan adamlar, 5,3%-i birinji gezek iş gözleýän ýetimler, 25,8%-i ýalňyz ene-atalar ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar, 53,9%-i üpjünçiligi pes maşgalalardan bolan raýatlar, 0,3%-i radiasiýa heläkçiliginiň netijesinde zyýan çekenler bolup durýar. [16]

Beýleki bir tarapdan zenanlaryň ykdysady işine gatnaşmagy hem ykdysady ösüşi ilerlediji güýç bolup hyzmat edip biler. Häzirki wagtda ýurtda erkek adamlar bilen deňeşdirilende

**IŞE ÝERLEŞDIRILENLERIŇ UMUMY SANYNDA DURMUŞ GOLDAWYNA MÄTÄÇLIK ÇEKÝÄN ADAMLAR, 2018 ý.**




[15] Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi
[16] Şol ýerde, sah.39

zenanlaryň ykdysady taýdan işjeňliginiň pesdigi bellenilýär, bu ýagdaý, esasan, zenanlaryň reproduktiw işe çekilýändigi bilen baglydyr. 2018-nji ýylda öý hojalygynda işleýän adamlaryň 91,4%-i zenanlardan ybarat boldy.[17] Şonuň üçin hem zenanlaryň ykdysady işe çekilmegi milli ykdysadyýetiň möhüm bölegi bolup durýar.

Zenanlaryň telekeçilik işiniň ösdürilmegini höweslendirmek üçin Türkmenistan zenanlaryň telekeçilik endiklerini ösdürmek, karz bermekligiň ýörite çyzgytlaryny peýdalanmak we banklaryň hem-de kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň döredilmegine goldaw berýän guramalaryň gender duýgurlygyny ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalary amala aşyrmagy özüniň wezipesi edip goýýar.

Şunuň bilen birlikde, ýurtda 15-den 19 ýaş aralygyndaky ýaşlaryň iş bilen üpjünçilik we bilim ulgamynyň daşynda galan, ýagny NEET (Not in Employment, Education or Training) toparyna degişli bolan bölegi ortaça 8,2%-e deňdir. Olaryň işe ýerleşmegine ýardam etmek maksady bilen, 2017-nji ýylda Ýaş hünärmenleri işe ýerleşdirmek boýunça pudagara topary döretmek hakynda karar kabul edildi. Bu Toparyň işi ýaşlary geljekki hünäri saýlap almaga gönükdirmek hem-de olary bazar ykdysadyýetiniň we innowasiýalaryň ösýän şertlerinde zähmet ýolunyň dowamynda hünärleriň mümkin bolan üýtgeşmelerine taýýarlamaga gönükdirilendir.

## ZÄHMETI WE ADAM HUKUKLARYNY GORAMAK

Zähmeti goramagyň medeniýetini saklamak we işiň ygtybarly we howpsuz şertlerini üpjün etmek arkaly ýurduň ilaty tarapyndan mynasyp ýaşaýşyň alnyp barylmagy üçin amatly şertleriň döredilmegine zerur üns berilýär. Türkmenistan Halkara Zähmet guramasynyň (HZG) esas goýujy konwensiýalarynyň sekizisini hem tassyklady.

Zähmeti goramak, agyr şertlerde zähmet çekýänlere, şikes alanlara ýa-da hünär keseline ýoluganlara öwezini doluş töleglerini tölemek, ýeňillik bermek meselelerine kärdeşler arkalaşygynyň birleşikleri tarapyndan gözegçilik edilýär, olar önümçilik häsiýeti bolan betbagtçylykly ýagdaýlary derňemek boýunça ähli işlere gatnaşýarlar, şeýle hem iş beriji tarapyndan zähmetiň howpsuz şertleriniň üpjün edilmedik mahalynda işgärler bilen ýolbaşçylaryň arasynda ýüze çykýan meselelerde zähmetkeşleriň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny üpjün edýärler.

Şunuň bilen birlikde, iş beriji tarapyndan zähmeti goramak boýunça borçlaryň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligi giň ýaýrandyr. Durmuş hyzmatdaşlygy tejribesi bar, şunda zähmet kollektiwi bilen iş berijiniň arasynda toparlaýyn şertnama baglaşylýar, ol taraplaryň her biriniň hukuklarynyň we borçlarynyň deňeçerliginiň berjaý edilmegini, şeýle hem howply we agyr şertlerdäki iş üçin öwezini doluş mehanizmlerini göz öňünde tutýar.

Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny goramaga, aýratyn hem olaryň zähmet işine çekilişine aýratyn üns berilýär. Çaga zähmeti bilen meşgullanýan 5-den 17 ýaş aralygyndaky çagalaryň paýynyň ýurtda örän pes bolup durýandygyna (0,3%) garamazdan, ony doly ýok etmek wezipesi goýulýar.[18] Şu maksat bilen ÝUNISEF bilen bilelikde işlenip taýýarlanylan Çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň 2018 – 2020-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasy kabul edildi. Bu meýilnama, beýleki çäreler bilen bir hatarda, çaga zähmetiniň has ýaramaz görnüşlerini gadagan etmek we ýok etmek boýunça öňüni alyş çärelerini, çagalaryň

[17] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

[18] 2015 – 2016-njy ýyllaryň köp görkezijileri boýunça klaster barlaglary

ýagdaýyny gowulandyrmagy, şeýle hem olaryň hukuklarynyň we abadançylygynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutýar. Meselem, işe kabul etmek üçin iň pes ýaş 18 ýaş derejesinde bellendi, okuwçylar ýa-da talyplar tarapyndan zähmet işiniň amala aşyrylmagyna diňe ene-atalaryň ýa-da hossarlarynyň rugsady bilen ýol berilýär, 18 ýaşamadyk adamlary zähmet işine çekmeklige iş gününiň gysgaldylan dowamlylygy bolan, gijeki çalşykda we wagtyndan artyk işlemek gadagan edilen aýratyn düzgüniň esasynda rugsat berilýär. Çagalaryň hukuklaryny goramak we çagalygy goramak boýunça wezipeleri durmuşa geçirmek döwlet edaralary bilen jemgyýetçilik guramalarynyň arasynda özara hereket etmegiň ýokary derejesiniň esasynda amala aşyrylýar.

## HUSUSY BÖLEGIŇ ÖSÜŞI

Milli ykdysadyýetde telekeçileriň sanyny artdyrmagyň hem ileri tutulýan häsiýeti bardyr. Oba hojalygynda döwlete dahylsyz bölegiň paýy 92%-den gowrak bolup, tutuş ykdysadyýet boýunça (ýangyç-energetika toplumyny goşmazdan) 68,5%-e deňdir.[19] Ykdysadyýetde işleýänleriň umumy sanynda hususy telekeçileriň tutýan orny ýokarlanýar. Bu we beýleki ýagdaýlar bilen bir hatarda, banklar tarapyndan hususy telekeçilige karz bermekligiň artýandygy, şeýle hem bank edaralarynyň şahamça ulgamynyň giňelmegi bilen baglydyr. Mysal üçin, soňky ýyllarda bank ulgamynyň ýaýrawynyň giňelmegi ýurduň döwlete dahylsyz böleginiň, şol sanda oba hojalygynda importyň ornuny tutýan we eksporta



[19] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

**JEMI IÇERKI ÖNÜMDE DÖWLETE DAHYLSYZ BÖLEGIŇ PAÝY**
**(ÝANGYÇ-ENERGETIKA TOPLUMYNY HASABA ALMAZDAN)**

| 68% | 68,6% | 68,5% | 68,5% |
|---|---|---|---|
| 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý.* |

* dessin maglumatlar

**2015 –2018-nji ýyllarda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegine karz goýumlaryň depgini (mlrd. manat)**




niýetlenen önümleri öndürýän önümçilikler boýunça taslamalaryň we ykdysady işiň beýleki görnüşleriniň karzlaşdyrylýan möçberini, şeýle hem ilata ipoteka we sarp ediş karzlarynyň berlişini artdyrmaga mümkinçilik berdi. Şunuň ýaly serişdeleriň berilmeginiň hususy bölegi ösdürmek babatynda höweslendiriji häsiýeti bardyr we olar üzmegiň kabul ederlikli möhletleri bilen ýeňillikli göterim möçberleri boýunça maliýeleşdirildi.

Türkmenistanyň bank ulgamynda öňegidişligiň gazanylmagy, şol sanda startaplary maliýeleşdirmäge uýgunlaşdyrylan adaty karz gurallaryny giňeltmek bilen baglanyşykly birnäçe derwaýys meseleler bilen bilelikde bolup geçýär. Häzirki wagtda bank tarapyndan karzlaşdyrmagyň görkezilen segmenti çalt depginlerde ösdürilmegini we ýöriteleşdirilen halkara guramalary tarapyndan geňeş kömeginiň çäklerinde öňdebaryjy amaly tejribäniň öwrenilmegini talap edýär. Görkezilen ugurda şu tapgyrda durmuşa geçirilen amaly işlere hususy hem-de daşarky maliýe serişdelerini jemlemäge ýardam edýän aýratynlygy kämilleşdirmek we mümkinçilikleri pugtalandyrmak boýunça banklar tarapyndan alnyp barylýan işi degişli edip bolar.

## ÖNÜMÇILIKLERI WE AMATLYKLARY «ÝAŞYLLAŞDYRMAK»

Howanyň üýtgemegi we daşky gurşawyň zaýalanmagy ýaly häzirki zaman wehimleri ýurdy senagat taýdan ösdürmäge çemeleşmelere gaýtadan seretmek zerurlygyny döredýär. Önümçilikleriň ekologiýa taýdan howpsuzlygyny üpjün etmek we zyýanly maddalaryň daşky gurşawa we howa taşlanmagyny çäklendirmek boýunça meseleler aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Türkmenistanda bu ugruň ileri tutulýan häsiýeti bardyr. Milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda innowasion, serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar, ekologiýa standartlaryna laýyklykda howanyň arassalygyna gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreler görülýär.

Senagatda, hususan-da energetika böleginde ekologiýa taýdan arassa we serişdeleri tygşytlaýjy döwrebap tehnologiýalary peýdalanmaga geçilýär. Olaryň daşky gurşawa ýetirýän täsirini azaltmak maksady bilen, senagat desgalarynyň gurluşygyna bildirilýän ekologiýa talaplary girizildi. Gurulýan desgalarda hökmany ekologiýa seljermesi geçirmelidir we olara bar bolan kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda, ekologiýa pasporty berilmelidir.

Şunuň bilen birlikde, ähli ýerde önümçilikleri döwrebaplaşdyrmagyň we täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna olary ekologiýanyň talaplaryna laýyk getirmek amala aşyrylýar. Meselem, bar bolan önümçilikleriň durky täzelenende we täze gazyp çykaryjy we gaýtadan işleýän kuwwatlyklar gurulýan mahalynda ýurda getirilýän täze tehnologiýalaryň ekologiýa laýyklygyna gözegçilik amala aşyrylýar. Amala aşyrylýan çäreleriň çäklerinde önümçilik pudagynda oňyn öňegidişlikleriň gazanylýandygy bellenilýär, bu pudakda galyndysy az bolan tehnologiýalaryň peýdalanylyşy giňelýär, lagym

we suw üpjünçilik ulgamlarynyň durky täzelenýär, ýerasty suwlary senagat galyndylaryndan arassalamak we olary gaýtadan ulanmak boýunça işler alnyp barylýar.

## DÖM-IŇ 8-NJI MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we innowasion iş (DÖM 8.2) durnukly önümçilik we sarp ediş modellerini ornaşdyrmagyň (DÖM12.1), galyndylary azaltmagyň (DÖM 11.6, 12.3 we 12.4) we olary gaýtadan peýdalanmagyň (DÖM 12.5), şeýle hem ekologiýa taýdan netijelilikden ugur almak bilen, amatlyklary we senagat kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmagyň (DÖM 9.4), şol sanda bu işleri täzeden döreýän energiýa çeşmeleriniň peýdalanylýan paýyny artdyrmak (DÖM 7.2) we energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak (DÖM 7.3) arkaly amala aşyrmagyň hasabyna tebigy serişdeleri peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga (DÖM 8.4 we 12.2) esaslanýar. Şu wezipäniň amala aşyrylmagy ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etmäge (DÖM 8.1) we ykdysadyýetde senagat böleginiň paýyny artdyrmaga (DÖM 9.2), saglygy goraýyş ulgamynda geçirilýän çärelere goldaw bermäge (DÖM 4.3 we 3.8), ykdysady goşulyşmaga (DÖM 10.2) we täze iş ýerlerini



döretmäge (DÖM 8.5), zähmet haky we durmuş goraglylygy meselelerinde (DÖM 10.4) has ýokary deňligi gazanmaga mümkinçilik berer.

Ykdysadyýetde öndürijiligi ýokarlandyrmak, kärhanalaryň we amatlyklaryň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek (DÖM 8.2 we 9.4) üçin ylmy barlaglary işjeňleşdirmek we tehnologik kuwwaty artdyrmak (DÖM 9.5 we 12.a) we ilaty isleg bildirilýän başarnyklar bilen üpjün etmek maksady bilen (DÖM 4.4), elýeter we ýokary hilli hünärment-tehniki bilim bermek (DÖM 4.3) zerurdyr.

Kiçi we orta telekeçiligiň kärhanalarynyň maliýe serişdelerine elýeterligini giňeltmegiň (DÖM 9.3), şol sanda ony milli maliýe edaralarynyň kuwwatyny pugtalandyrmak (DÖM 8.10) arkaly amala aşyrmagyň, maglumatlaryň ilat üçin elýeterligini giňeltmegiň (DÖM 16.10), ykdysady serişdelere deň hukuklary kepillendirmegiň (DÖM 5.a), hasabat beriji edaralary döretmegiň (DÖM 16.6), korrupsiýanyň gerimini daraltmagyň (DÖM 16.5) we makroykdysady durnuklylygy üpjün etmegiň (DÖM 17.13) hasabyna ösdürip bolar.

Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak (DÖM 8.2) hasabat beriji we transperent (açyk) institutlary döretmegiň (16.6), hukuklary kemsitmeýän kanunlary durmuşa geçirmegiň (DÖM 16.b), hukugyň hökmürowanlygyny üpjün etmegiň (DÖM 16.3) we hususy bölek hem-de raýat jemgyýeti bilen hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň (DÖM 17.17), howanyň üýtgemegi meseleleri we uýgunlaşmak çäreleri boýunça habarlylygy ýokarlandyrmagyň (DÖM 13.3), milli strategiýalara ekoulgam çemeleşmesini ornaşdyrmagyň (DÖM 15.9), şeýle hem kompaniýalar tarapyndan ekologiýa hasabatlylygyny ösdürmegiň (DÖM 12.6) hasabyna amala aşyrylyp bilner.


4.c Hünärli mugallymlaryň sanyny köpeltmek
12.8 Durnukly ösüş barada habarlar we maglumatlar
11.6 Howanyň hili we şäher galyndylaryny aýyrmak
11.7 Ýaşyl zolaklar we jemgyýetçilik ýerleri
17.9 Ähli maksatlara ýetmek üçin kuwwaty artdyrmak
8.4 Serişdeleri peýdalanmagyň global netijeliligi
7.a Halkara hyzmatdaşlygy
3.8 Saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ählumumy gurşawy üpjün etmek
12.b Durnukly syýahatçylyk
16.3 Adyl kazyýetiň deň elýeterliligi
11.c Ekologiýa taýdan durnukly we mäkäm binalar
8.8 Işiň ygtybarly we howpsuz şertleri
13.2 Milli derejede syýasat
17.1 Salgytlary we beýleki girdejileri ýygnamak
11.5 Tebigy betbagtçylyklara garşy durnuklylyk
11.4 Bütindünýä medeni we tebigy miras
15.8 Keseki inwaziw görnüşler
6.B Suwuň hilini ýokarlandyrmak
7.3 Energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak
11.a Milli we sebit ösüşini meýilleşdirmek
17.6 Demirgazyk-Günorta, Günbatar-Gündogar ugry boýunça hyzmatdaşlyk, üç taraplaýyn sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy
3.3 Howanyň üýtgemegi boýunça aň-bilim işleri we maglumatlary ýaýratmak
13.1 Garşy durup bilijilik we uýgunlaşmaga ukyplylyk
15.6 Genetiki serişdeleri peýdalanmak
13.b Meýilleşdirmek we dolandyrmak mümkinçiliklerini pugtalandyrmak
15.a Maliýe serişdeleri
8.9 Durnukly syýahatçylyk
17.8 Ylmy, tehnologiýalary we innowasiýalary ösdürmegiň mehanizmi
12.1 Sarp edişiň we önümçiligiň oýlanyşykly modelleri
9.4 Amatlyklary döwrebaplaşdyrmak we senagat kärhanalaryny gaýtadan enjamlaşdyrmak
12.a Ylmy-tehniki kuwwaty
17.17 Döwlet guramalarynyň arasynda, döwlet bölegi bilen hususy bölegiň we raýat jemgyýetiniň guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk
17.7 Ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary ýaýmak
9.1 Gowy hili, ygtybarly, durnukly we çydamly ýapatlyklar
12.6 Kompaniýalaryň hasabatlarynda serişdeleriň netijeli peýdalanylyşy barada maglumat
3.9 Hapalanmagyň netijesinde ölüm halatlaryny we kesellemeleri azaltmak
12.2 Tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmak
17.14 Durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça ýzygiderli syýasat
15.9 Umumymilli we ýerli meýilleşdirmek
11.2 Hemmeler üçin açyk we ekologiýa taýdan durnukly şäherleşme
5.5 Öňdebaryjylyk (liderlik) üçin deň mümkinçilikler
9.5 Ylmy barlaglar, senagat pudaklarynyň tehniki kuwwatyny güýçlendirmek
16.b Hukuklary kemsitmeýän kanunlar we syýasat
1.3 Hemmeler üçin durnukly goraglylygy
8.1 Ilatyň jan başyna düşýän ykdysady ösüş
7.2 Gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden alynýan energiýanyň paýyny artdyrmak
12.7 Döwlet satyn almalarynyň durnukly tejribeleri
2.3 Oba hojalygynyň netijeliligi we girdejiler
9.3 Maliýe serişdeleriniň elýeterliligi
9.2 Ähli zady gurşap alýan we durnukly senagatlaşma
12.c Gazylyp alynýan ýangyç üçin subsidiýa bermekligiň netijesizligi
16.10 Maglumatlaryň jemgyýetçilik üçin elýeterliligi
10.4 Býujet-salgyt syýasaty we zähmet haky we durmuş goraglylygy meseleleri boýunça syýasat
4.3 Hünärment-tehniki we ýokary bilimiň elýeterliligi
10.2 Durmuş, ykdysady we syýasy durmuşa işjeň gatnaşmak
12.3 Iýmit galyndylary we azyk ýitgileri
3.4 Ýokanç däl kesellerden ölümi azaltmak
1.2 Milli kesgitlemelere laýyklykda garyplygy azaltmak
4.4 Isleg bildirilýän başarnyklary bolan ýaşlaryň we uly ýaşly adamlaryň sanyny artdyrmak
11.1 Ýeterlik, howpsuz we gymmat bolmadyk ýaşaýyş jaýy
12.5 Galyndylaryň öňüni almak, azaltmak, gaýtadan işlemek we täzeden peýdalanmak
17.13 Global makroykdysady durnuklylyk
1.1 Aşa garyplygy aradan aýyrmak
5.b Ýokary netijeli tehnologiýalary işjeň peýdalanmak
2.4 Azyk önümlerini öndürmegiň durnukly ulgamlary
6.b Ýerli jemgyýetleriň gatnaşdyrylmagy
4.5 Bilimiň deň elýeterliligi
9.c Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň elýeterliligi
4.a Okuwyň howpsuz, durmuş päsgelçiliklerinden erkin gurşawyny üpjün etmek
16.5 Korrupsiýa we parahorlyk
9.b Ýurtda öndürilýän tehnologiýalar ulgamynda işläp taýýarlamalar
2.b Dünýä bazarlarynda söwda çäklendirmeleri
5.c Gender deňligini höweslendirmek maksatlarynda strategiýalar/kanunlar
10.6 Ösüp barýan ýurtlaryň global edaralarda çözgütleri kabul etmek işine gatnaşmagy
17.16 Durnukly ösüş maksatlarynda global hyzmatdaşlyk
2.a Oba amatlyklaryna maýa goýumlary gönükdirmek
1.b Strategik mehanizmler
8.5 Iş bilen üpjünçilik we hemmeler üçin mynasyp iş
10.7 Migrasiýa we adamlaryň ykjamlygy
16.4 Bikanun maliýe akymlary we ýarag akymlary
10.c Migrantlar tarapyndan pul serişdeleriniň geçirilmegi bilen bagly amal harajatlary
1.5 Gurby pes we aýratyn goralmagy zerur bolan adamlaryň durmuşa çydamlylygy
10.3 Mümkinçilikleriň deňligi we netijeleriň deňsizligini azaltmak
5.4 Hak tölenmeýän zähmet we öý hojalygyny alyp barmak boýunça iş
10.1 Girdejileriň ýokarlanmagy (üpjünçiligi pes 40%)
16.6 Netijeli, hasabat berijí we açyk edaralar
2.c Azyk harytlarynyň bazarlary
1.a Serişdeleri jemlemek
16.7 Çözgütleri jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda jogapkärçilikli kabul etmek
17.3 Ösüp barýan ýurtlar üçin goşmaça maliýe serişdeleri
5.a Ykdysady serişdelere deň hukuklylyk

# 10 DEŇSIZLIGIŇ AZALDYLMAGY



Deňsizligiň azaldylmagy maksadynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň ykdysady durnuklylygyny, durmuş abadançylygyny we ekologiýa taýdan durnuklylygyny üpjün etmekde wajyp ähmiýete eýe bolýar. Şunuň bilen birlikde, durmuş deňligini we adalatlylygyny gazanmak ýurduň bitewiligini üpjün etmek wezipesiniň merkezinde durýar we onuň güýçli döwleti gurmak we gülläp ösýän ykdysadyýeti kemala getirmek boýunça tagallalaryna goldaw berýär.

## DURMUŞ ADALATLYLYGYNY GAZANMAK

Durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek wezipesi ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak, ýaşaýşyň hilini gowulandyrmak, raýatlary deň mümkinçilikler we hyzmatlaryň hem-de önümçilik aktiwleriniň olar üçin elýeterligini üpjün etmek boýunça maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilişine göni baglydyr.

Sebitleriň ösüşinde deňsizligi azaltmak we olaryň deňeçer ösüşini üpjün etmek meseleleriniň, şeýle hem ykdysady ösüşden alynýan eşretleri ähli raýatlaryň arasynda adalatly paýlamak meseleleriniň aýratyn ähmiýeti bardyr. Ýurduň dürli sebitlerinde durmuş derejesini deňleşdirmek boýunça wezipeleri çözmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy» kabul edildi. Ol ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak, senagatlaşdyrmak we raýatlaryň işe ýerleşmekleri üçin mümkinçilikleri döretmek arkaly olaryň ykdysady taýdan ýokary işjeňliginiň hasabyna ilatly ýerleri ösdürmek boýunça birnäçe çäreleri göz öňünde tutýar. Häzirki wagtda ýaşaýşyň derejesi we hili boýunça oba ýerleriniň şäherlere ýakynlaşýandygy bellenilýär.

2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2018-nji ýylda öý hojalyklarynyň jemi girdejisi, baha subsidiýalaryny we dotasiýalary hasaba almazdan, tutuş ýurt boýunça 17,4%, pul girdejileri bolsa 10,4% ýokarlandy. Türkmenistanda ortaça zähmet haky 2018-nji ýylda 1569,9 manada deň boldy. Şunuň bilen birlikde, «hiç kimi yzda goýmaly däl»

2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2018-nji ýylda, baha subsidiýalaryny we dotasiýalary hasaba almazdan, **öý hojalyklarynyň jemi girdejisi** we **pul girdejileri** tutuş ýurt boýunça **ÝOKARLANDY**

↑17,4 %

↑10,4 %



2018-nji ýylda Türkmenistanda

**ORTAÇA AÝLYK ZÄHMET HAKY** **1569,9** manat

2018-nji ýylda **pul çykdaýjylaryň** düzüminde çykdajylar



**46,0%** iýmit



**31,8%** azyk däl harytlar



**9,8%** hyzmatlar

ýörelgesine esaslanmak bilen, üpjünçiligi pes öý hojalyklarynyň girdejilerini artdyrmaga aýratyn üns berilýär. Ilatyň şu böleginiň girdejileriniň artma meýliniň bardygy bellenilýär; mundan başga-da, döwlet tarapyndan berilýän durmuş tölegleri 2018-nji ýylda olaryň girdejileriniň düzüminde 12,7%-e deň boldy.[20]

[20] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

Türkmenistanda döwlet maýyplygy boýunça, ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa, çaga doglanda, çaga seretmek boýunça kömek puluny, maýyplygy boýunça we durmuş kömek puluny tölenýär. Mundan başga-da, zähmet çekmäge ukypsyz adamlara, ýalňyz ýaşaýan raýatlara, maýyplygy bolan adamlara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara durmuş tölegleri tölenilýär we olara pul töleglerini we ýeňillikleri bermek, derman serişdeler, maýyplar üçin arabajyklar, protezler we beýleki protez-ortopedik önümler, ýörite şriftli neşir önümleri, ses güýçlendiriji gurallar we duýduryjy enjamlar bilen üpjün etmek arkaly dürli görnüşdäki kömek berilýär, şeýle hem lukmançylyk, durmuş, hünär taýdan dikeltmek we durmuş hyzmatlaryny etmek boýunça çäreler geçirilýär.

Ýurtda durmuş transfertleri bölünip berildi, olar bazar tarapyndan kesgitlenýän girdejileriň paýlanyşyny düzgünleşdirmäge mümkinçilik berdi. Şunuň ýaly transfertler durmuş kepillendirmeleri görnüşinde ähli ilata berildi, bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçilmeginiň netijelerini, şeýle hem global maliýe-ykdysady çökgünlik şertlerinde ýüze çykan ýagdaýlary ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berdi. Bu çäreler ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagyna getirdi, bu bolsa zähmet işi bilen üpjünçiligiň has ýokary derejesi bilen utgaşdyrylyp, ozal mugt berlen durmuş hyzmatlary üçin töleg girizilmegine mümkinçilik berdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda, 2019-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ilaty elektrik energiýasy, gaz, agyz suwy we nahar duzy bilen tölegli esasda, ýöne ýeňillikli bahalar boýunça üpjün etmek girizildi. Bu ilatyň aýratyn goralmagy zerur bolan gatlaklaryny durmuş taýdan goramagyň salgylaýyn ulgamyny pugtalandyrmaga, tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy üçin höweslendirmeleri döretmäge mümkinçilik berer, şeýle hem bazar gatnaşyklarynyň mundan beýläk ösdürilmegine ýardam eder.

## ZENANLARYŇ HUKUKLARYNY WE MÜMKINÇILIKLERNI GIŇELTMEK

Zenanlaryň deň hukuklaryny we deň mümkinçiliklerini üpjün etmek olaryň hereket edýän kanunçylykda kepillendirilen raýat, syýasy, ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryny durmuşa geçirip bilmekleri üçin şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýar. Bu wezipäniň DÖM-i amala aşyrmakda umumy üstünlik gazanmak üçin hem, ýurduň mundan beýläkki durmuş-ykdysady ösüşi üçin hem möhümdigini nazara almak bilen, Türkmenistan aýal maşgalalaryň ýurduň we jemgyýetiň durmuşyna doly derejede gatnaşyp bilmeklerini üpjün edýän şertleriň döredilmegine aýratyn üns berýär. Kabul edilen, gender deňligini üpjün etmek boýunça hereketleriň 2015 – 2020-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasy BMG-niň adam hukuklary boýunça Şertnamalaýyn edaralarynyň we guramalarynyň maslahatlaryny nazara almak bilen işlenip taýýarlandy we ýurduň gender deň hukuklylygyny üpjün etmek we aýallaryň hukuklary hem-de mümkinçiliklerini giňeltmek babatynda syýasatynyň möhüm ugurlaryny öz içine alýar.

Bu ugurda gazanylan üstünlikleriň biri hem zenanlar tarapyndan ykdysady iş amala aşyrylanda deň mümkinçilikleriň üpjün edilendigi we hünär babatda bölmekligiň ýok edilendigi bolup durýar. 2016-njy ýylda Türkmenistanyň Zähmet

kodeksine zenanlar tarapyndan zähmet işini ýerine ýetirmekde wagt boýunça çäklendirmeleriň aýrylmagyny göz öňünde tutýan üýtgetmeler girizildi. 2019-njy ýylyň martynda kanunçylyga zenanlar tarapyndan ozal olaryň çekilmän biljek işleriniň ýerine ýetirilmegi babatynda çäklendirmeleriň aýrylmagyny göz öňünde tutýan üýtgetmeler girizildi.

## MALIÝE HYZMATLARYNYŇ ELÝETERLILIGI

Maliýe serişdeleriniň elýeter bolmazlygy ykdysady taýdan işjeňligi ýokarlandyrmak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, iş ýerlerini döretmek, ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak, şeýle hem inklýuziw ykdysady ösüşi üpjün etmek babatynda esasy çäklendiriji bolup durýar. Maliýe serişdeleriniň deň derejede elýeter bolmagy, bir tarapdan, girdejileriň deňsizligini aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bank ulgamynyň işiniň däp bolan aýratynlygy ulgamyň gurluş düzümleriniň jemgyýetiň durmuşynyň dürli ugurlaryna we döwletiň ösüşine hemmetaraplaýyn çekilmegini göz öňünde tutýar.

Maliýe hyzmatlarynyň we ykdysady serişdeleriň ýurduň ähli raýatlary üçin elýeter



**BERLEN KARZLARYŇ MÖÇBERI, MLRD MANAT**




bolmagyny üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň möhüm wezipesi bolup durýar. Şu günki günde banklar tarapyndan sarp ediş zerurlyklaryny ýeňillikli möçberler boýunça karzlaşdyrmak amala aşyrylýar, oba hojalygyny we hususy telekeçiligi ösdürmek üçin karzlar hem ýeňillikli göterim möçberleri boýunça berilýär. Bu çäreler karz bermekligiň depginini 2015-nji ýylda 50,8 mlrd manat bolanlygyndan 2018-nji ýylda 80,9 mlrd manada çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi.[21]

Ýurduň ilatynyň ýaşaýyş jaý-durmuş şertlerini gowulandyrmak we olaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak maksady bilen, raýatlara ýokary amatlyklary bolan we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlardan öý satyn almak üçin amatly şertlerde ýeňillikli ipoteka karzlary berilýär. Karz uzak möhletli esasda 30 ýyla çenli berilýär, şunda ýyllyk möçber 1 (bir) göterime deňdir, esasy berginiň tölegi bolsa bäş ýyl ýeňillikli döwürden soň başlanýar.

Ykdysadyýeti sanly ulgama geçirmek ugruna ähli ilata, şol sanda uzakda ýerleşen etraplarda ýaşaýan adamlara döwlet we bank hyzmatlaryny etmek mümkinçiligi hökmünde seredilýär. Birnäçe üstünlikli ornaşdyrylan we elýeter sanly hyzmatlaryň bardygyna garamazdan, hökümet tarapyndan sanly aragatnaşyk ulgamyny hemme ýerde ornaşdyrmak, «Bir penjire» hyzmatlaryny ösdürmek we sanly hasabatlylygy girizmek üçin maddy-tehniki binýady taýýarlamak işleri geçirilýär. Mundan başga-da, ilatyň arasynda internetiň elýeterliligi giňelýär, şeýle hem oba ýaşaýjylary üçin internet hyzmatlaryndan peýdalanmagyň has pes nyrhlary hereket edýär.

**INTERNETDEN PEÝDALANÝANLARYŇ SANY, MLN**




## TERTIPLEŞDIRILEN WE HOWPSUZ MIGRASIÝA

Tertipleşdirilen, howpsuz, kanuny we jogapkär migrasiýany üpjün etmek adamyň hukuklaryny we erkinliklerini üpjün etmekde, şeýle hem mynasyp ýaşaýyş şertlerini döretmekde möhüm düzüm bölek bolup durýar. Türkmenistan tertipleşdirilen migrasiýa meselelerine, migrantlaryň hukuklarynyň goralyşyna we olaryň öz hukuklaryny we erkinliklerini durmuşa geçirmekleri üçin şertleriň döredilmegine dykgatly üns berýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, migrantlar zähmet şertleri, hak tölemek we

[21] Türkmenistanyň Merkezi banky

dynç alyş meselelerinde, şeýle hem durmuş üpjünçiligi babatda Türkmenistanyň raýatlaryna deňleşdirilýär. Şeýle hem olaryň gyssagly lukmançylyk kömegini almaga, çagalar üçin bilimiň deň elýeter bolmagyna we medeni özboluşlylygyny saklamaga hukugy bardyr. Bu çäreler ýurda täze gelen migrantlaryň goşulyşmagy we durmuş taýdan uýgunlaşmagy üçin amatly şertleri döretmäge mümkinçilik berýär.

Migrantlaryň zähmet hukuklaryny goramak meselesi hem aýratyn orun eýeleýär, sebäbi ol birnäçe möhüm jähtlere, şol sanda mynasyp zähmet hakynyň tölenmegine, dynç almaga bolan hukuga we tehniki howpsuzlyga täsirini ýetirýär. Türkmenistanda migrantlary kabul edýän taraplaryň jogapkärçiligini güýçlendirmek boýunça, şol sanda ýaşaýyş jaý meselelerini çözmekde, olara durmuş bukjasyny bermekde ýardam etmek babatynda çäreler görüldi.

Häzirki ýagdaýlary hasaba almak bilen, migrantlary bellige almak we hasaba almak üçin täze programmalar ornaşdyrylýar. Wiza, ýol resminamalaryny, şeýle hem pasport almak üçin resminamalary elektron usulda kabul etmek işjeň kämilleşdirilýär.

Migrasiýa we raýatsyzlyk ýagdaýy ulgamynda Türkmenistan raýatsyzlyk ýagdaýy hakynda konwensiýalara goşulmak, kanunçylygy özgertmek, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň şahsyýetini biometriki parhlandyrmak boýunça Merkezi Aziýa sebitinde öňdebaryjy bolup durýar. Şu wagta çenli Türkmenistan 22 000-den gowrak adama raýatlyk berdi.[22] Şunuň bilen birlikde, «Keýigokara» jemgyýetçilik guramasy tarapyndan güýjüni ýitiren resminamalary (SSSR-iň pasporty) bolan adamlaryň ýa-da resminamalary bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginde kanuny bolmaklaryna ýardam etmek boýunça taslama durmuşa geçirilýär. Şeýlelikde, 2015 – 2018-nji ýyllar aralygyndaky döwürde 4167 adam Türkmenistanyň raýatlygyny aldy.

BMG-niň raýatsyzlyk ýagdaýyny 2024-nji ýyla çenli ýok etmek boýunça global on ýyllyk meýilnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Raýatsyzlyk ýagdaýyny ýok etmek boýunça hereketleriň 2019 – 2024-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreler amala aşyrylýar, bu meýilnama halkara guramalary, şol sanda BMG-niň Bosgunlar boýunça ýokary komissarynyň müdirliginiň sebitdäki wekilhanasy we raýat jemgyýeti bilen ýakyn hyzmatdaşlygyň netijesinde işlenilip taýýarlanyldy.

Mundan başga-da, adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi parahat we inklýuziw jemgyýeti gurmaga ýardam edýär. Türkmenistanda geçirilen «Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna» bosgunlaryň toparynyň birinji gezek gatnaşmagy we şondan soň BMG-niň Geňeşiniň 36-njy sessiýasynda Ženewada kabul edilen «Bosgunlaryň olimpiýa toparlarynyň parahatçylygy we adam hukuklaryny pugtalandyrmaga gymmatly goşandyny höweslendirmek hakynda» bilelikdäki beýannamasy munuň aýdyň mysallarynyň biri bolup durýar.

## DÖM-IŇ 10-NJY MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Türkmenistanyň milli syýasatynyň durmuşa gönükdirilen ugry bolup, ol ähli ilatyň deň

[22] Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy

mümkinçiliklerini üpjün etmek (DÖM 10,3) wezipesini öňde goýýar, bu hemmeler üçin durmuş goragy üpjün edilende (DÖM 1.3), ilatyň hal-ýagdaýy ýokarlananda (DÖM 1.2) we hukuklary kemsitmeýän kanunlar durmuşa geçirilende (DÖM 16.b) mümkindir. Bu mekdebe çenli bilim (DÖM 4.2), başlangyç we orta bilim (DÖM 4.1), hünärment-tehniki we ýokary bilim (DÖM 4.4) almagyň deň elýeterliligini üpjün etmegi, zenanlar babatynda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmegiň (DÖM 5.1), hemmeler üçin mynasyp zähmeti (DÖM 8.3 we 8.5) hem-de zähmet haky we durmuş goraglylygy meselelerinde deňligi (DÖM 10.4) üpjün etmegiň, maliýe hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmegiň (DÖM 8.10) hasabyna ýurduň durmuş, ykdysady we syýasy durmuşyna ählumumy gatnaşmak üçin mümkinçilikleriň döredilmegini (DÖM 10.2), şeýle hem saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ählumumy gurşawyň üpjün edilmegini (DÖM 3.8) talap eder.

Şunuň bilen birlikde, agyz suwunyň (DÖM 6.1) we sanitariýanyň (DÖM 6.2) deňhukukly elýeter bolmagy, şeýle hem gymmat bolmadyk, ygtybarly we döwrebap energiýa üpjünçiliginiň ählumumy elýeterliligi (DÖM 7.1) deňsizligiň azalmagyna oňyn täsir edýär. Mundan başga-da, gender deňligini üpjün etmek boýunça (DÖM 5) maksady bilen amala aşyrmak çäreleri boýunça (DÖM 17) maksadynyň arasynda güýçli arabaglanyşyk bellenýär.



8.7 Mejbury çagalar zähmeti
4.2 Çagalary ösdürmegiň, olara seretmegiň we mekdebe çenli okuwyň gowy hilli ulgamlarynyň elýeterliligi üpjün etmek
16.1 Sütem etmegiň ähli görnüşleriniň ýaýrama derejesini peseltmek
5.2 Aýallar we gyzlar babatynda sütem etmekligi aradan aýyrmak
16.b Hukuklary kemsitmeýän kanunlar we syýasat
16.10 Maglumatlaryň elýeterliligi we esasy azatlyklary goramak
16.2 Çagalar babatynda masgaralamagyň, ulanmagyň, söwdanyň we sütem etmegiň soňuna çykmak
16.5 Korrupsiýa we parahorlyk
16.3 Mümkinçilikleriň deňligi we netijeleriň deňsizligini azaltmak
16.9 Ähli adamlarda kanuny şahsyýetnamalaryň bolmagy
16.7 Çözgütleri jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda jogapkärçilikli kabul etmek
16.3 Adyl kazyýetiň deň elýeterliligi
16.6 Netijeli, hasabat beriji we açyk edaralar
4.1 Ähli çagalar üçin başlangyç we orta bilim
1.b Strategik mehanizmler
1.4 Ykdysady serişdelere deň hukuklar
4.3 Hünärment-tehniki we ýokary bilimiň elýeterliligi
5.c Gender deňligini höweslendirmek maksatlarynda strategiýalar/kanunlar
5.b Ýokary netijeli tehnologiýalary işjeň peýdalanmak
8.3 Ösüşe gönükdirilen syýasat
5.1 Aýallar we gyzlar babatynda hukuk kemsitmelerini aradan aýyrmak
8.5 Iş bilen üpjünçilik we hemmeler üçin mynasyp iş
8.6 Işlemeýän, okamaýan we hünär edinmeýän ýaşlaryň sanyny azaltmak
4.4 Işleg bildirilýän başarnyklary bolan ýaşlaryň we uly ýaşly adamlaryň sanyny artdyrmak
6.1 Hemmeler üçin agyz suwuň elýeterliligi
1.2 Milli kesgitlemelere laýyklykda garyplygy azaltmak
7.1 Gymmat bolmadyk, ygtybarly we döwrebap energiýa üpjünçiliginiň elýeterligi
11.1 Ýeterlik, howpsuz we gymmat bolmadyk ýaşaýyş jaýy
10.1 Girdejileriň ýokarlanmagy (üpjünçiligi pes 40%)
3.8 Saglygy goraýyş hyzmatlary bilen ählumumy gurşawy üpjün etmek
12.2 Tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmak
2.2 Kem iýmitlenmegi ýok etmek
2.c Azyk harytlarynyň bazarlary
7.2 Gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden alynýan energiýanyň paýyny artdyrmak
4.5 Bilimiň deň elýeterliligi
1.3 Hemmeler üçin durmuş goraglylygy
3.7 Seksual we reproduktiw saglygy goramak boýunça hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün etmek
8.1 Ilatyň jan başyna düşýän ykdysady ösüş
9.2 Ähli zady gurşap alýan we durnukly senagatlaşma
9.3 Maliýe serişdeleriniň elýeterliligi
15.3 Çölleşmä garşy göreş
8.8 Işiň ygtybarly we howpsuz şertleri
8.b Ýaşlary iş bilen üpjün etmegiň global strategiýasy
9.1 Gowy hilli, ygtybarly, durnukly we çydamly amatlyklar
10.2 Durmuş, ykdysady we syýasy durmuşa gatnaşmak
9.c Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň elýeterligi
10.7 Migrasiýa we adamlaryň ykjamlygy
5.4 Hak tölenmeýän zähmet we öý hojalygyny alyp barmak boýunça iş
8.2 Diwersifikasiýa, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we innowasion iş
8.10 Bank, ätiýaçlandyryş we maliýe serişdeleriniň elýeterliligini giňeltmek
10.c Migrantlar tarapyndan pul serişdeleriniň geçirilmegi bilen bagly amal harajatlary
5.5 Öňdebaryjylyk (liderlik) üçin deň mümkinçilikler
5.a Ykdysady serişdelere deň hukuklylyk
17.5 Ösüşi pes bolan ýurtlaryň bähbitlerinde maýa goýumlary höweslendirmek düzgünleri
10.4 Býujet-salgyt syýasaty we zähmet haky we durmuş goraglylygy meseleleri boýunça syýasat
17.8 Ylmy, tehnologiýalary we innowasiýalary ösdürmegiň mehanizmi
17.3 Ösüp barýan ýurtlar üçin goşmaça maliýe serişdeleri
17.1 Salgytlary we beýleki girdejileri ýygnamak
17.18 Ýokary hilli, derwaýys we dogry, goşulmadyk maglumatlaryň elýeterliligi
8.a Söwdada kömek bermek
2.b Dünýä bazarlarynda söwda çäklendirmeleri
12. a Ylmy-tehniki kuwwaty
7.a Halkara hyzmatdaşlygy
10.b Ösüş maksatlarynda resmi kömek we maliýe akymlary
17.11 Ösüp barýan ýurtlaryň eksportyny artdyrmak
2.a Oba amatlyklaryna maýa goýumlary gönükdirmek
6.a Halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek
1.a Aşa garyplygy ýok etmek
2.1 Açlygy ýok etmek
17.9 Ähli maksatlara ýetmek üçin kuwwaty artdyrmak
17.7 Ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary alyşmak
10.6 Ösüp barýan ýurtlaryň global edaralarda çözgütleri kabul etmek işine gatnaşmagy
17.16 Durnukly ösüş maksatlarynda global hyzmatdaşlyk
17.15 Strategik hereketler üçin giňişlik
17.17 Döwlet guramalarynyň arasynda, döwlet bölegi bilen hususy bölegiň we raýat jemgyýetiniň guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk
17.6 Demirgazyk-Günorta, Günbatar-Gündogar ugry boýunça hyzmatdaşlyk, üç taraplaýyn sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy

# 13 HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE GARŞY GÖREŞ



Howanyň üýtgemegi «köpeldiji howp» bolup durýar, ol ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine, durnuklylygyna we howpsuzlygyna degişli meselelere gönüden-göni täsir edýär. Şol bir wagtda howanyň üýtgemegine uýgunlaşyp bilmezligiň öňüni almak üns merkezinde galýar, sebäbi bu howa taşlanýan maddalaryň artmagyna getirip biler, ilatyň aýratyn goralmagy zerur bolan gatlaklarynyň üstüne düşýän ýüki has-da agraldylyp bilner, gender we durmuş deňsizliginiň çuňlaşmagyna, uýgunlaşmak boýunça mundan beýläkki çäreler üçin höwesiň peselmegine we geljekki uýgunlaşma çäreleri üçin mümkin bolan alternatiwalaryň çäklenmegine getirip biler.

Türkmenistan gurak (arid) zolakda ýerleşýän ýurt bolmak bilen, howanyň üýtgemeginiň täsirini öz mysalynda duýýar. Şunuň bilen baglylykda, diňe bir ekologiýa ulgamynda däl, eýsem, ykdysady we durmuş ulgamlarynda hem howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň netijelerini gowşatmak boýunça çärelere aýratyn üns berýär. Ýurt BMG-niň howanyň üýtgemegi hakynda çarçuwaly konwensiýasyna we howa boýunça Pariž ylalaşygyna gatnaşyjy tarap bolup durýar. Türkmenistanyň Hökümeti howanyň üýtgemeginiň täsirini peseltmek boýunça global tagallalara we global hyzmatdaşlyga her bir ýurduň goşandynyň bu ugurda oňyn öňegidişligi gazanmaga mümkinçilik berjekdigine ynanýar.

Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň netijelerini gowşatmak boýunça batyrgaý syýasatlaryň zerurlygy Türkmenistanda milli derejede ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak bilen baglylykda ösüşiň energiýa taýdan netijeli we energiýa tygşytlaýjy modellerini göz öňünde tutýan meýilnamalaryň işlenilip taýýarlanylmagyny şertlendirdi. Şeýle hem, häzirki wagtda howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýany täzelemek we Pariž ylalaşygyny amala aşyrmak babatynda hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamak boýunça işler geçirilýär. Bu işde sektorlaryň arasynda utgaşdyrmagyň möhümligi oňa ýurduň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ählisiniň, şeýle hem gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynyň zerurdygyny talap edýär.

## UÝGUNLAŞMAK BOÝUNÇA GÖRÜLÝÄN ÇÄRELER

Merkezi Aziýa ýurtlary, şol sanda Türkmenistan hem, şu wagtdan başlap howanyň



## EKILEN BAGLARYŇ SANAWY, MLN.




üýtgemeginiň netijelerine, ýagny gurakçylygyň we suw joşmalarynyň sanynyň artmagy, buzluklaryň eremegi, ýagynlaryň ýygylygynyň we mukdarynyň üýtgemegi, Aral çökgünligi ýaly meselelere gabat gelýärler. Howanyň üýtgemelerine uýgunlaşmak meselesine Türkmenistanda aýratyn üns berilýär. Ýurtda howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa kabul edildi. Strategiýa Türkmenistanyň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin toplumlaýyn we depginli meýilnamalaşdyrmaga geçmekligi, ykdysady, azyk, suw we ekologiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmak ýoly bilen, ýurduň ykdysadyýetini howanyň üýtgemeginiň mümkin bolan netijelerine taýýarlamagy höweslendirmäge niýetlenendir. Şunuň bilen birlikde, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, ýerleriň zaýalanmagyna garşy göreşmek, tokaý hojalygyny ösdürmek we bag ekilen meýdanlary giňeltmek, suwarymly ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak we topragyň şorlaşmagyna garşy hereket etmek boýunça uýgunlaşdyryjy çäreleriň toplumy göz öňünde tutulýar.

Ýurtda tokaý zolaklaryny artdyrmak boýunça görülýän çäreler howadaky kömürturşy gazy zyýansyzlandyrmak, topragy durnuklaşdyrmak we onuň eroziýasynyň öňüni almak boýunça gurallaryň biri bolup çykyş edýär. Türkmenistanda tokaýlaşdyrmak boýunça syýasatyň 1998-nji ýyldan bäri yzygiderli durmuşa geçirilýändigine garamazdan, 2013-nji ýylda Milli tokaý maksatnamasy kabul edildi, ol agaç nahallarynyň ekilýän meýdanyny artdyrmak boýunça giň gerimli çäreleriň dowam etdirilmegini göz öňünde tutýar. Maksatnamanyň çäklerinde her ýylda tutuş ýurt boýunça 3 milliona çenli nahal ekmek boýunça umumymilli derejede çäreler geçirilýär. Soňky 20 ýylda Türkmenistanda 100 milliondan gowrak bag ekildi, olar esasan, pürli we ýaprakly agaçlardan ybaratdyr.[23] Şunuň bilen bir hatarda, bag ekmek boýunça çäreler, ekologiýa taýdan durnuklylygy üpjün etmek maksady bilen, sebitleriň toprak-howa aýratynlyklaryny göz öňünde tutýar. Meselem, Daşoguz welaýatynda ösümlikleriň ak sazak ýaly çölde ösýän görnüşlerini ekmek alnyp barylýar.

Ýene bir giň gerimli uýgunlaşdyryş çäresi Garagum çölünde Altyn Asyr türkmen kölüniň gurulmagy bolup durýar. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi olary geljekde gaýtadan peýdalanmak üçin zeý suwlaryny bir ýere jemlemegi amala aşyrmaga, zeý suwlary basan örüleri dolanyşyga gaýtarmaga, suwarymly ýerleriň hilini gowu-

[23] Türkmenistanyň Oba hojalygy we daşky gurşawy goramak ministrligi

landyrmaga, zeý suwlarynyň Garagum çölüniň çägelerine akdyrylyp goýberilmegini aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär, şeýlelikde, topragyň zaýalanmagyny azaltmaga, topragyň şorlaşmagy, batgalyga öwrülmegi we gurakçylyk bilen bagly köp meseleleri çözmäge, uçup göçýän guşlar üçin, şeýle hem balykçylygy ösdürmek üçin amatly şertleri döretmäge ýardam edýär.

Giň gerimli taslamalary durmuşa geçirmek işi düýpli meýilnamalaşdyrmagy we hemme zady içine alýan gözegçiligi talap edýär. Uýgunlaşmazlygyň öňüni almak maksady bilen, daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik etmek, şeýle hem çölleşme ýagdaýlaryny öz wagtynda ýüze çykarmak, ir öňüni almak, dessine baha bermek we kartasyny taýýarlamak ýaly meselelere aýratyn üns berilýär.

Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda işjeň ekologiýa syýasaty alnyp barylýar. Görülýän çäreleriň netijesinde hapa maddalaryň howa taşlanmagy ýyl-ýyldan azalýar. Meselem, 2015–2018-nji ýyllar aralygyndaky döwürde şeýle maddalaryň howa taşlanyşy 20 göterime golaý azaldy.[24]

## DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNDA BILIM

Türkmenistan durnukly ösüş maksatlarynda bilimi üpjün etmek boýunça işjeň işleri alyp barýar, bilim täsir ediş derejesi ýokary bolan möhüm gural bolmak bilen, daşky gurşaw babatynda pikirlenişi we özüňi alyp barmagy üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda orta derejäniň bilim edaralarynda hem, ýokary okuw mekdeplerinde hem ekologiýa temalaryny öz içine alýan dersler maksatnamanyň hökmany bölegi bolup durýar.

Orta mekdeplerde howa we onuň üýtgemegine täsir edýän esasy ýagdaýlar baradaky düşünjeler tebigaty öwreniş, geografiýa, ýaşaýşyň we ekologiýanyň esaslary sapaklarynda öwredilýär. Howanyň üýtgemegi, oňa uýgunlaşmak we täsirini gowşatmak baradaky has çuň bilimler ýaşaýyş-durmuş esaslary (7-10-njy synplar) we ekologiýa (10, 11-nji synplar) sapaklarynda berilýär.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde «Ekologiýa we daşky gurşawy goramak» dersi ähli hünär ugurlarynda okadylýar. Ýangyç-gaz üpjünçiligi we wentilýasiýa, şeýle hem senagat energetikasy ýaly tehniki hünärleri öwrenýän talyplar üçin okuw maksatnamasy senagat pudagynyň ekologiýa täsirini azaltmak we alternatiw we täzeden döreýän energiýa çeşmelerini peýdalanmak boýunça bölümleri göz öňünde tutýar.

## HALKARA EKOLOGIÝA HYZMATDAŞLYGY

Howanyň üýtgemeginiň zyýanly täsirlerine netijeli garşy durmak sebit we global derejelerde ýakyn özara hereket etmezden mümkin däldir. Bu Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygyň barşynda işjeň orunda bolmagyny şertlendirýär. Meselem, Durnukly ösüş boýunça döwletara toparynda başlyklygynyň çäklerinde Türkmenistan Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin daşky gurşawy goramak boýunça Sebitleýin maksatnamany işläp

[24] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

taýýarlamak başlangyjy bilen çykyş etdi, ol sebitiň ýurtlary tarapyndan DÖM-iň ekologiýa maksatlary we BMG-niň tebigaty goramak konwensiýalary boýunça borçnamalaryny, howa boýunça Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek we durnukly ösüş boýunça döwletara toparynyň we Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň müdiriýetiniň çözgütlerine laýyklykda «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmeklerine ýardam eder.

Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň başlyklyk etmeginiň çäklerinde Türkmenistan Aral deňziniň basseýnindäki ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmak boýunça hereketleriň Maksatnamasyny (ADBP-4) we BMG-niň Aral üçin Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşýar, ADHHG-niň guramaçylyk gurluşyny we şertnama – hukuk binýadyny kämilleşdirmäge we suw serişdelerini dolandyrmak hem-de daşky gurşawy goramak ulgamynda kanunçylyk binýadyny bir ölçege getirmäge ýardam edýär.

## DÖM-IŇ 13-NJI MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Howanyň global üýtgeýän şertlerinde garşy durup bilijiligi we uýgunlaşmaga ukyplylygy (DÖM 13.3) ýokarlandyrmagyň ileri tutulýan ähmiýeti bardyr. Bu ekoulgamlary (DÖM 15.a) we tokaýlary (DÖM 15.b) oýlanyşykly peýdalanmaga maliýe serişdeleriniň gönükdirilmegini, durnukly amatlyklaryň ösdürilmegini (DÖM 9.1), täzeden döreýän çeşmelerden alynýan energiýanyň paýynyň artdyrylmagyny (DÖM 7.2), tebigy serişdeleriň oýlanyşykly peýdalanylmagyny (DÖM 12.2), şeýle hem bilim bermek we maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmegi ýokarlandyrmagy (DÖM 16.10, 13.3, 12.8, 4.7) talap eder. Şunuň bilen birlikde, baş galdyrmak çäreleri tebigy ýaşaýyş gurşawynyň zaýalanmagyny saklamak (DÖM 15.5), ekoulgamlaryň gymmatynyň hasaba alynmagyny üpjün etmek (DÖM 15.9), suw serişdelerini utgaşykly dolandyrmak (DÖM 6.5), şeýle hem gurby pes gatlagyň ýaşaýşa ukyplylygyny ýokarlandyrmak (DÖM 1,.5) we ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary bermek (DÖM 17.7) boýunça çäreleri göz öňünde tutýan milli strategiýalara (DÖM 13.3) goşulmalydyr. Milli derejede bu howanyň üýtgemegi bilen bagly meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak mümkinçilikleriniň pugtalandyrylmagyny (DÖM 13.6), kuwwaty (DÖM 17.9), döwlet guramalarynyň, hususy bölegiň we raýat jemgyýetiniň arasynda hyzmatdaşlygyň (DÖM 17.17) güýçlendirilmegini, şeýle hem jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda jogapkär çözgütleriň kabul edilmegini (DÖM 16.8) talap eder.



1
1.4 Ykdysady serişdelere
deň hukuklar
9
9.1 Gowy hilli, ygtybarly,
durnukly we çydamly amatlyklar
8
8.4 Serişdeleri peýdalanmagyň
global netijeliligi
12
12.4 Himiki serişdeler
we ähli galyndylar
6
6.3 Suwuň hilini ýokarlandyrmak
17
17.1 Salgytlary we beýleki
girdejileri ýygnamak
13
13.1 Garşy durup bilijilik
we uýgunlaşmaga ukyplylyk
7
7.2 Gaýtadan dikeldilýän
çeşmelerden alynýan energiýanyň
paýyny artdyrmak
15
15.a Maliýe serişdeleri
15
15.b Tokaýdan oýlanyşykly
peýdalanmaklygy maliýeleşdirmek
4
4.3 Hünärment-tehniki
we ýokary bilimiň elýeterliligi
3
3.9 Hapalanmagyň netijesinde
ölüm halatlaryny we kesellemeleri
azaltmak
2
2.1 Açlygy ýok etmek
7
7.a Halkara hyzmatdaşlygy
13
13.3 Howanyň üýtgemegi
boýunça ań-bilim işleri
we maglumatlary ýaýratmak
2
2.4 Azyk önümlerini öndürmegiň
durnukly ulgamlary
13
13.a Ösüp barýan ýurtlaryň
zerurlyklary
9
9.a Ösüp barýan ýurtlarda
durnukly amatlyklar
17
17.17 Döwlet guramalarynyň
arasynda, döwlet bölegi
bilen hususy bölegiň
we raýat jemgyýetiniň
guramalarynyň arasynda
hyzmatdaşlyk
4
4.7 Durnukly ösüşe ýardam
bermek üçin zerur bolan
bilimleri we endikleri
üpjün etmek
12
12.8 Durnukly ösüş barada
habarlar we maglumatlar
12
12.2 Tebigy serişdeleri netijeli
peýdalanmak
5
5.a Ykdysady serişdelere
deň hukuklylyk
13
13.2 Milli derejede syýasat
16
16.10 Maglumatlaryň jemgyýetçilik
üçin elýeterliligi
5
5.4 Hak tölenmeýän zähmet
we öý hojalygyny alyp
barmak boýunça iş
13
13.b Meýilleşdirmek
we dolandyrmak mümkinçiliklerini
pugtalandyrmak
1
1.5 Gurby pes we aýratyn
goralmagy zerur bolan
adamlaryň durmuşa çydamlylygyny
ýokarlandyrmak
17
17.9 Ähli maksatlara
ýetmek üçin kuwwaty artdyrmak
15
15.5 Tebigy ýaşaýyş gurşawynyň
zaýalanmagyny, biologik
köpdürlüligiň ýitirilmegini
saklamak
15
15.9 Umumymilli we ýerli
meýilleşdirmek
17
17.7 Ekologiýa taýdan
howpsuz tehnologiýalary
alyşmak
6
6.5 Suw serişdelerini
toplumlaýyn dolandyrmak
16
16.7 Çözgütleri jemgyýetiň
ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda
jogapkärçilikli kabul
etmek
10
10.b Ösüş maksatlarynda
resmi kömek we maliýe
akymlary
10
10.2 Durmuş, ykdysady
we syýasy durmuşa gatnaşmak

# 16 PARAHATÇYLYK, ADALATLYLYK WE NETIJELI EDARALAR



Türkmenistanda adamyň binýatlyk azatlyklaryny üpjün etmek maksady bilen, hukuklaryň hökmürowanlygyna we ähli derejelerdäki edaralaryň hasabat bermegine esaslanýan demokratik we inklýuziw jemgyýeti gurmak üçin şertleri döretmäge aýratyn üns berilýär. Munuň üçin hökümet tarapyndan adam hukuklaryny goramagyň milli ulgamyny özgertmek amala aşyrylýar we jemgyýetde demokratik ýörelgeleri, döwletiň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak boýunça, şeýle hem raýat jemgyýetini ösdürmek boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmenistan BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça ýokary komissarynyň ýerine ýetiriji komitetiniň, BMG-niň gender deňligi we aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça ýerine ýetiriji geňeşiniň 2016 – 2018-nji ýyllardaky we Aýallaryň hukuk derejesi boýunça komissiýasynyň 2018 – 2022-nji ýyllardaky, BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) 2018 – 2022-nji ýyllardaky işjeň azgasy bolup durýar.

## MILLI WE SEBITLEÝIN HOWPSUZLYK

Milli howpsuzlygy üpjün etmek parahatçylygy söýüji we howpsuz jemgyýeti gurmagyň esasynda ýatýar, şeýle hem halkara howpsuzlygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ýurduň kanunçylygynda adamyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ýörelgeleri we döwletiň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ugurlary kesgitlenildi. Dürli düzümleriň çäklerinde beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn üns berilýär. Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebitleýin merkeziniň ştab-kwartirasy ýerleşýär. Türkmenistan bu düzümiň sebit meseleleriniň dürli jähtlerine has işjeň çekilmegi ugrunda çykyş edýär, şeýle hem halkara terrorçylygy, adam söwdasy, guramaçylykly jenaýatçylyk, neşeleriň bikanun dolanyşygy, köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmak howpy ýaly derwaýys meseleleri çözmäge gönükdirilen bilelikdäki hereketleriň işlenilip taýýarlanylmagyna aýratyn üns berýär.

Kanunyň hökmürowanlygyny üpjün etmek boýunça strategiýany durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistan ähli derejelerde netijeli, hasabat beriji we açyk (transparent) institutlary döretmek boýunça işleri alyp barýar. Serhetleriň howpsuzlygyny üpjün etmek babatynda wehimlere milli jogap çäreleri güýçlendirilýär. Töwekgelçilikleri dolandyrmagy, önümler bilen üpjün etmegiň ýollarynyň howpsuzlygyny gowulandyrmak we deňiz menzillerinde, howa menzillerinde, ýerüsti serhet geçelgelerinde söwda maksatlarynda serhediň üstünden girmek we çykmak düzgünlerini ýönekeýleşdirmek we harytlaryň bikanun geçirilmeginiň öňüni almak boýunça çäreler geçirilýär.

## KORRUPSIÝANY ÝOK ETMEK

Korrupsiýa hukugyň hökmürowanlygynyň durmuşa geçirilmegine päsgel berýär, deňsizligiň we adalatsyzlygyň ýokarlanmagyna alyp barýar, şeýle hem adam hukuklaryny bozýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan korrupsiýa garşy göreşmek boýunça toplumlaýyn çäreleri işläp düzdi. Häzirki wagtda ýurduň hukuk goraýjy edaralarynyň, salgyt, maliýe we beýleki pudak edaralarynyň arasynda özara hereket ýola goýuldy. Döwlet hyzmatlarynyň hilini we hyzmat etmegiň derejesini ýokarlandyrmaga üns berilýär, şol sanda bu işler elektron resminamalar dolanyşygyny ösdürmek we «Elektron hökümet» atly elektron resminamalaryň dolanyşyk ulgamyny döretmek arkaly alnyp barylýar. Bu çäreler döwlete degişli bölegiň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, hökümet bilen ilatyň arasynda gepleşigi ýola goýmaga, şeýle hem döwlet hyzmatlaryny etmekde ýüze çykýan süýrenjeňligi aradan aýyrmaga mümkinçilik berer diýlip garaşylýar.

## ADAM HUKUKLARYNY GORAMAK

Adam hukuklaryny goramak we raýatlaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirip biler ýaly şertlerini döretmek döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Türkmenistan bu ulgamda BMG-niň şu ugurda iş alyp barýan agentlikleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Şunuň ýaly hyzmatdaşlygyň möhüm netijeleriniň biri hem Adam hukuklary ulgamynda hereketleriň 2016–2020-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň kabul edilmegi boldy, ol adam hukuklaryny goramagyň halkara ýörelgelerine esaslanýar we BMG-niň Şertnamalaýyn edaralarynyň we Adam hukuklary boýunça edaralarynyň maslahatlarynyň binýadynda işlenilip taýýarlanyldy.

Häzirki wagtda adam hukuklaryny goramagyň milli ulgamyny özgertmek boýunça işler geçirilýär, onuň çäklerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşine Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil instituty – Ombudsmen girizildi (71-nji madda, 17-nji bent). Ombudsmen garaşsyz we ýurduň hiç bir döwlet edarasyna hasabat bermeýän institut bolup, onuň işi köpçülige niýetlenendir we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan edilýär.

Ýurdumyzda çagalaryň hukuklaryny goramaga aýratyn üns berilýär, bu iş çaganyň has gowy bähbitlerini we ýaşamaga bolan hukugyny üpjün etmek, şeýle hem onuň erkinlik we mertebäni goramak şertlerinde ösmegi üçin amatly şertleri üpjün etmek ýörelgelerine esaslanýar.

Çaganyň doglandygyny bellige almak çaganyň hukuklaryny goramagyň, onuň jemgyýetiň durmuşyna doly derejede gatnaşmagy üçin mümkinçilikleri üpjün etmegiň, şeýle hem onuň üçin bilimi, işe ýerleşmegi we durmuş üpjünçiligini elýeter etmegiň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Türkmenistanyň Maşgala kodeksine laýyklykda, çaga doglan mahalynda onuň bellige alynmagy hökmany bolup durýar we doglan çagalaryň ählisiniň öz wagtynda bellige alynmagyny gazanmak ileri tutulýan ugur bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda çaga doglanda olaryň 100 göterim bellige alynmagy gazanyldy. Çaga doglanda birwagtlaýyn kömek pulunyň we çaga 3 ýaşaýança oňa seretmek üçin enelere/hossarlaryna tölenýän aýlyk kömek pulunyň berilmegi öz wagtynda bellige aldyrmak üçin gytaklaýyn höweslendiriji bolup durýar.

Döwlet syýasatynyň beýleki bir möhüm ugry kämillik ýaşyna ýetmedikleriň arasynda jenaýatlaryň we hukuk bozulmalarynyň öňüni almak bolup durýar. 2015 – 2020-nji ýyllar üçin kabul edilen Ýaşlar syýasaty boýunça Döwlet maksatnamasy ýaşlar bilen işlemegiň giňden belli bolan öňüni alyş usullarynyň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu sagdyn durmuşa çekmäge, psihoaktiw maddalary ulanmagyň we kanuna garşy we dewiant özüňi alyp barşyň ýüze çykmagynyň öňüni almaga, maşgalada we mekdepde oňyn özara gatnaşyklary döretmäge ýardam edýän gurşawy emele getirmäge, şeýle hem stress we psihologik zor salmalar bilen işlemegi öz içine alýar.

Mundan başga-da, Türkmenistanda Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça adyl kazyýeti ösdürmek boýunça 2012 – 2016-njy ýyllar üçin Baş maksatnama durmuşa geçirildi. Bu maksatnama kämillik ýaşyna ýetmedikleriň arasynda jenaýatlaryň we hukuk bozulmalarynyň ýüze çykmagynyň, şeýle hem gaýtalanmagynyň öňüni almaga we kazyýetde işe seretmegiň barşynda hoşniýetliligi we çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilmegini gazanmaga gönükdirildi. Bu maksatnama ýuwenal adyl kazyýeti halkara standartlaryna laýyk getirmek maksady bilen, ony özgertmek boýunça işi utgaşdyrmak we gözegçilik etmek üçin köptaraply ählumumy çarçuwalary döretmek boýunça ýurduň birinji başlangyjy boldy.

Baş maksatnama tamamlanandan soň onuň geljekki tapgyryny meýilleşdirmek maksady bilen, gazanylan ösüşe baha bermek geçirildi. Meselem, çagalar bilen işleýän hünärmenleriň

hünär derejesiniň düýpli ýokarlanandygy bellendi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň okuw meýilnamasyna çaganyň hukuklary boýunça temalary we ösüş ulgamynda mugallymçylyk we psihologik meseleleri goşmak üçin oňa gaýtadan seredildi, Ýokary kazyýet tarapyndan kazylar üçin çagalaryň işlerine seretmek boýunça amaly gollanma işlenilip taýýarlanyldy. Çagalar üçin adyl kazyýet ulgamynda özgertmeleri amala aşyrmak üçin ýokary derejede utgaşdyryjy edara döretmegiň, şeýle hem azatlykdan mahrum etmäge höküm edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukugyny dikeltmegiň, jemgyýete gaýtadan goşmagyň we durmuşa gaýtarmagyň bar bolan mehanizmini kämilleşdirmegiň zerurdygy kesgitlenildi, şunda bu çäreleri terbiýeçilik-düzediş täsiriniň üznüksizligi ýörelgesini höweslendirmek ýoly bilen amala aşyrmak bellenilýär.

## ADAM SÖWDASYNA GARŞY GÖREŞ

Türkmenistanda adam söwdasyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly jenaýatlar giň ýaýran ýagdaý bolup durmaýar. Meselem, 2016-njy ýylda şunuň ýaly jenaýatlar seredilen işleriň umumy sanynda 0,03%-e deň boldy, 2017-nji ýylda 1 iş bellige alyndy, 2018-nji ýylda bolsa şeýle ýagdaý asla bolmady.[25]

Türkmenistan adam söwdasyna garşy göreş boýunça hereketleriň 2016 – 2018-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasyny üstünlikli durmuşa geçirdi, onuň çäklerinde adam söwdasynyň pidasy bolanlary tapawutlandyrmak boýunça standart amal düzgünleri we olary gaýtadan gönükdirmegiň Milli mehanizmi üçin esas işlenilip taýýarlanyldy. Milli meýilnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde Iş topary döredildi, ol gözegçilik geçirmek we adam söwdasynyň pidasy bolanlara kömek bermek boýunça teklipleri taýýarlamak, halkara tejribesini öwrenmek arkaly kadalaşdyryjy – hukuk binýady kämilleşdirmek meseleleri, şeýle hem adam söwdasyna garşy hereket etmek meseleleri boýunça halkara guramalary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen pudagara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen meşgullanýar.

## ZENANLARA HUKUKLARY WE MÜMKINÇILIKLERI BERMEK

Zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmegiň we olaryň durmuş, ykdysady we syýasy hukuk derejesini ýokarlandyrmagyň durmuşyň ähli ugurlarynda durnukly ösüş üçin düýpli ähmiýeti bardyr. Türkmenistan gender deňligine gönükdirilen işjeň milli syýasaty alyp barýar, şeýle hem erkekler we zenanlar üçin deň hukuklar we mümkinçilikler ýörelgesini durmuşa geçirmek wezipesini özüniň



Häzirki wagtda Parlamentde **zenanlaryň** tutýan orny **25,6%-e** deňdir

**Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili we Parlamentiň Başlygy** hem zenanlardyr



Iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan bellige alnan **zenanlardan işe ýerleşdirilenleri**

**89,3%** 2015 ý.

**89,7%** 2018 ý.

[25] Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi



döwlet syýasatynyň herekete getiriji ýörelgesi hökmünde kesgitleýär.

Zenanlar erkekler bilen deň hatarda döwlet işlerini dolandyrmaga hem, daşary syýasy işlere hem gatnaşýarlar. Mysal üçin, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili we Parlamentiň Başlygy zenanlardyr. Häzirki wagtda Parlamentde zenanlaryň tutýan orny 25,6%-e deňdir. [26] Aýal-gyzlar döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralarynyň ähli derejelerinde wekilçilik edýärler we Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýarlar.

Zenanlaryň durmuş-ykdysady işiň dürli ugurlaryna gatnaşmaklaryny üpjün etmekde gowy üstünlikleriň bardygyna garamazdan, zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini üpjün etmek we olaryň ähli ugurlara gatnaşmaklaryny giňeltmek boýunça çäreleri çuňlaşdyrmak möhümdir. 2015-nji ýylda Türkmenistanda gender deňligi boýunça hereketleriň 2015 – 2020-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasy kabul edildi, ol gender stereotiplerini ýok etmek çärelerini, zenanlar babatynda sütem etmegiň ähli görnüşlerine garşy göreşi, hyzmatlaryň zenanlar üçin elýeterliligini gowulandyrmak boýunça çäreleri kämilleşdirmegi we jemgyýetçilik, syýasy durmuşyň we hünär işiniň ähli ugurlarynda zenanlaryň wekilçiligini ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň kanunçylygyna onuň gender deň-hukuklylygy ulgamynda halkara kadalaryna laýyk gelýändigi babatynda gözegçilik amala aşyrylýar, zenanlaryň ýagdaýy boýunça hemmetaraplaýyn maglumatlary ýygnamagyň we seljermegiň usulyýeti kämilleşdirilýär, ilatyň gender deňligi meseleleri boýunça habarlylygyny ýokarlandyrmak babatynda işler geçirilýär, şeýle hem zenanlaryň arasynda telekeçiligi ösdürmek höweslendirilýär.

## DÖM-IŇ 16-NJY MAKSADYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BEÝLEKI MAKSATLARY BILEN ÖZARA BAGLANYŞYGY

Türkmenistanda durnukly ösüşiň hatyrasyna parahatçylyk söýüji we açyk jemgyýeti gurmak durnukly ösüş maksatlarynda deňligi we bilimi üpjün etmek, şeýle hem ykdysady ösüşi gazanmak meseleleri bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Korrupsiýany ýok etmek (DÖM 16.5) boýunça netijeli çäreler netijeleriň deňsizligini (DÖM 10.3), aýallar we gyzlar babatynda kemsitmeleri (DÖM 5.1) aradan aýyrmak maksatlarynda ýurtda hukugyň hökmürowanlygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Bu hukuklary kemsitmeýän kanunlaryň ýerine ýetirilmegini (DÖM 16.b) we gender deňligi boýunça kanunlaryň berjaý edilmegini (DÖM 5.c), şeýle hem maliýe serişdelerini kiçi kärhanalar üçin elýeter etmäge we olaryň önümçilik-ýerleşdiriş hatarlaryna we bazarlara goşulyşmagyna (DÖM 8.3 we 9.3) mümkinçilik berýän netijeli, hasabat

[26] Türkmenistanyň mejlisi

beriji we aýdyň institutlary ösdürmäge (DÖM 16.6) ýardam edýär. Soňky maksat durmuşa gönükdirilen syýasaty saklap galmak (DÖM 10.1 we 10.4), ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak (DÖM 1.1) we korrupsiýa üçin mümkinçilikleri azaltmak (DÖM 16.5) üçin mümkinçilikleri döretmek bilen ýurtda ykdysady ösüşi saklamaga (DÖM 8.1) mümkinçilik berýär. Beýleki tarapdan, netijeli institutlaryň bolmagy (DÖM 16.6) döwlet satyn almalarynyň durnukly tejribesini döretmäge (DÖM 12.7) we meýilleşdirmäge hem-de ösüş işlerinde ekoulgam çemeleşmesini (DÖM 15.9) ulanmaga ýardam edýär.

Şunuň bilen birlikde, durnukly ösüş, gender deňligi asudalyk we sütem etmezlik medeniýeti meseleleri boýunça ilatyň habarlylygyny ýokarlandyrmagyň we bu babatda onuň dünýägaraýşyny üýtgetmegiň baş wezipe häsiýeti bardyr. Meselem, ilat üçin maglumatlary (DÖM 16.10) we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny hem-de Interneti (DÖM 9.c we 5.b) elýeter etmegiň, şeýle hem okuwçylary durnukly ösüş, howanyň üýtgemegi we adam hukuklary meseleleri boýunça ýokary hili bilim bilen üpjün etmegiň (DÖM 4.7, 4.c we 13.3) Türkmenistan üçin ileri tutulýan häsiýeti bardyr.



# 17 DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK



DÖM-i gazanmak köp babatda global hyzmatdaşlyga – hökümetleriň, şeýle hem ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň we gyzyklanýan taraplaryň özara hyzmatdaşlygyna bagly bolup durýar. Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, deňhukuklylyk, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara peýdalylyk ýörelgeleriniň esasynda ähli ýurtlar bilen özara gatnaşyklary yzygiderli guraýar. Türkmenistan halkara guramalarynyň 47-sine, halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň 150-sine gatnaşýar, şeýle hem BMG-niň 9 Geňeşiniň, Komitetleriniň we Komissiýalarynyň agzasy bolup durýar. Mundan başga-da, Türkmenistan işjeň raýat jemgyýetini döretmek boýunça tagalla edýär, bu bolsa oňa DÖM-i amala aşyrmakda gowy netijeleri gazanmaga mümkinçilik berer.

## DÖM-I AMALA AŞYRMAGY MALIÝELEŞDIRMEK

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň amala aşyrylmagy ony maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn mehanizmlerini işläp taýýarlamak we olary ähli derejelerde durmuşa geçirmek arkaly üpjün edilip bilner. Türkmenistan Addis-Abebada kabul edilen hereket maksatnamasyny goldady, şeýle hem ýurtda we onuň daşynda DÖM-i amala aşyrmaga gönükdirilen çäreleri durnukly maliýeleşdirmegi üpjün etmek boýunça çäreleri görýär. Muňa mysal edip, 2018-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistanda «Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ösüşi maliýeleşdirmek üçin hyzmatdaşlyk» atly maslahatyň geçirilendigini bellemek bolar. Bu maslahatda DÖM-i amala aşyrmak bilen bagly maliýe zerurlyklarynyň meseleleri, şol sanda hususy bölegi ösdürmegiň we diwersifikasiýalaşdyrmagyň hasabyna zerur bolan serişdeleri ýygnamagyň usullary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Durnukly ösüş babatynda Gün tertibini maliýeleşdirmekde döwletiň içerki maliýe serişdeleri esasy çeşme bolmalydyr. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, býujet çykdajylarynyň durmuş ulgamyna, şol sanda bilime, saglygy goraýşa, durmuş üpjünçiligine gönükdirilýän bölegi 70 göterime deňdir.[27] Mundan başga-da, býujet serişdeleri gowy hilli, gymmat bolmadyk, ygtybarly we durnukly amatlyklary döretmäge, şol sanda ulaglara, energetika we suw üpjünçiligine hem-de hemmeler üçin sanitariýa gönükdirilýär. Bu çäreler obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça maksatnamany amala aşyrmagyň çäklerinde göz öňünde tutulýar, olary durmuşa geçirmek üçin 2019 – 2025-nji ýyllar aralygyndaky döwürde 10 mlrd manada golaý serişdeleriň bölünip berilmegi meýilleşdirilýär.

Deslapky maglumatlara görä, 2018-nji ýylda döwlet girdejileriniň umumy möçberi JIÖ-niň 13,9%-ne deň boldy.[28] Býujetiň esasy girdeji bölegi önümçilik pudaklarynyň, şol sanda nebitgaz, himiýa, elektroenergetika we gurluşyk pudagynyň hasabyna emele gelýär. Soňky birnäçe ýylyň dowamynda döwlet girdejileriniň üýtgeýşi maliýe serişdeleriniň has durnukly gelip gowuşmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri görmegiň zerurdygyny görkezýär. Mysal üçin hökümet tarapyndan ulgamyň maliýe durnuklylygyny pugtalandyrmak boýunça iş geçirilýär, bu beýleki çäreler bilen bir hatarda, ykdysadyýetiň nebitgaz däl pudaklary üçin amatly maýa goýum gurşawynyň döredilmegini göz öňünde tutýar.

2014-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda, häzirki wagtda döwletiň

[27] Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy, 2019-njy ýylyň fewral aýy

[28] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti

### 2018-NJI ÝYLDA EKSPORTYŇ DÜZÜMINDE ESASY HARYTLARYŇ TUTÝAN ORNY



**55,2%** tebigy gaz

**22,6%** çig nebit

**12,3%** nebit önümleri

### EKSPORTYŇ ÖSÜŞ DEPGINI




2015 ý.

2018 ý.

maliýe ulgamyny özgertmek we milli býujeti düzmek işini orta möhletli meýilnamalaşdyrmak we maksatnamalaýyn-maksatly maliýeleşdirmek ýörelgelerine geçirmek amala aşyrylýar. Bu DÖM-iň ýurduň maliýe meýilnamalaryna has gowy goşulyşmagyny üpjün etmäge we döwlet serişdeleriniň DÖM-i amala aşyrmak üçin maksatlaýyn peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Şol bir wagtda, DÖM-iň wajyp we toplumlaýyn wezipelerini ýerine ýetirmek üçin halkara maliýe serişdelerini, şeýle hem hususy bölegiň serişdelerini çekmek zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda döwlet-hususy bölek hyzmatdaşlygy (DHH) arkaly garyşyk maliýeleşdirmek gurallaryny we mehanizmlerini ösdürmek has-da derwaýys ähmiýete eýe bolýar. Ony ösdürmek üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen Türkmenistanyň Hökümeti kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça birnäçe çäreleri geçirdi we hususy bölege goldaw bermek boýunça maksatnamany işläp taýýarlady. Bu çäreler ykdysadyýetiň pudaklarynda hususy bölegiň gatnaşýan çygryny giňeltmäge we paýyny artdyrmaga, şeýle hem DHH-ni ösdürmek boýunça görülýän çäreleri çuňlaşdyrmak üçin şertleri döretmäge mümkinçilik berdi.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna garşy hereket etmek, korrupsiýa garşy göreşmek, şeýle hem hukugyň hökmürowanlygyny üpjün etmek boýunça çäreler hem içerki serişdeleri netijeli jemlemegiň we ýerlikli peýdalanmagy üpjün etmegiň möhüm elementleri bolup durýar. 2010-njy ýyldan bäri Türkmenistan Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça Ýewraziýa toparynyň agzasy bolup durýar we Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna garşy göreşiň maliýe çärelerini işläp taýýarlaýan toparyň (FATF) maslahatlaryna laýyklykda, milli kanunçylygy kämilleşdirmek, şeýle hem Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanyndaky Maliýe gözegçiligi gullugynyň kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça degişli işleri geçirýär.

Beýleki ýurtlaryň ösüşine ýardam etmegiň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, Türkmenistan energiýa serişdelerine bolan islegi bölekleýin kanagatlandyrmak üçin Owganystana elektrik energiýasyny we suwuklandyrylan gazy ibermek bilen, bu ýurda ýardam edýär, durmuş desgalaryny gurýar, şeýle hem owgan ýaşlaryna Türkmenistanyň bilim edaralarynda bilim almakda goldaw berýär. Türkmenistanyň ýokary bilim edaralarynda býujet esasynda 200-den gowrak daşary ýurtly, şol sanda owganystanly talyplar okaýar. Mundan başga-da, ynsanperwer hyzmatdaşlygyň çäklerinde hususy bölegiň kärhanalary tarapyndan 2017-nji ýylda Moldowa Respublikasynyň Gagauziýa Awtonom çäk birliginde çagalar bagy we 2018-nji ýylda Russiýa

Federasiýasynyň Astrahan welaýatynyň Priwolžsk etrabynda 190 orunlyk mekdep guruldy.

## SÖWDANY ÖSDÜRMEK

2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi dürli ýurtlarda DÖM boýunça işlere ýardam bermekde Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) tutýan ornuna we olary amala aşyrmakda söwdanyň aýratyn ornuna göni salgylanýar. Türkmenistan BSG-niň agzasy bolup durmaýar, emma ýurtda Türkmenistanyň şu gurama agza bolmagyny ilerletmek boýunça işler alnyp barylýar. BSG-ä gatnaşmagy Türkmenistana diňe dünýäniň söwda işlerine has netijeli goşulyşmaga däl, eýsem, halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly ykdysady-hukuk binýadyny döretmäge we ýurduň içinde maliýe-ykdysady özgertmeleri dowam etdirmäge hem mümkinçilik berer.

Şunuň bilen birlikde, dünýä ummanyna çykalgasy ýok ýurt bolmak bilen, Türkmenistan özüniň ykdysadyýetini gurluş taýdan özgertmäge we ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmäge aýratyn üns berýär. Bu döwletiň ykdysadyýetini ösdürmäge we onuň ulag-üstaşyr akymlaryna goşulyşmagyna mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Demirgazyk – Günorta (Gazagystan – Türkmenistan – Eýran) we Günbatar – Gündogar (Türkmenistan – Azerbaýjan – Türkiýe) ugurlary boýunça ýollaryň ösdürilmegi ýurduň amatlyklaryny we üstaşyr geçirmek mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam etdi. Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan demir ýoly ösdürilýär. Demir ýol gatnawlaryndan başga-da, ýurduň içinde ulag gatnaw ýollaryny ösdürmäge aýratyn üns berilýär – täze ýollar we awtobanlar gurulýar. Türkmenbaşy şäherinde parom, ýolagçylar we ýük terminallaryny birleşdirýän Halkara deňiz menzili açyldy. Ygtybarly we durnukly üstaşyr geçelgäni üpjün etmek, şeýle hem energiýa göterijileriň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistan «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» (TOPH) transmilli gazgeçirijі taslamasyny durmuşa geçirýär.




## GYZYKLANÝAN TARAPLARY ÇEKMEK

Gyzyklanýan taraplaryň netijeli gatnaşmagy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmak boýunça işleri ähli derejelerde utgaşdyrmaga, şeýle hem ösüş babatynda habarlylygy, bilelikde gatnaşmagy we gözegçiligi üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Ýurduň hökümeti «hiç kimi yzda goýmaly däl» diýen ýörelgä eýermek bilen, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin gyzyklanýan taraplaryň ählisiniň goldawyna

daýanýar. Gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerini nazara almaga we olaryň DÖM-i amala aşyrmak işine gatnaşmaklaryny üpjün etmäge mümkinçilik berýän gurallar işlenip taýýarlandy. Mysal üçin, ýaşlaryň bu işe gatnaşmagyny guramak maksady bilen, bäsleşik esasynda DÖM-iň 17 sany ýaş ilçisi (wekili) bellendi, olar DÖM-i amala aşyrmagyň barşynda hökümet bilen ýurduň ilatynyň degerli bölegini düzýän ýaş adamlaryň arasynda baglanyşdyryjy köpri bolmalydyr. Ýaş adamlar ýurduň dürli sebitlerine wekilçilik edýärler, bu bolsa, öz gezeginde, ýaşlary çekmegiň gerimini giňeltmäge mümkinçilik berer. Olaryň gatnaşmagyndaky çäreleriň biri hem DÖM boýunça işde we şu Synda ýaşlaryň garaýşyny we sesini beýan etmek üçin fokus-toparyň geçirilmegi boldy. Şunuň bilen baglylykda, ýaş adamlar tarapyndan meýletinler ulgamyny döretmek meýilnamasy mälim edildi, ol DÖM boýunça bilimleri diňe bir ýaşlaryň arasynda däl, eýsem ýerli bileleşikleriň arasynda hem ýaýratmak bilen meşgullanar. Mundan başga-da, ýaşlar hökümet bilen (mysal üçin, işe ýerleşmek mümkinçilikleri boýunça habarlylygy ýokarlandyrmak ulgamynda ilat bilen işlemek boýunça) we hususy bölek bilen (mysal üçin, hususy bölegiň önümlerinde DÖM barada we ony amala aşyrmak boýunça çäreleriň şu bölek tarapyndan maliýeleşdirilişi barada maglumatlary öňe sürmek) ýakyn hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanma bildirdi. Şunuň bilen birlikde, hökümetiň ýaşlaryň başlangyçlaryna ähli taraplaýyn goldaw bermegi möhümdir, sebäbi bu hyzmatdaşlyk şu günki tagallalaryň köp ýyllaryň dowamynda uzak möhletli we durnukly netijelerini gazanmaga mümkinçilik berer.

## GÖZEGÇILIK WE STATISTIKI MÜMKINÇILIKLERI ÝOKARLANDYRMAK

DÖM-i amala aşyrmak ulgamynda ösüşe netijeli gözegçilik etmek üçin ýokary hilli, derwaýys we hakyky maglumatlar zerurdyr. Maglumatlaryň elýeterliginiň häzirki ýagdaýyna düşünmek üçin Türkmenistanda BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (BMG ÝYK) we BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) sowalnamalarynyň esasynda DÖM boýunça maglumatlaryň ýetmezçiliklerine baha bermek işleri geçirildi. Seljerme Türkmenistan tarapyndan kabul edilen görkezijileriň arasyndan 88 (50,3%,) görkezijiniň elýeterdigini görkezdi. Şunuň bilen baglylykda, hökümet I we II derejäniň görkezijilerini almak üçin tagalla eder.

Milli görkezijileriň sanawyny düzmek boýunça işler alnyp barylýar, onuň esasynda DÖM-iň görkezijileriniň we gözegçiligiň milli ulgamy emele getiriler. DÖM-iň maglumatlar binýady ýerleşdiriljek platformany seçip almak üçin seminar geçirildi; Esri we SDMX biçüwdäki platformalary uýgunlaşdyrmak mümkinçiligine seredilýär.

Şunuň bilen birlikde, 2019-njy ýylda TürkmenStat tarapyndan Köp görkezijiler boýunça klaster barlagyny (MICS) geçirmek boýunça iş meýilleşdirildi, bu çäre Türkmenistanyň Hökümeti, ÝUNISEF we BMG-niň Ilat gaznasy (ÝUNFPA) tarapyndan maliýeleşdirilýär. Bu taslama çagalaryň we zenanlaryň ýagdaýy bilen baglanyşykly esasy görkezijiler boýunça maglumatlary, şol sanda agregirlenmedik maglumatlary almaga mümkinçilik berer.

Maddy hal-ýagdaýa we DÖM-iň şunuň bilen bagly görkezijilerine baha bermek boýunça maglumatlaryň üstüni Bütindünýä bankynyň tehniki goldaw bermeginde durmuşa geçirilýän «Maddy hal-ýagdaýa gözegçilik etmegiň milli ulgamyny ösdürmek» taslamasyny tamamlamak arkaly ýetirmek meýilleşdirilýär.

# NETIJE

Mundan beýläkki iş we syn 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmak işiniň möhüm bölekleri bolup durýar. Bu Syny taýýarlamagyň çäklerinde geçirilen iş DÖM-i amala aşyrmak boýunça Türkmenistanda gazanylan ösüşe baha bermäge, şeýle hem geljekki çäreleri bellemäge mümkinçilik berdi.

Birinji Syny taýýarlamak we tanyşdyrmak işine Türkmenistanyň öz üstüne alan halkara borçnamalaryny amala aşyrmak ýolunda, şeýle hem durnukly ösüşi gazanmagyň barşynda möhüm ädimi hökmünde seredilýär.

Syndan Türkmenistanyň güýçli durmuş syýasatynyň bardygy we bu ugurda, hususan-da, saglygy goraýyş we bilim ulgamlarynda oňyn netijeleri gazanmaga ýetişendigi gelip çykýar. Şunuň bilen birlikde, ýurduň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen baglylykda ykdysady ulgamda, şeýle hem DÖM-i durnukly maliýeleşdirmegiň mehanizmini döretmek babatynda döwlet syýasatyny güýçlendirmegiň zerurdygy bellenildi.

Türkmenistan DÖM-i milli meýilnamalara mundan beýläk hem ornaşdyrmak we pudaklaýyn meýilnamalary we strategiýalary täzelemek boýunça halkara guramalary we BMG-niň agentlikleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlygy dowam eder. Bu DÖM boýunça çäreleri ileri tutulýan ugurlara öwürmegi has gowy üpjün etmäge, şeýle hem daşarky maliýeleşdirmegi we maýa goýumlary çekmäge mümkinçilik berer.

Döwlet edaralary bilen ähli gyzyklanýan taraplaryň arasynda utgaşdyrmagyň ýokary derejesi ilatyň DÖM-i amala aşyrmagyň barşyna dahyllylygyny üpjün etmek, durnukly ösüşiň üç ölçegini goşmak we «hiç kimi yzda goýmaly däl» diýen ýörelgesini durmuşa geçirmek üçin hem möhümdir. Şu Synyň taýýarlanan döwri taraplary çekmegiň, şeýle hem döwlet edaralarynyň içinde hem-de döwlet bilen ilatyň arasynda geçirilen işleriň depginliligi bilen häsiýetlendirildi. Ýaşlar, hususy bölek we raýat jemgyýeti bilen fokus-toparlar geçirildi, olaryň maksady Syny ylalaşmakdan we olaryň DÖM-i amala aşyrmak işine mundan beýläk-de çekilmegini ara alyp maslahatlaşmakdan ybarat boldy.

Türkmenistan hemmetaraplaýyn, agregirlenmedik we hakyky maglumatlary ýygnamak boýunça işi güýçlendirer, bu bolsa bar bolan ösüşe baha bermäge we geljekki ädimleri kesgitlemäge mümkinçilik berer. Şu maksatlarda öňde duran öý hojalyklaryna milli barlaglaryň we 2022-nji ýylda meýilleşdirilen ilat ýazuwynyň çäklerinde maglumatlary ýygnamak boýunça işler dowam etdiriler. Mundan başga-da, Türkmenistanyň DÖM-iniň maglumatlar binýadyny döretmek meýilleşdirilýär.

DÖM-i durmuşa geçirmäge ulgamlaýyn we hemme zady öz içine alýan çemeleşmäniň zerurdygyny nazara almak bilen, şeýle hem olaryň bölünmezligini göz öňünde tutup, ýurdumyzda şu Syny taýýarlamagyň çäklerinde seredilýän klaster DÖM bilen beýleki wezipeleriň özara baglanyşygyny seljermek boýunça geçirilen işler buýsandyryjydyr. Bu ugurdaky iş dowam etdiriler, seljerme bolsa döwlet syýasatlarynyň we meýilnamalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin peýdalanylar.

# STATISTIKI GOŞUNDY

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **3-NJI MAKSAT. SAGDYN DURMUŞY ÜPJÜN ETMEK WE HEMMELER ÜÇIN ISLENDIK ÝAŞDA ABADANÇYLYGA ÝARDAM ETMEK** | | | | | | | | | | |
| **3.1** | 2030-njy ýyla çenli enäniň ölüminiň ählumumy koeffisiýentini her 100 000 sany täze doglan çaga 70 hadysadan az möçbere düşürmek | 3.1.2 | Hünär taýýarlykly lukmançylyk işgärleri tarapyndan kabul edilen dogumlaryň paýy | Göterim | **Hemmesi** | **99,9** | **100,0** | **99,9** | **99,9** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 99,8 | 99,9 | 99,9 | 99,9 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 99,9 | 99,9 | 99,9 | 99,9 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 100,0 | 100,0 | 99,9 | 99,9 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 99,9 | 99,9 | 99,9 | 99,9 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | |
| **3.3** | 2030-njy ýyla çenli AIDS-iň, inçekeseliň, gyzzyrmanyň we degişli üns berilmeýän tropiki keselleriň epidemiýasynyň soňuna çykmak we sarygetirmä, suwuň üstünden geçýän kesellere we beýleki ýokanç kesellere garşy göreşmegi üpjün etmek | 3.3.2 | 100 000 sany adama hasaplananda ilatyň inçekesel bilen kesellemegi | 100 000 sany adama | **Hemmesi** | **38,2** | **35,2** | **34,1** | **34,1** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 36,4 | 34,2 | 40,3 | 41,5 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 22,9 | 20,3 | 19,8 | 22,0 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 51,5 | 52,2 | 46,2 | 43,2 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 51,6 | 48,2 | 46,9 | 45,9 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 34,5 | 30,4 | 27,6 | 27,0 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 33,9 | 30,0 | 27,8 | 28,5 | |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 30,2 | 37,4 | 37,2 | 36,8 | |
| | | | | | Oba | 44,5 | 33,2 | 31,3 | 31,8 | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 45,0 | 41,0 | 40,2 | 40,2 | |
| | | | | | Aýal | 31,5 | 29,3 | 28,1 | 28,1 | |
| | | 3.3.3 | 1 000 sany adama hasaplananda ilatyň gyzzyrma bilen kesellemegi | 1 000 sany adama | **Hemmesi** | **0** | **0** | **0** | **0** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Oba | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Aýal | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| **3.3** | | 3.3.4 | 1 000 sany adama hasaplananda ilatyň B görnüşli gepatit bilen kesellemegi | 100 000 sany adama | **Hemmesi** | **0,6** | **0,3** | **0,4** | **0,5** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 0,2 | 0,1 | 0,9 | 0,9 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 0,2 | 0,2 | 0,1 | 0 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 1,2 | 0,6 | 0,8 | 1,0 | |
| | | | | | Oba | 0,1 | 0,1 | 0 | 0 | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 1,1 | 0,6 | 0,7 | 0,8 | |
| | | | | | Aýal | 0,1 | 0,03 | 0,1 | 0,1 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **3.4** | 2030-njy ýyla çenli öňüni almak we bejermek hem-de psihiki saglygy we abadançylygy saklamak ýollary bilen ýokanç däl kesellerden biwagt ölümi üçden bir derejede azaltmak | 3.4.1 | Ýürek-damar, howply täze döremeler, diabet ýa-da öýkenleriň dowamly obstruktiw kesellerinden ölüm | 100 000 sany adama | **Hemmesi** | **25,9** | **24,9** | **24,5** | **24,8** | TürkmenStat |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 22,9 | 22,2 | 19,5 | 21,0 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 27,7 | 26,7 | 26,1 | 26,1 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 24,0 | 25,7 | 23,3 | 23,9 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 24,7 | 23,2 | 23,9 | 24,5 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 26,6 | 25,8 | 27,0 | 25,5 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 28,5 | 26,3 | 26,0 | 26,7 | |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 24,4 | 24,3 | 22,7 | 23,3 | |
| | | | | | Oba | 27,4 | 25,4 | 26,5 | 26,3 | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 31,5 | 30,0 | 29,9 | 29,7 | |
| | | | | | Aýal | 20,9 | 20,3 | 19,7 | 20,3 | |
| **3.5** | Psihoaktiw maddalara baglylygyň, şol sanda neşe serişdeleriniň we alkogolly içgileriň aşa köp ulanylmagynyň öňüni almak we bejermek işini gowulandyrmak | 3.5.2 | Alkogolly içgileri aşa köp ulanmak (15 ýaşdan ýokary ilatyň jan başyna alkogolyň sarp edilişi milli aýratynlyklara laýyklykda kesgitlenilýär), senenama ýylynda arassa alkogolyň litrinde | Litr | **Hemmesi** | **8,6** | **...** | **...** | **4,8** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 8,4 | ... | ... | ... | |
| | | | | | Oba | 8,8 | ... | ... | ... | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 15,4 | ... | ... | 8,1 | |
| | | | | | Aýal | 1,2 | ... | ... | 1,4 | |
| **3.6** | 2020-nji ýyla çenli bütin dünýäde ýol-ulag hadysalarynyň netijesinde ölümiň we şikes almalaryň sanyny iki esse azaltmak | 3.6.1 | Ýol-ulag hadysalarynyň netijesinde ölüm | 100 000 sany adama | - | 2,2 | 2,3 | 2,1 | 1,8 | TürkmenStat |
| **3.7** | 2030-njy ýyla çenli seksual we reproduktiw saglygy goramak boýunça, şol sanda maşgalany meýilleşdirmek, habarly etmek we aň-bilim bermek boýunça hyzmatlaryň ählumumy elýeterliligini we reproduktiw saglygy goramak meseleleriniň milli strategiýalarda we maksatnamalarda hasaba alynmagyny üpjün etmek | 3.7.1 | Maşgalany meýilleşdirmek boýunça islegleri kanagatlandyrylan reproduktiw ýaşyndaky (15-49 ýaşdaky) zenanlaryň paýy | 1 000 sany aýal-gyzlara | | ... | 80,5 | ... | ... | TürkmenStat |
| | | 3.7.2 | Ýetginjekleriň arasynda (10 ýaşdan 14 ýaşa çenli we 15 ýaşdan 19 ýaşa çenli) çaga dogluşy, şu ýaş toparyndaky aýal-gyzlaryň 1000 sanysyna | Göterim | **Hemmesi** | **37,5** | **31,3** | **28,0** | **26,3** | TürkmenStat |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 28,5 | 24,3 | 20,1 | 18,2 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 47,2 | 39,2 | 36,2 | 32,7 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 29,8 | 23,7 | 20,1 | 22,0 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 37,3 | 32,7 | 30,3 | 28,5 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 42,3 | 34,8 | 30,8 | 27,2 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 35,3 | 28,9 | 25,5 | 25,5 | |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 35,3 | 28,1 | 25,4 | 23,2 | |
| | | | | | Oba | 38,9 | 33,9 | 30,1 | 28,7 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **3.a** | Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň ähli ýurtlarda temmäkä garşy göreşmek boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň amala aşyrylmagyny zerur bolan ýagdaýynda işjeňleşdirmek | 3.a.1 | 15 ýaşdan başlap şahslaryň temmäkini ulanmagynyň ýaş boýunça standartlaşdyrylan ýaýrawy | Göterim | **Hemmesi** | **8,3** | **...** | **...** | **3,4** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| | | | | | şol sanda şäher/ oba: | | | | | |
| | | | | | Şäher | 9,0 | ... | ... | ... | |
| | | | | | Oba | 7,8 | ... | ... | ... | |
| | | | | | jynsy: | | | | | |
| | | | | | Erkek | 15,5 | ... | ... | 6,6 | |
| | | | | | Aýal | 0,6 | ... | ... | 0,5 | |
| **3.c** | Ösüp barýan ýurtlarda, aýratyn hem ösüşi has pes bolan ýurtlarda we adalarda ýerleşen ösüp barýan kiçi döwletlerde saglygy goraýşyň maliýeleşdirilişini we saglygy goraýyş işgärleriniň işe kabul edilişini, kämilleşdirilişini, hünär taýdan taýýarlanylyşyny we olary saklap galmaklygy düýpli ýokarlandyrmak | 3.c.1 | Ilatyň jan başyna düşýän lukmançylyk işgärleriniň sany we olaryň bölünişi | 1 000 sany adama | **Hemmesi** | **6,41** | **6,36** | **6,35** | **6,29** | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| **3.d** | Töwekgelçilikleriň öňüni almak, peseltmek, saglyk üçin milli we ählumumy töwekgelçilikleri düzgünleşdirmiek babatynda ähli ýurtlaryň, aýratyn hem ösüp barýan ýurtlaryň mümkinçiliklerini artdyrmak | 3.d.1 | Halkara lukmançylyk-sanitariýa kadalarynyň (HLSK) potensialy we jemgyýetçilik saglygy goraýşy babatda adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlyk | Ball | | ... | 84 | ... | ... | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **4-NJI MAKSAT. HEMME ZADY ÖZ IÇINE ALÝAN WE ADALATLY ÝOKARY HILLI BILIMI ÜPJÜN ETMEK WE HEMMELER ÜÇIN BÜTIN ÖMRÜŇ DOWAMYNDA OKAMAK MÜMKINÇILIGINI HÖWESLENDIRMEK** | | | | | | | | | | |
| **4.2** | 2030-njy ýyla çenli ähli gyzjagazlara we oglanjyklara ýokary hilli ösüş ulgamlarynyň, kiçi ýaşdaky çagalara olaryň başlangyç bilim almaga taýýar bolmaklary üçin alada etmegiň we mekdebe çenli okuwyň elýeterliligini üpjün etmek | 4.2.1 | Saglyk, okuw we ruhy-sosial abadançylyk babatynda kemçiliksiz ösýän bäş ýaşa çenli çagalaryň paýy, jyns boýunça bölünişiginde | Göterim | **Umumy** | **...** | **90,9** | **...** | **...** | Bilim ministrligi |
| | | | | | Erkek | ... | 91,0 | ... | ... | |
| | | | | | Aýal | ... | 90,7 | ... | ... | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | ... | 89,6 | ... | ... | |
| | | | | | Ahal welaýaty | ... | 96,7 | ... | ... | |
| | | | | | Balkan welaýaty | ... | 90,0 | ... | ... | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | ... | 86,9 | ... | ... | |
| | | | | | Lebap welaýaty | ... | 93,0 | ... | ... | |
| | | | | | Mary welaýaty | ... | 89,9 | ... | ... | |
| | | 4.2.2 | Okuwyň guralan görnüşlerine gatnaşyk derejesi (resmi mekdep ýaşyna bir ýyl galanda) jyns boýunça bölünişiginde | Göterim | **Umumy** | **...** | **46,2** | **...** | **...** | Bilim ministrligi |
| | | | | | Erkek | ... | 46,7 | ... | ... | |
| | | | | | Aýal | ... | 45,6 | ... | ... | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | ... | 91,6 | ... | ... | |
| | | | | | Ahal welaýaty | ... | 37,4 | ... | ... | |
| | | | | | Balkan welaýaty | ... | 63,8 | ... | ... | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | ... | 25,0 | ... | ... | |
| | | | | | Lebap welaýaty | ... | 54,2 | ... | ... | |
| | | | | | Mary welaýaty | ... | 41,2 | ... | ... | |
| **4.5** | 2030-njy ýyla çenli bilim ulgamynda gender deňsizligini ýok etmek we ilatyň aýratyn goralmagy zerur bolan toparlary, şol sanda maýyplar, ýerli halklaryň wekilleri we aýratyn goralmagy zerur bolan çagalaryň ähli derejede bilim almaga we tehniki-hünärment taýýarlygyna deň elýeterliligini üpjün etmek | 4.5.1 | Deňligiň indeksi (aýallaryň we erkekleriň, şäher we oba ýaşaýjylaryň, maýyplaryň, maglumatlaryň barlygyna baglylykda) | Koeffisiýent | Başlangyç bilim (1-4 synplar) | 0,96 | 0,96 | 0,96 | 0,96 | TürkmenStat |
| | | | | | Esasy we umumy orta bilim (5-12 synplar) | 0,96 | 0,96 | 0,96 | 0,96 | |
| | | | | | Orta hünär bilimi | 1,1 | 1,1 | 1,2 | 1,3 | |
| | | | | | Ýokary hünär bilimi | 0,6 | 0,6 | 0,6 | 0,6 | |
| **4.a** | | 4.a.1 | | Göterim | **Elektroenergiýa** | **100** | **100** | **100** | **100** | Bilim ministrligi |
| | | | | | şol sanda: Şäher | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Oba | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4.a | Ähli çagalaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň bähbitlerini we gender jähtlerini hasaba alýan okuw mekdeplerini döretmek we kämilleşdirmek hem-de hemmeler üçin okuwyň howpsuz, sütem etmelerinden we durmuş päsgelçiliklerinden azat gurşawyny üpjün etmek | 4.a.1 | a) elektroenergiýa; b) okuw maksatly Internete; ç) okuw maksatly kompýuterlere; d) maýyp okuwçylar üçin uýgunlaşdyrylan infrastruktura we materiallara; e) iň az zatlar bilen üpjün edilen aýry hajathanalara; ä) el ýuwmak üçin esasy serişdelere («Hemmeler üçin suw üpjünçiligi, sanitariýa we gigiýena» (HSSG) başlangyjynyň görkezijileriniň kesgitlemelerine laýyklykda) elýeterliligi bolan mekdepleriň göterim paýy | Göterim | Daşoguz welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | Bilim ministrligi |
| | | | | | Lebap welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | **Okuw maksatlary üçin Internet** | **18,7** | **21,7** | **23,2** | **28,2** | |
| | | | | | şol sanda: Şäher | 78,1 | 77,1 | 73,3 | 68,6 | |
| | | | | | Oba | 21,9 | 22,9 | 26,7 | 31,4 | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 51,8 | 49,0 | 46,7 | 46,1 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 17,4 | 19,0 | 19,4 | 19,5 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 32,5 | 32,3 | 32,3 | 34,5 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 14,7 | 20,4 | 25,7 | 31,2 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 20,5 | 26,7 | 27,0 | 43,0 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 5,8 | 5,8 | 5,7 | 5,7 | |
| | | | | | **Okuw maksatlary üçin kompýuterler bilen** | **99,2** | **99,1** | **99,3** | **99,2** | |
| | | | | | şol sanda: Şäher | 30,3 | 33,1 | 33,7 | 34,0 | |
| | | | | | Oba | 69,7 | 66,9 | 66,3 | 66,0 | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 100 | 99,3 | 99,3 | 99,4 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 97,3 | 97,4 | 98,3 | 97,4 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 99,4 | 99,4 | 99,4 | 99,4 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 99,4 | 99,6 | 99,8 | 99,8 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 99,5 | 99,5 | 99,5 | 99,5 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 99,2 | 99,0 | 99,0 | 99,0 | |
| | | | | | **Aýrybaşga, iň pes derejede enjamlaşdyrylan hajathana bilen** | **100** | **100** | **100** | **100** | |
| | | | | | şol sanda: Şäher | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Oba | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | şol sanda sebitler: | | | | | |
| | | | | | Aşgabat ş. | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Ahal welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Balkan welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Daşoguz welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Lebap welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| | | | | | Mary welaýaty | 100 | 100 | 100 | 100 | |
| 4.c | | 4.c.1 | | Göterim | **Mekdebe çenli edaralarda** | **82,5** | **82,7** | **82,8** | **83,2** | TürkmenStat |
| | | | | | olardan: aýallar | 95,8 | 95,5 | 95,4 | 95,6 | |
| | | | | | erkekler | 4,2 | 4,5 | 4,6 | 4,4 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **4.c** | 2030-njy ýyla çenli ýokary hünärli mugallymlaryň sanyny ep-esli artdyrmak, şol sanda bu işi ösüp barýan ýurtlarda, aýratyn hem ösüşi has pes bolan ýurtlarda we adalarda ýerleşen ösüp barýan kiçi döwletlerde halkara hyzmatdaşlygy arkaly amala aşyrmak | 4.c.1 | Işe başlamadyk ýa-da işleýän döwründe şol ýurtda degişli derejede minimal mugallymçylyk (mysal üçin, pedagogik) hünär taýýarlygyny geçen mugallymlaryň göterim paýy: a) mekdebe çenli edaralarda, b) başlangyç mekdepde, ç) orta mekdepde. Jynsy we beýleki alamatlar boýunça (eger bar bolsa) bölünişikde | Göterim | **Başlangyç mekdepde** | **100,0** | **99,9** | **99,9** | **99,9** | TürkmenStat |
| | | | | | olardan: aýallar | 83,0 | 82,6 | 82,6 | 82,6 | |
| | | | | | erkekler | 17,0 | 17,4 | 17,4 | 17,4 | |
| | | | | | **Başlangyç mekdepde** | **99,9** | **99,8** | **99,8** | **99,9** | |
| | | | | | olardan: aýallar | 62,0 | 60,4 | 60,5 | 60,7 | |
| | | | | | erkekler | 38,0 | 39,6 | 39,5 | 39,3 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **8-NJI MAKSAT. ÖŇEGIDIŞLIKLI, HEMME ZADY ÖZ IÇINE ALÝAN WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞE, DOLY WE ÖNDÜRIJILIKLI IŞ BILEN ÜPJÜNÇILIGE HEM-DE HEMMELER ÜÇIN MYNASYP IŞI ÜPJÜN ETMÄGE ÝARDAM BERMEK** | | | | | | | | | | |
| **8.2** | Diwersifikasiýa, tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we innowasion iş arkaly, şol sanda ýokary goşulan gymmaty bolan pudaklara we zähmeti köp talap edýän pudaklara aýratyn üns bermek ýoly bilen, ykdysadyýetde öndürijiligi ýokarlandyrmagy gazanmak | 8.2.1 | Iş bilen meşgul bir adama düşýän hakyky JIÖ-niň her ýyldaky ösüş depgini | Göterim | - | 106,0 | 106,2 | 108,6 | 103,4* | TürkmenStat |
| **8.3** | Öndürijilikli işe, mynasyp iş ýerlerini döretmäge, telekeçilige, döredijilige we innowasion işe ýardam edýän, ösüşe gözükdirilen syýasaty alyp barmaga ýardam bermek hem-de has kiçi, kiçi we orta kärhanalaryň resmi taýdan ykrar edilmegini höweslendirmek, şol sanda bu işi olar üçin maliýe hyzmatlaryny elýeter etmek arkaly alyp barmak | 8.3.1 | Oba hojalygyna degişli bolmadyk bölekde resmi däl iş bilen meşgullygyň paýy; maglumatlar jyns boýunça bölünýär | Göterim | Erkek | 17,4 | 17,4 | 17,8 | 17,7* | TürkmenStat |
| | | | | | Aýal | 28,9 | 28,7 | 28,9 | 28,9* | |
| **8.5** | 2030-njy ýyla çenli ähli aýallar we erkekler, şol sanda ýaş adamlar we maýyplar üçin doly we öndürijilikli iş bilen üpjünçiligi hem-de mynasyp zähmeti we deň gymmaty bolan iş üçin deň hak tölenmegini gazanmak | 8.5.1 | Aýal-gyzlaryň we erkekleriň ortaça zähmet haky; maglumatlar ykdysady işleriniň görnüşleri, ýaş we maýyplygy bolan şahslar boýunça bölünişiginde | Manat | **Hemmesi** | **1150,3** | **1256,8** | **1302,5** | **1503,2*** | TürkmenStat |
| | | | | | Erkekler | 1215,6 | 1323,0 | 1359,2 | 1567,7* | |
| | | | | | Aýallar | 1053,5 | 1163,2 | 1152,8 | 1411,3* | |
| | | 8.5.2 | Işsizligiň derejesi, jyns, ýaş, maýyplyk alamaty boýunça bölünişiginde | Göterim | **Hemmesi** | **4,3** | **4,5** | **4,8** | **4,8** | |
| | | | | | Erkekler | 4,9 | 4,8 | 5,1 | 5,1 | |
| | | | | | Aýallar | 3,6 | 4,1 | 4,4 | 4,4 | |
| **8.6** | 2020-nji ýyla çenli ýaşlaryň okamaýan, işlemeýän we hünär endiklerini öwrenmeýän möçberini düýpli azaltmak | 8.6.1 | Işlemeýän, okamaýan we hünär endiklerini öwrenmeýän ýaşlaryň (15-29 ýaşdaky) paýy | Göterim | | ... | 8,5 | 8,3 | 8,2 | TürkmenStat |
| **8.7** | Mejbury zähmetiň, häzirki zaman gulçulygynyň we adam söwdasynyň öňüni almak boýunça duýduryş çärelerini görmek | 8.7.1. | Çaga zähmeti bilen meşgul 5-17 ýaşdaky çagalaryň paýy, jyns we ýaş boýunça bölünişiginde | Göterim | **Hemmesi** | **...** | **0,3** | **...** | **...** | TürkmenStat |
| | | | | | Erkekler | ... | 0,5 | ... | ... | |
| | | | | | Aýallar | ... | 0,1 | ... | ... | |
| | | | | | Ýaşy: 5-11 | ... | 0,4 | ... | ... | |
| | | | | | 12-14 | ... | 0,5 | ... | ... | |
| | | | | | 15-17 | ... | 0,0 | ... | ... | |
| **8.8** | Zähmet hukuklaryny goramak we ähli zähmetkeşler üçin işiň ygtybarly we howpsuz şertlerini üpjün etmäge ýardam bermek | 8.8.1 | Ölümli we ölümli däl önümçilik şikeslenme, jyns boýunça bölünişiginde | Ýygylyk koeffi-siýenti | Betbagtçylykly ýagdaýlarda zyýan çekenler | 1,83 | 1,66 | 2,00 | 1,46 | TürkmenStat |
| | | | | | olardan aýallar | 0,14 | 0,27 | 0,22 | 0,22 | |
| | | | | | Betbagtçylykly ýagdaýlarda merhum bolanlar | 1,37 | 1,01 | 0,84 | 1,02 | |
| | | | | | olardan aýallar | 0,02 | 0,10 | 0,04 | 0,05 | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **10-NJY MAKSAT. ÝURTLARYŇ IÇINDE WE OLARYŇ ARASYNDA DEŇSIZLIGIŇ AZALDYLMAGY** | | | | | | | | | | |
| **10.1** | 2030-njy ýyla çenli kem-kemden ilatyň üpjünçiligi pes 40 göteriminiň girdejileriniň ýurt boýunça ortaça derejeden artyk ýokarlanmagyny gazanmak we saklamak | 10.1.1 | Iň az üpjünçilikli ilatyň 40 göteriminiň we tutuş ilatyň arasynda öý hojalyklaryň çykdajylarynyň ýa-da ilatyň jan başyna düşýän girdejileriniň ösüş depgini | Göterim | | 2015/ 2010 | 2016/ 2011 | 2017/ 2012 | 2018/ 2013 | TürkmenStat |
| | | | | | Ilatyň üpjünçiligi pes 40 göteriminiň arasynda girdejileriň ösüş depgini | 112,7 | 111,5 | 110,3 | 108,9 | |
| | | | | | Tutuş ilatyň arasynda girdejileriň ösüş depgini | 111,1 | 111,8 | 109,7 | 108,8 | |
| **10.2** | 2030-njy ýyla çenli ýaşyna, jynsyna, maýyplygyna garamazdan, ähli adamlaryň durmuş, ykdysady we syýasy durmuşa gatnaşmagyny kanunçylyk ýoly bilen goldamak we höweslendirmek | 10.2.1 | Mediana girdejisiniň 50 göteriminden girdejisi pes bolan ilatyň paýy | Göterim | - | 8,7 | 9,7 | 8,2 | 7,2 | TürkmenStat |
| **10.4** | Zähmet haky we durmuş taýdan goramak meselelerinde degişli syýasaty, aýratyn hem býujet-salgyt syýasatyny kabul etmek we kem-kemden has ýokary deňligi üpjün etmegi gazanmak | 10.4.1 | JIÖ-de zähmet töleginiň paýy | Göterim | - | 49,7 | 57,4 | 48,3 | 49,0* | TürkmenStat |
| **10.6** | Ählumumy halkara ykdysady we maliýe edaralarynda çözgütleri kabul etmekde has ýokary wekilçiligi we ses bermekde ýokary hukugy üpjün etmek | 10.6.1 | Türkmenistanyň wekilçiligi bolan halkara guramalarynyň sany | Birlik | - | 43 | 44 | 45 | 47 | Daşary işler ministrligi |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **13-NJI MAKSAT. HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI WE ONUŇ NETIJELERI BILEN GÖREŞMEK BOÝUNÇA GYSSAGLY ÇÄRELERI GÖRMEK** | | | | | | | | | | |
| **13.1** | Ähli ýurtlarda howply howa hadysalaryna we tebigy betbagtçylyklara garşylyk görkezijiligi we uýgunlaşmak ukybyny ýokarlandyrmak | 13.1.1 | Gös-göni heläkçiligiň netijesinde wepat bolanlaryň, nam-nyşansyz ýitenleriň we ejir çekenleriň sany, ilatyň 100 000 sany adamyna | 100 000 sany adama | 0 | 0 | 0 | 0 | | Goranmak ministrligi |
| **13.2** | Howanyň üýtgemegine baş galdyrmak çärelerini syýasata, milli derejedäki strategiýa we meýilnamalaşdyrmak işine goşmak | 13.2.1 | Betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça 2015 – 2030-njy ýyllar üçin Sendaý çarçuwaly maksatnamasyna laýyklykda betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça milli strategiýalary kabul eden we amala aşyrýan ýurtlaryň sany | Strategiýalaryň we meýilnamalaryň sany | 4 | 4 | 4 | 4 | | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **16-NJY MAKSAT. DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINDE PARAHATÇYLYK SÖÝÜJI WE AÇYK JEMGYÝETI GURMAGA ÝARDAM ETMEK, ADALATLYLYGYŇ HEMMELER ÜÇIN ELÝETERLIGINI ÜPJÜN ETMEK WE ÄHLI DEREJELERDE NETIJELI, HASABAT BERIJI WE GIŇ GATNAŞMAKLYGA ESASLANÝAN EDARALARY DÖRETMEK** | | | | | | | | | | |
| **16.1** | Sütem etmegiň ähli görnüşleriniň ýaýraýşyny ep-esli azaltmak we bütin dünýäde bu hadysa sebäpli ölümiň görkezijilerini peseltmek | 16.1.1 | Bilkastlaýyn adam öldürilmeginiň pidalarynyň sany, 100 000 sany adama jyns we ýaş bölünişiginde | 100 000 sany adama | - | 3,5 | 3,2 | 2,9 | 2,9 | TürkmenStat |
| **16.6** | Ähli derejelerde netijeli, hasabat beriji we aýdyň edaralary döretmek | 16.6.1 | Sektorlar boýunça bölünişiginde (ýa-da býujet klassifikasiýasynyň kodlary ýa-da degişli toparlar boýunça) ilki başda tassyklanan býujete hökümetiň ilkinji çykdajylarynyň göterim gatnaşygy | Göterim | **Hemmesi** | **90,0** | **86,5** | **96,4** | **99,9** | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| | | | | | şol sanda: Jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlary | 96,3 | 85,2 | 98,0 | 99,9 | |
| | | | | | Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary | 91,3 | 90,8 | 91,3 | 99,8 | |
| | | | | | Ykdysady iş bilen bagly döwlet hyzmatlary | 90,9 | 92,1 | 91,0 | 99,7 | |
| **16.7** | Ähli derejelerde wekilçilikli edaralar tarapyndan, jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň gatnaşmagynda jogapkär çözgütleriň kabul edilmegini üpjün etmek | 16.7.1 | Ýolbaşçy zenanlaryň paýy (ýaş bölünişigi boýunça) | Göterim | - | ... | 24,1 | 23,9 | 23,8 | TürkmenStat |
| **16.9** | 2030-njy ýyla çenli ähli adamlarda kanuny şahsyýetnamalaryň, şol sanda dogluş hakyndaky şahadatnamalaryň bolmagyny üpjün etmek | 16.9.1 | Raýat edaralarynda dogluşy bellige alnan 5 ýaşa çenli çagalaryň paýy, ýaş boýunça bölünişiginde | Göterim | **Hemmesi** | **...** | **99,6** | **...** | **...** | TürkmenStat |
| | | | | | 0-11 aý | ... | 98,1 | ... | ... | |
| | | | | | 12-23 aý | ... | 100 | ... | ... | |
| | | | | | 24-35 aý | ... | 100 | ... | ... | |
| | | | | | 36-47 aý | ... | 100 | ... | ... | |
| | | | | | 48-59 aý | ... | 100 | ... | ... | |

| Wezipäniň belgisi | Wezipäniň ady | Görkezijileriň belgisi | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Dezagregasiýa | Hasabat döwri | | | | Jogapkär ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 2015 ý. | 2016 ý. | 2017 ý. | 2018 ý. | |
| **17-NJI MAKSAT. AMALA AŞYRMAK SERIŞDELERINI PUGTALANDYRMAK WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINDE GLOBAL HYZMATDAŞLYGYŇ ÇÄKLERINDE IŞLERI IŞJEŇLEŞDIRMEK** | | | | | | | | | | |
| **17.1** | Salgytlary we beýleki girdejileri ýygnamak boýunça milli mümkinçilikleri ýokarlandyrmak üçin içerki çeşmelerden serişdeleriň jemlenmegini güýçlendirmek | 17.1.1 | JIÖ-e döwlet girdejileriniň umumy möçberiniň göterim gatnaşygy | Göterim | | 16,6 | 12,8 | 17,9 | 13,9* | TürkmenStat |
| **17.3** | Goşmaça maliýe serişdelerini jemlemek | 17.3.1 | JIÖ-e daşary ýurt göni maýa goýumlary (DÝGMG) | Göterim | | 9,2 | 5,2 | 4,0 | ... | TürkmenStat |
| **17.6** | Ylym, tehnika we innowasiýalar ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny we degişli gazanylan üstünlikleriň elýeterligini giňeltmek; şol sanda bar bolan mehanizmleri utgaşdyrmagy gowulandyrmagyň netijesinde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde we tehnologiýalary alyşmaga ýardam etmegiň global mehanizminiň kömegi arkaly özara ylalaşylan şertlerde bilimleri alyşmagy işjeňleşdirmek | 17.6.2 | Internetden peýdalanyjylaryň sany | Birlik | | 2 151 363 | 2 394 753 | 2 004 924 | 2 291 739 | TürkmenStat |
| **17.11** | 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň eksportyny ep-esli artdyrmak | 17.11.1 | Eksportyň ösüş depgini | Göterim | | 61,5 | 61,8 | 103,6 | 149,6 | TürkmenStat |
| **17.17** | Döwlet-hususy bölek hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmek | 17.17.1 | JIÖ-niň möçberinde döwlete dahylsyz bölegiň (Ýangyç-energetika toplumy hasaba almazdan) paýy | Göterim | | 68,0 | 68,6 | 68,5 | 68,5 | TürkmenStat |

*Deslapky maglumatlar